# Kapyrlaryň Süreninde

*Hakykatyň gözleginde*



# „Durmuşda ölümden soň imandan başga hiç zat kömek etmeýär“.

*Yslamyň ösen paýtagty bolan Müsürde sekiz musulmanyň üýtgeşik başdan geçiren wakalary, olaryň tä hakykaty tapýançalar, gözleglerini yhlas bilen nähili dowam edendikleri barada okaň.*

Musulman janköýeri mesihilere degişli dükanlary we öýleri näletleýär we olary talaýar. Haçanda ol ybadathana kürsäp girende, onuň mesihilere bolan ýigrenji ýetjek derejesine ýetýär. Soňra ol „ýalan taglymaty“ paş etmek üçin, Mukaddes Kitaby okamagy ýüregine düwýär. Emma Mukaddes Ýazgylarda özüne aýan bolýan Şol Biri onuň ýüregini üýtgedýär we ol özüne täze at saýlaýar: Pawel.

Çuňňur öwrenmezden haýsy diniň dogrudygyny ýa-da nädogrydygyny yglan etmek gaty bir ýeňil däldigine düşünen iki sany musulman dost haýsy ynamyň hakykatdygy barada anyk soraglar berýärler. Olar hakyky Hudaýy tapmak üçin yhlas bilen ýadamazdan öz gözleglerine başlaýarlar. Köp sanly ukysyz gijelerden soň, käte jogapsyz soraglaryň toplumyna düşüp, ahyrynda öz gözlegleriniň Maksadyny tapýarlar.

Leýla atly ýaş gyz mesihilige degişli soraglar berendigi üçin kakasy we mugallymy tarapyndan urlup ýenjilýär, emma muňa garamazdan, ol öz Jogabyny tapýar.

Musulman wagyzçysy Ybraýym tutuş ýüregi bilen Muhammede eýermek isläp, öz öýünden mesihi kitaplaryny çykaryp zyňýar. Biraz soň Ybraýym Hudaý bilen rahatlyk tapanda, onuň maşgalasy we dostlary ondan ýüz öwürýärler.

# Kapyrlaryň süreninde

*Hakykatyň gözleginde*

http://kitabi-knigi.com

Originally published in English as *Into the Den of Infidels © 2003*
Published by Living Sacrifice Book Company. All rights reserved.

© 2011 for the Turkmen Edition.
Translated by permission. All rights reserved.

*Atamyz Ybraýymyň hemme ýerdäki ogullaryna*

*Ysmaýylyň ogullaryna, Yshagyň ogullaryna,*

*Gözel Hajaryň we söýgüli Saranyň ogullaryna*

*Ybraýymyň dargan ogullaryna,*

*bir ýere ýygnanyp, birikmäge çen boldy.*

*Darganlary kim birikdirip biler?*

*Kim kalplary üýtgedip, Ruhy täzeden oýaryp biler?*

*Kim parahatlyk, rehim hem söýgi getirip biler?*

*Gögi ýeri kim ýaraşdyryp biler?*

*Adamy öz -özi bilen ýaraşdyrar?*

*Bu zatlaryň hemmesini edip biljek şol beýik ynsan kim?*

*Ybraýymyň ogullary, öňe!*

*Geliň, dikeldeliň, öweliň, guralyň we söýeliň.*

# Giriş

Azaşan ogluň, salgymyň ugruna maksatsyz köp aýlanyp ýörenden soň, ep-esli wagtlap ýitip gidip, ahlaksyz durmuşda ýaşandan soň, kakasynyň ýanyna dolanyp gelşi ýaly, Ysmaýylam bu gün öz atasy Ybraýymyň, hatda Ybraýymdan öň hem bar bolan Mesihiň ýanyna dolanyp gelýär. Mesih dünýä döredilmezden öňem bardy.

Ysmaýyl göklerden gelip, ynsan keşbine Gireniň ýanyna dolanyp gelýär. Hawa, Hudaýym we meniň Halasgärim, Sen garyplara Hoş habary habar bermäge, ruhdan düşenleri galkyndyrmaga, ýesirlere azatlygy yglan etmäge we tussagdakylara azatlyk bermäge we olara külüň deregine gözellik bermäge, gaýgynyň deregine şatlyk bermäge we çykgynsyzlygyň deregine umyt bermäge geldiň.

Sen gadymky harabaçylyklary galdyrmaga we öňden bäri boşap duran köşkleri dikeltmäge, köp ýüzýyllyklar mundan ozal ýer bilen ýegsan edilip weýran bolanda, boş galan şäherleri täzelemäge hem-de azatlygy, parahatçylygy, şypany we söýgini yglan etmäge geldiň. Eý, meniň Hudaýym hem Halasgärim, Sen ähli halklary halas etmäge geldiň.

Biz, Ysmaýylyň ogullary, şeýle köp ýyllar Seni tanaman, Sen hakda hiç zat bilmän, diňe bir ençe gezekler Saňa garşy çykmak bilen çäklenmän, Saňa garşy göreşmän, eýsem, Saňa duşmançylykly hem garadyk. Emma Seniň biziň düşünjelerimizden ýokary bolan söýgiň bizi tapdy, dogry ýola saldy, bize rehim etdi we bizi arassalady.

Seniň söýgiň azaşan ogly öz atasynyň gujagyna gaýtaryp getirişi ýaly, nätijek bäbejigi öz ejesiniň göwsüne gaýtaryp getirişi ýaly, gark bolanyň özüni halas eden gämä getirilişi ýaly, bizi Seniň ýanyňa alyp geldi.

Meniň Hudaýym hem Halasgärim, biz bärde, biz Seni gözledik, Senem bizi tapdyň; biz soradyk, Senem jogap berdiň; biz Saňa ýalbaryp doga etdik, Senem biziň dogalarymyzy eşitdiň. Sen bizi ilki söýdüň.

Şol sebäpden hem, biz indi gullar däl-de, ogullar bolduk, ýesirler däl-de, azat adamlar bolduk. Biz ahlaksyzlar däl-de, dogry adamlar bolduk, Sen ýaly bolduk, – biz ähli halklary söýdük.

Biz Ysmaýylyň çagalary, „Hudaýyň dosty“ adyny alan atamyz Ybraýymyň ogullary. Biz indiki sahypalarda özümiziň ähli halklara bolan söýgimizi, şeýle hem öz buýsanjymyzy, Saňa tabynlygymyzy we wepalylygymyzy yglan etmegi makul bildik. Biz şahalardyrys, Sen bolsa Baldak, biz gelin, Sen bolsa, Giýewsiň.

Seniňki bolan
*Ysmaýylyň çagalary*

# Metjidiň Öňündäki Toba Geliş

Bu meniň mesihilige gelşimiň taryhydyr. Meniň adym Ybraýym. Men özümiň arap adyma diýseň guwanýaryn, sebäbi bu beýik nesilbaşynyň ady. Meniň täze adym Timoti, ýöne bu meniň Abu-Halyl lakamly Ybraýymdygymy, ýönekeý daýhanlaryň çagasydygymy üýtgetmeýär. Meni ýönekeýje, garypja öýde terbiýelediler. Bu öýde gamyş haly bolup hyzmat edýärdi we kerosin çyra ýanýardy. Men sapaklarymy kiçijik derýajygyň boýunda edýärdim we ak geýim geýýärdim, ony häzirem geýýärin.

Men kiçijikkäm, ejem elimden tutup, meni Kattab obasyna alyp gitdi. Ol ýerde şyh bize okamagy, ýazmagy we Gurhany ýatdan aýtmagy öwretdi. Ol her hepdäniň ahyrynda bizden 10 göterim töleg alýardy. Kattabda meniň aňym we kalbym Hudaýyň, gögüň hem ýeriň Ýaradyjysynyň öňünde tabynlykdan doldy.

Men orta mekdebe geçenimde, metjitdäki mistiki gulluklar bilen köpräk gyzyklanyp başladym. Men sufileriň toparlarynyň mistiki sapaklaryna gatnap başladym. Biz: „Eý, Hudaýyň pygamberi, kömek et!“ – diýip, gaýtalamadan ýaňa özümiziň nirededigimizi unudýançak, Muhammet pygamberi şöhratlandyrýardyk.

Bir gezek agşamky namazdan soň, meniň ýanyma iki sany erkek kişi geldi-de, özlerini tanyşdyrdy. Biriniň ady Muhammetdi, beýlekisiniň ady Süleýmandy.

Olar takwalyk bilen maňa salam berdiler. Men olarda aňrybaş mähirliligi we ýürekden çykýan Hudaýyň göwnünden turma islegini gördüm. Olar meni öz dostlary bilen tanyşdyrdylar. Olar biri-birilerini gowy görýärdiler we biri-birini Hudaýa tabyn bolmaga

ruhlandyrýardylar. Olaryň agzybirligi meni haýran galdyrdy. Olar biziň şäherimizdäki ýaşlaryň ýokary gatlagyndandylar. Olar meniň wepalylgymy we gürleme ukybymy görüpdirler.

Biziň toparymyz her aýyň birinji duşenbe gününde duşuşýardy, şonda emiriň wagzynden soň, men çykyş edýärdim. Men bary-ýogy 14 ýaşymdakam, metjitlerde göni wagyz edip başladym. Men wagyz etmeklik gowy zatdyr öýdýärdim. Şafaý ymam bary-ýogy alty ýa-da dokuz ýaşlaryndaka, dini maslahatlary beripdir. Metjitdäki ilkinji wagzymyň Pygamberiň doglan gününi nädip gowy baýramçylyk edip bellemelidigi hakda bolany ýadyma düşýär. Biz iň ownuk-uşak zatlarda, mysal üçin, ýöreýiş hereketlerde, gürlemekde, namaz okamakda, iýmekde, içmekde, geýinmekde we.ş.m. zatlarda, Muhammet pygambere eýerip, oraza tutduk, metjitde bile naharlandyk.

Men ol adamlara köp zatda bergilidirin, sebäbi olar meni köpräk okamaga, gözlemäge we seljermäge ruhlandyrdylar. Bu bolsa, meni häzir nirede duran bolsam, şol ýere hem getirdi. Bir gezek dostum meniň kakama: „Ybraýym Sünni toparynyň dokladçylarynyň biri, ol açyk ýörişlerine we gizlin duşuşyklaryna gatnaşýar“ – diýdi. Men muňa gaty haýran galdym we gynandym, sebäbi bu adamyň özi meni yslamyň çagyrşyny eşidip, „Musulman doganlar“ toparyna girmäge ilki bolup çagyrypdy. Biz bir metjitden beýlekisine baryp, yslamyň çagyrşyny wagyz edýärdik. Men öz edýän wagyzlaryma kakamyň hem gatnaşmagyny mydama isleýärdim.

Meniň syrym paş edilenden soň, kakam pikirimi üýtgedip, bu topardan gitmegime umyt baglap, maňa köp duýduryş berdi, hatda haýbatam atdy. Biziň toparymyz Muhammet atly habarça belli boldy. Ol biziň ähli duşuşyklarymyzy synlaýardy we topardaky täzelikleri bilýärdi-de, Döwlet howpsuzlyk bölümine habar berýärdi. Ol biziň eden gürrüňlerimiziň hemmesini plýonka ýazyp, ýerli bölüme berýärdi. Men özümiň metjitdäki çykyşlarymy Muhammediň ýazýanyna guwanýardym.

Başga bir tarapdan, kakamam, menem, Döwlet howpsuzlygynyň öz adymy bilenine nägile bolýardyk. Kakam meniň howpsuzlygym üçin gaty biynjalyk bolany sebäpli, metjide „Musulman doganlar“ toparynyň ýanyna baryp, ol ýerdäkileriň hemmesiniň üstlerine

gygyryp, meni günüme goýmaklaryny sorady. Soň hem, meni urup, dişlerimi döwdi. Alyn dişlerimiň biri „Musulman doganlardaky“ günlerimden ýatlama hökmünde, entegem, döwülgi dur.

Kakam ömrümde birinji gezek meniň dini kitaplarymyň hemmesini ýakdy. Ol meni juda alada edýärdi we Sünni topar sebäpli ezýet çekmegimiň mümkindiginden gorkýardy. Ol hatda, eger mundan beýläk Sünni metjidine gitsem, onda ejem bilen aýrylyşjakdygyny aýdyp, maňa haýbat atdy. Men ondan metjide girmän, „Musulman doganlaryň“ şyhlarynyň aýdýan zatlaryny eşidip biler ýaly, metjidiň ýanynda oturmaga rugsat bermegini soradym. Ol meniň bilen özüniň hem gitmelidigi şerti bilen muňa razy boldy. Biz gapynyň ýanynda oturdyk, şeýdibem, men aýdylan zatlary ünsli diňledim.

Haýbatlar meni Yslam Çagyryşyny ýaýratmakdan saklamady. Men mekdepde her gün ertirine köpçüligiň öňünde yslam hakda gürrüň berip çykyş edýärdim. Men öz uýama perenji geýmäge mejbur etdim. Men Kyýamat Gününde Hudaýyň özümi jezalandyraryndan, has takygy, gulagyma eredilen gurşun guýmaklaryndan gorkýanym sebäpli, aýallar bilen elleşip salamlaşmagy we aýdym diňlemegi bes etdirdim. Gurhanyň we Sünniniň düzgünlerini soňky harpjagazyna çenli jikme-jik ýerine ýetirýändigim sebäpli, goňşularym üstümden gülüp hezil edýärdiler. Meniň günäm däl: maňa Yslamyň wajypdygyny we islendik ýaş hem islendik ýurt üçin güýjüniň bardygyny, şol sebäpden hem, Yslamyň ähli meseleleriň çözgüdi bolup durýandygyny öwretdiler.

Yslamy ýaýradyp ýörşüme, jennete hemmämiz bile girer ýaly, mesihi dostlarymyň hemmesini-de, Yslama getireýin diýip pikir etdim. Eger şol wagt menden özümiň mesihiler hakdaky pikirimi soran bolsaňyz, onda olaryň politeistdiklerini we kapyrdyklaryny aýdardym, emma Gurhanyň başga zady öwredýäniniň üstüni özüm üçin özüm açdym.

Gurhanyň süresinde, 5:82-de şeýle diýilýär:

> „Iman getirenlere iň uly ýamanlyk kylyjy adamlaryň ýahudylar we müşrik (köphudaýlylar) kimselerdigini görýärsiňiz. Iman getirenlere iň ýakyn dost bolanlar bolsa, „Biz nasranylar“

diýýän kişilerdigini görýärsiňiz. Onuň sebäbi hem, olaryň arasynda alymlar we rahyblar (monahlar) bardygy we olaryň kibr – howa (öwünjeňlik) kylmazlyklarydyr".

Şu aýatdan çen tutsaň, Gurhan mesihileri imansyzlardan tapawutlandyrýar. Eger mesihiler kapyr bolan bolsalar, onda Gurhan olary-da imansyzlar bilen deň derejede goýardy.

Gurhanyň süresinde, 2:62-de şeýle diýilýär:

„Elbetde, iman getirenler, ýahudy bolanlar, nasyranlar we sabylar (perişdelere sygynýanlar) – (olardan) haýsylary Alla, ahyrýet gününe ynansa we ýagşy amallar kylsa, şolara Perwerdigär öňünde serpaý bardyr we olar üçin howp-hatar, gam-teşwüş ýokdur".

Men mekdepde duş gelýän, goňşuçylykda ýaşaýan mesihileri Yslamyň hakyky dindigine ynandyrmaga çalyşýardym. Men hatda, olary Yslama getirme maksady bilen mesihileriň käbirleri bilen hat hem ýazyşýardym. Netijede nämäniň dogrudygyny, nämäniň nädogrudygyny, nämäniň Hudaýyň ýoludygyny, nämäniň şeýtanyň ýoludygyny bir gezekde hemişelik öwrenmek üçin Yslam bilen Mesihiligi deňeşdirme höwesi uludan döredi.

Men iki ýyl göreşdim. Men bu içki söweşiň soňuna nokat goýma, mesihilik kitaplaryny okamagy bes etme we Muhammet pygamberiň göreldesine eýerip, her gün irden Gurhany okama kararyna köp gezek geldim. Men asudalyk tapyp, diňe hakyky diniň üsti bilen Hudaýa tabyn bolmak isleýärdim. Şonuň üçin men ýeke-täk Hudaý Alla wepaly bolan hakyky musulman bolmak üçin özümiň mesihilik kitaplarymyň hemmesinden saplandym.

Emma Hudaý meni günüme goýmady. Onuň Mukaddes Ruhy meni ýatmaga goýmady. Men ýatan wagtymda gaharlanýan boldum. Meni wyždanym howsala salýardy. Uzakly gijeler ýatyp bilmeýärdim. Meni: „Eger Muhammet, dogrudanam, Pygamberleriň Möhüri bolýan bolsa, onda näme sebäpden, ahyr zamanada adalatly kazy bolup, Muhammet däl-de, Mesih gelýär?" – diýen sorag gynaýardy. Şunuň ýaly ýagdaýda, Mesih däl-de,

Muhammet Hököm Gününiň alamatlarynyň biri bolardy. Men Mesihiň beýleki pygamberleriň hemmesinden beýik bolmagynyň syrynyň nämededigi, Onuň näme sebäpden taryhyň merkezi bolandygy hakda pikirlendim. Eýsem, biz haýsydyr bir taryhy wakanyň Mesih dogulmazyndan öň ýa-da Ol doglanyndan soň bolandygyny aýtmaýarysmy? Isa, Meryemiň Ogly, Seniň şöhratyň syry nämede?

Şu we başga-da köp soraglar meni Mesih bilen Muhammediň deňeşdirmäge mejbur edýärdi. Men olary deňeşdirip, telim wagtymy geçirýärdim. Şonda bu deňeşdirmäniň, hatda Gurhanyň özünde-de, adalatsyzdygyna düşündim. Gurhanda biz Mesihiň beýleki pygamberler we wagyzçylar ýaly, Hudaýdan günä ýa-da ýazyk üçin ötünç soraýanyny tapmaýarys. Mesih: „Siziň haýsyňyz maňa günä ýöňkäp bilersiňiz?“ (Ýahýa 8:46) – diýip soramak bilen ýehudy ýolbaşçylarynyň garşysyna çykanda mamlady. Ýehudylar zynada aýyplanylýan aýaly tutanlarynda hem, Isa olary ýalan takwalykda aýyplap: „Siziň araňyzda kimiň günäsi ýok bolsa, bu aýala daşy ilki şol atsyn“ (Ýahýa 8:7) diýdi.

Başga bir tarapdan, Muhammediň öz günäleri, imansyzlara bolan duşmançylyklary bolan beýleki adamlar ýaly adam bolandygyny men Gurhandan bildim. Ol ölümli adamdy. Gurhanda şeýle diýilýär:

> *Süre: 47:19*
> Bes, (eý, Muhammet), hiç hili ylah ýok, meger, (diňe) Allanyň bardygyny biliň we öz günäňiz, möminleriň we mömin aýallaryň günäleri üçin geçirim soraň!
>
> *Süre: 48:2*
> Öz merhemetini sende tamamlamak üçin we saňa gönümel buýruk bermek üçin, Alla seniň günäleriň sebäpli bolan zatlary, soňraky bolan zatlary bagyşlady.
>
> *Süre: 17:74*
> Eger biz sizi (hak ýolda) gutly gadam etmedik bolsak, siziň olara birsalym maýyl bolmagyňyz ahmaldy.

Ymam El-Suoti özüniň Gurhana beren düşündirişinde bu Sürede, 17:74-de näme sebäpden şeýle diýilýändigini düşündirýär. Karz taýpasyndan bolan Kaabanyň ogly Muhammediň aýdyşy ýaly, Muhammet pygamber 53-nji süräni getirip: „Siz „Loty“ we „Uzzany“ (butlaryň atlary) gördüňiz“ diýýär, soň şeýtan ony musulmanlaryň oňa tagzym edip we butlardan gorag sorap biljekdiklerini aýtmaga mejbur edýär. Şeýdip, bu Gurhanyň aýady bolup galýar.

Muhammet pygamber bolan zada gaýgylanýar, Hudaý ony başga aýat bilen ruhlandyrýar:

*Süre: 22:52*
(Eý, Muhammet), Biziň sizden öň iberen her bir pygamberimiz – ilçimiz bar bolup, haçan (olardan biri özüne hasyl kylnan aýatlary) kyrat etse, şeýtan onuň kyratyna (aýat bolmadyk sözleri) oklandyr (goşjak bolandyr). Bes, Alla şeýtanyň oklan närsesini bikär eder, soňra Alla Öz aýatlaryny mustekam kylar (pugtalandyrar). Alla ylym we hikmet eýesidir.

Bu *17-nji süräniň 73-74* – aýatlarynyň esasy boldy:

(Eý, Muhammet, müşrikler) sizi Bize garşy (waýyhdan) özge zatlary toslap aýtdyrjak bolup, Biziň size inderen aýatlarymyzdan aldap sowmaga golaýlaşdylar. Ol ýagdaýda (ýagny olaryň ýol-ýorgutlaryna eýerseňiz), sizi dost tutunardylar.

Eger biz sizi (hak ýolda) gutly gadam etmedik bolsak, siziň olara birsalym maýyl bolmagyňyz ahmaldy.

Eger Hudaýyň öňdengörüjiligi bolmadyk bolsa, onda Mesihiň imansyzlara goşulmagynyň mümkindigi hakda gürrüň berýän aýadyň ýekejesinem men Mukaddes Kitapdan tapyp bilmezdim. Öwrenen zadymyň kömegi bilen men bu faktyň sebäbiniň Mesihiň Hudaýyň Sözi bolup durýandygyny bildim. Başda grek dilinde ýazylan Täze Äht Mesihiň „Hudaýyň Söz bolup tene giren akly“ manysynda Hudaýyň Ogly bolup durýandygyny aýdýar. Mesih –

Hudaýyň akly. Hudaý we Hudaýyň akly – bir bitewilik, aýrylmaýan bir tebigat.

Mesih tene giren Söz, tende aýan bolan Hudaý. Onuň hudaýlyk tebigaty Özüniň ynsalyk tebigatyndan hiç haçan, ýejeke sekuntlygam, ýekeje minutlygam aýra bolmady.

Bu pikirleriň hemmesi maňa rahatlyk bermedi we ýüregimde göreşdi. Men Hudaýyň imansyzlaryň üstünden injek gazabyndan gorkýardym. Men Hudaýa doga etmek üçin dyza çöküp, çyn ýürekden: „Eň, Taňrym, maňa hakykaty aýt. Eger Muhammet mamla bolsa, onda men ölýänçäm, onuň yzyna eýerjek. Men her neneň tölege düşýän bolsa-da, bütin ömrümi Saňa berjek we bütin ömrüme Saňa gulluk etjek“ – diýdim.

Isa düýşümde görnüş bolup, öz ýanyma gelýänçä, men bu dogany etmegimi dowam etdirdim. Şonda Ol Özüniň mähirli sesi bilen: „Men seni söýýärin“ – diýdi. Men Mesihiň tükeniksiz söýgüsi we bizi halas etjek we günälerimizden saplajak bolup, haçdaky pida edijilikli ölümi hakda pikirlendim. Meniň ýüzümden gözýaşlar akdy. Menem Mesihe: „Men Seni söýýärin. Men Seni tanaýaryn. Seniň alfa we omegadygyňy bilýärin. Seniň ebedidigiňi, Seniň başlangyç hem soňdygyňy bilýärin“ – diýdim.

Men gaty şatlandym, edil kiçijik çaga ýaly, Hudaýy şöhratlandyrdym. Adalatly Kazy bolany üçin Hudaý, biz dowzahda ebedi ýanmaz ýaly, Öz Ogluny biziň ugrumyzda ölmeklige taýýarlapdyr. Biz Gudratygüýçli Hudaýyň aýalda Oglunyň bardygyny aýdamzok – Hudaý saklasyn! Biz şeýle diýýän islendik adamy imansyz hasaplaýarys. Hudaýda hiç haçan aýaly ýa-da fiziki manysyndaky ogly bolmandy. Biz Mesihiň Hudaýyň Ogludygyny, edil nurdan nuruň dogluşy ýaly manysynda aýdýarys. Ol ruhy Ogul. Müsürliler bizi „Niliň ogullary“ – diýip atlandyrýar, ýöne biz Niliň öýlenendigini aýtmaýarys.

Biz Iman Nyşanynda: „Biz ýeke-täk Reb Isa Mesihe, asyrlardan owal Atasyndan doglan Hudaýyň Ogluna, Hudaýdan bolan Hudaýa, Nurdan bolan Nura, hak Hudaýdan bolan, ýöne ýaradylmadyk hak Hudaýa, hemme zady ýaradan ýeke-täk Ata ynanýarys“ – diýýäris. Şol bir wagtyň özünde-de, biz Hudaýdan başga hudaýyň ýokdugyny, özümiziň ýeke-täk Hudaýa sygynýandygymyzy aýdýarys.

Birnäçe hepde geçenden soň, 1987-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda meni suwda çokundyrdylar. Kalbymyň jümmüşinde suwda çokundyrylmamyň özümiň ikinji dogluşym bolandygyny duýdum. Men eýýäm 16 ýyldan bäri mesihi. Men öz aýalyma ölenimde, gabrymyň üstündäki daşa: „Mesih Ýeňiji!“ – diýip ýazmaklaryny aýtdym.

Ýer ýüzündäki adamlaryň hemmesem ölümlidir. Pygamberleriň hemmesem gabyrhanalarda jaýlanan, biz olary bilýäris we olara baryp görýäris, ýöne diňe Mesihiň gabry boş dur, sebäbi Ol Jennetde, Ol ýeňiş gazanan Patyşadyr. Mesih Özüniň haçdaky ölümi arkaly ýeňdi. Saňa öwgi hem şöhrat bolsun, meniň söýgüli Isam!

Meniň dostum gündeligimi ogurlap, ony „Musulman doganlardaky“ Süleýmana beripdir. Süleýman bilen onuň ýaranlary maňa duzak gurmagy planlaşdyrypdyrlar. Olar meniň Mesihe bolan imanymy düşündirýän gündeligimi alyp, onuň nusgasyny köpeldipdirler-de, obamyň ýaşaýjylarynyň arasynda ýaýradypdyrlar. Bu galmagala meňzeş bir zat boldy, ýöne doganlary özüne ýamanlyk etmegi ýüreklerine düwenden soň, Ýusubyň: „Siz maňa ýamanlyk etdiňiz, emma Hudaý ýamanlygy ýagşylyga öwürdi“ (Gelip çykyş 50:20) diýşi ýaly boldy. Hudaýyň Sözi: „Biz ähli zatlaryň Hudaýy söýýänleriň, Onuň maksadyna görä çagyrylanlaryň bähbidi üçin birlikde işleýändigini bilýäris“ (Rimliler 8:28) diýýär.

Meniň maşgalamyň agzalary meniň şeýledigim üçin utandylar. Ejem adamlaryň arasyna baryp bilmedi. Adamlar oňa barmaklaryny çommaldýardylar, sebäbi onuň ogly mesihi bolup, ony masgara edipdi. Ejem Kyýamat Gününe çenli meni öz ogly hasaplamajakdygyny aýtdy. Öz maşgalamyň, ylaýta-da, ejemiň başyna inderen kemsidilme we biabraýçylykdan başga hiç zadam meni beýle gynandyryp bilmedi, ýöne men munuň üçin Mesihe bolan imanymdan ýüz öwrüp bilmedim.

Bir gezek ol meniň kelläme öz köwşi bilen urdy. Soň hem, ol gara eşik geýip, öz ogly Ybraýymyň ýasyny tutýanyny hemmelere aýtdy.

Bir gezek meniň ýene Yslama gaýdyp gelmegim üçin meni ýençjek hem gynajak bolup, obamyzyň ähli ýaşaýjylary ýygnanyşdylar. Olar

meni bütin maşgalamyň öňünde ýençdiler we depdiler. Ejem meni urmazlyklaryny ýalbaryp sorap, dyza çökdi, emma olar ony beýläk atyp goýberdiler. Görgüli ejem ýerde aglap ýatdy, olar bolsa, meniň maşgalamdakylara: „Siz bizi masgara etdiňiz!“ – diýip gygyrdylar. Bu bulam-bujarlygyň içinde obanyň şyhlarynyň biri: „Dinsizleriň ýoluny saýlasa ogly saýlapdyr, bu görgüli aýalyň günäsi näme?“ – diýip gygyrdy. Men Rebbe minnetdar, eger Ol bolmadyk bolsa, onda men bireýýäm ejir çekip ölen adam bolardym.

Mundan soň, dostlarymyň hemmesi menden gaçyp başladylar. Olar men sebäpli şäherde özleriniň abraýy gaçar öýdüp gorkýardylar. Men ýerli polisiýa bölüminiň we gözleg müdirliginiň meşhur „myhmany“ boldum. Men öz janymy gaýgy edip, köp gijeleri polisiýa bölüminde geçirmeli boldum. Bir gije obamyzyň ýaşaýjylary maşgalamyň ýaşaýan jaýynyň daşyna ýygnanyp, ony ýakjak boldular. Olar meniň mesihilik kitaplarymyň käbirlerini ýakdylar, polisiýa bolsa, edil neşe söwdagäriniň hususy zatlaryny konfiskasiýa edýän ýaly, kitaplarymyň galanlaryny konfiskasiýa etdi.

Men hiç hili mesihilk materialyny alyp bilmez ýaly, polisiýa bütin gije-gündiziň dowamynda biziň öýümiziň töwereginde nobatçylyk etdi. Hudaýyň Sözi meniň elime öz iýjek huruşlarym dolanan gazet sahypalary görnüşinde geldi. Bu kopt papasy Şenuudyň makalasynyň çap edilen ýeri bolan birinji sahypady. Ol: „Gorkma, Men seniň bilendirin“ (Gelip çykyş 26:24) we „Rebbiň Özi seniň öňüňden gider. Ol seniň bilen bolar. Ol seni hiç wagt ýeke taşlamaz, terk etmez. Gorkma we dowla düşme!“ (Kanun taglymaty 31:8) diýen ýaly köp aýatlary ýatladýardy.

Bu gudratdy we gökden gelen alamatdy. Bu gazeti maňa öýümiziň töweregini gurşap duran poliseýleriň synçy nazarlarynyň astyndan geçirip getirip berdiler. Bu özümiň hut çykgynsyzlyga düşüp, Hudaýyň kömegine şeýle mätäç bolan wagtymda meni ruhlandyrdy we keýpimi göterdi. Gazetiň bu sahypasyny okap bolan badyma, poliseý gapyny kakdy. Maşgala agzalaryndan biri meniň janymyň aladasyny edýändigi üçin gazeti elimden silkip aldy-da, ýakyp goýberdi. Özümiň teselli çeşmämden mahrum bolanym sebäpli, men diýseň gynandym, ýöne ertesi gün köçe bilen

barýarkam, edil şonuň ýaly gazetiň bir sahypasyny tapmagym, meni haýran galdyrdy, ol ýerde ýatan eken! Men her gün säher bilen sagat 4-de, ejem meni yslama gaýtaryp getirmegini diläp, Allany çagyranda oýanýardym.

Mesihiler maňa ejemden gymmat däl. Ejem, dogrudanam, meniň üçin islendik musulmandan, islendik mesihiden gymmat. Başga bir tarapdan, mende ejemden-de, janymdan-da, gymmat bolan Biri – Rebbim Isa Mesih – bar! Eger men Ony özümden-de gowy görmedik bolsam, onda Onuňka meňzeş ykbala mynasyp bolmazdym.

Ejem meni yslama getirjek bolup, elinden gelen zatlaryň hemmesini etdi. Ol meni jadylamagy üçin jadygöýüň ýanyna gitdi. Musulmanlar ruh Gurhana ynanýandyr öýdýärler. Jadygöý maňa täsirini ýetirip biler ýaly, hiç zadam edip bilmedi. Men ähli arwah-jynlaryň we ruhlaryň Gorkýanyna, Gudratygüýçli Hudaý Isa Mesihe doga edýärdim. Jadygöý ejeme: „Seniň ogluň özüniň hiç haçan çykmajak ýolundan gidip barýar“ – diýipdir.

Hudaý maňa köp alamatlary görkezdi we meniň durmuşymda köp gudratlar döretdi. Men olary ýatlanymda, olaryň özümi ruhlandyrýanyny we goldaýanyny duýýaryn. Olar meni ilkibaşdan alyp gaýdan we 16 ýyl mundan ozal şu ýere getiren Hudaýyň atalyk söýgüsiniň ýolundaky gazyklardyr. Hudaý meni hiç haçan ýekeje minutlygam terk etmedi.

*Ybraýym*

# Bereket Tap, Müsüriň Halky

Meniň adym Mozafar. Men 1969-njy ýylda doguldym. Men owadan şäherde ortaça durmuşda ýaşaýan maşgalanyň birinji çagasy. Men jogapkärçilikli çaga bolup ulaldym we beýleki çagalardan tapawutlanýardym. Men olar bilen az oýnaýardym we beýleki çagalar ýaly, köçede ygyp ýörmeýärdim.

Meniň kakam başga şäherde işleýärdi, şonuň üçin men özümiň iki inimiň – ortanjy Hasanyň we kiçi jigim Anwaryň aladasyny etmeli bolýardym. Men hepdäniň aglaba böleginde atanyň roluny oýnamaly bolýardym. Maşgalam we men uzak wagtlap asudalykda ýaşadyk. Biz ýeterlik derejede üpjün edilen maşgaladyk. Men hususy mekdebe barýardym. Musulman hökmünde biz namaz okaýardyk, oraza tutýardyk we fanatizmsiz ýa-da fundamentlizmsiz dini dessurlary ýerine ýetirýärdik.

Bir gezek meniň durmuşymda köp soraglar ýüze çykdy-da, olar durmuşymy dolulygyna üýtgetdi. Meniň durmuşym adaty durmuşda özgerişliklerden we garaşylmadyk sowgatlardan doly durmuşa öwrüldi. Bu men mekdebiň uly klaslarynda okap başlan günüm bolup geçdi. Bu döwür her bir adam üçin wajypdyr, sebäbi, meniň pikirimçe, bu döwürde her kim şahsyýet hökmünde özüni gözläp, ozal bolmaly zat ýaly sereden zadyna, tankydy nazardan seredip başlaýar.

Biziň hemmämizem öz dinimizi, dilimizi, reňkimizi we jynsymyzy nesilden miras aldyk. Bu faktorlar her neneň wajyp bolsalar-da, biziň hiç birimizem, şahsyýetiň emele gelmegi üçin olary saýlap almadyk. Olary Hudaýyň ýa-da başga birniň kömegi bilen ýeňip

geçmäge özümiz synanyşýarys. Mysal üçin biz musulmanlara ýewreýleri we mesihileri ýigrenmegi we musulmanlaryň tutuş ýer ýüzündäki iň gowy adamlardygyna ynanmagy öwredýärler. Başgalaryň (ýewreýleriň, mesihileriň we ş.m.) mamla bolmagynyň mümkindigini hiç kim göz öňüne-de getirip bilmeýär. Başgalaryň mamla bolmagynyň mümkindigi baradaky ideýa hiç haçanam bolmandy.

Öz miras alan zadymyzy barlamagyň ýa-da öz mirasymyzyň dogrudygyny şübhe astyna salmagyň üstünde örän az adamlar pikirlenmeýärler. Eger biz başgalardan (ýewreýlerden, mesihilerden we ş.m.) öz mirasyny öwrenmegi we ony düzetmegi sorasak, onda biz olaryň bimamladygyna doly ynanýandygymyzy, özleriniň mirasyny oýlanmazdan kabul edýändikleri sebäpli, olary kör hasaplaýandygymyzy aňladar. Eger başgalardan etmegi soraýan zadymyzy özümiz etsek, onda gowy bolardy (adamlaryň özüňe nähili garamagyny isleýän bolsaň, seniň hem olara şonuň ýaly garamagyň logika dogry gelýän zatdyr). Hakykaty açmaga synanyşmak üçin öz mirasymyzy seljermeklik nadanlygy we şöhratparazlygy üýtgetmek üçin, bize gowy zady gowulaşdyrmaga we has çeýe bolma mümkinçiligini bererdi diýip pikir edýärin. Hak Hudaý, elbetde, hakykaty, nury, ýagşylygy we gowy durmuşy gözleýän adamlary söýýär.

Täze mekdepde men köp okuwçylar bilen dostlaşdym, garaşylmadyk sowgatlaram köp boldy. Men özüm üçin ençe hakykatlary açdym. Men mekdebiň bütin taryhynyň dowamyndaky nesillerimizi ýatda saklarlar diýip pikir edýärin. Men Hudaýyň bardygyna ynanmaýan ateist okuwçylar, berk yslam fundamental toparlarynyň agzalary bolan okuwçylar we ýaşlygyndan lezzet alýan we gyzlardan başga hiç zat bilen gyzyklanmaýan başga okuwçylar bilen tanyşdym. Bular düýbünden başga adamlardylar. Men adaty, içgysgynç diýen ýaly durmuşdan, baý we mukdar hem hil taýdan uly böküş etdim.

Men telim okuwçylar we örän gysga wagtyň içinde özümiň ýakyn dostum bolan adam bilen tanyşdym. Özümiziň 16 ýyllyk dostlugymyzdan soň, şunuň ýaly dostlugy görmedik adamyň ömrüniň ahyryna çenli ýeke galýandygyna, gyzgyn aragatnaşyklar,

dostlukly gatnaşyklar, dogruçyllyk we wepalylyk hakda hiç zadam bilmejekdigine düşünýärin. Munuň ýaly adam hiç haçan başgalary tanamaýar, sebäbi ol özüni tanamaýar. Meni bagyşlaň: men dostluga örän gyzyklanma bilen garaýaryn.

Meniň täze dostum Bazil adamzat atamyz Adamdan we enemiz Howdan çykyp gaýdýan ýeke-täk çeşmesi baradaky pikirim bilen ylalaşdy. Şeýle hem, ol

doganlyk bilen dostlugyň adamzadyň ähli gatnaşyklaryna ýolbaşçylyk edýän duýgulardygyna ynanýardy. Bular ähli boş hyýallardan we ynamyň, diliň, deriniň reňkiniň, jynsyň we sosial synp hakyky päsgelçiliklerinden ýokary bolan duýgulardyr. Ol adatça, eger ähli adamlar hemmeleriň gelip çykyşynyň birdigi hakda oýlansalar, dünýäniň gowulaşjakdygyny, uruşsyz boljakdygyny, açlygyň we göreşleriň bolmajakdygyny aýdýardy. Dünýäniň içinde parahatçylyk, adalat, deňlik we azatlyk höküm sürýän ullakan bir maşgalanyň kiçijik öýi diýip aýdardy.

Bu düzgünler, hatda özümiziň emosional aragatnaşyklarymyzda hem bizi köp gyzyklandyrýardy. Bizde ruha gadyr goýýan we teniň islegine üns bermeýän hyýaly söýgi bardy. Biz ýetginjekdik – çaga ýürekli, arassa hem bilesigeliji idealistlerdik. Biz boş gije hem gündiz boş hyýallaryň arzuwyny edýärdik.

Bir zat okap, okan zadymyz hakda gürrüň edip, köp agşamlary geçirenimiz ýadyma düşýär. Biziň maşgalamyzyň ýaşaýan jaýyndan başga-da, öýi bardy. Bu öý biziň üçin gizlin ýer, Bazil ikimiziň telim wagtymyzy geçirýän ýerimiz boldy. Biz hat ýazýardyk, öz gowy görýän aýdymlarymyzy, her hili rugsat edilen we edilmedik kitaplary okaýardyk. Bizi gadagan edilen kitaplar has-da gyzyklandyrýardy diýip pikir edýärin. Bizi, Salah Janiniň „Hudaýym, eger jennetde diwar bar bolsa, onde meni ol ýere alma“ diýen ýaly kitaplara meňzeş gadagan edilen kitaplaryň özüne çekişi ýaly, çilimem, neşe-de özüne güýçli çekip bilmeýärdi.

Bazil köp soraglar bilen gyzyklanýardy. Ol yslamyň ýehudylyk bilen mesihiligiň gowy däldigini aýtmagynyň ähli dinleri, şol sanda yslamy hem weýran edýändigini aýdýardy. Men ondan: „Nädip? Yslam ýeke-täk „goralan din“ ahyry – diýip, Gurhandan meşhur sözleri getirip, oňa aýtdym:

*Süre: 15:9*
Elbetde, bu ýatlamany (Gurhany) Biziň Özümiz inderdik we şübhesiz Özümiz ony saklaýjylardyrys.

Ol: „Biz bu sözlere özümiz musulman bolanymyz üçin ynanýarys. Biziň hiç haýsymyz hyýanatçylyk ýagdaýyna obýektiw garamak islemeýäris. Mysal üçin, „Töwrady (Köne Ähti), Zebury we Mukaddes Kitaby (Täze Ähti) Hudaý iberdimi?“ – diýdi. Men: „Hawa“ – diýenimde, Bazil: „Kimdir biri Hudaýyň Sözüni doly ýa-da bölekleýin üýtgedip bilermi?“ – diýip sorady.

Men Hudaýyň sözlerini hiç kimiň üýtgetmändigini tassyklaýan aýatlary getirip, oňa aýtdym. Muny adamam, perişdelerem edip bilmeýär, sebäbi Hudaý gudratygüýçlüdir. Ol Öz kitaplaryny gorap biler ýaly derejede güýçlüdir.

Soňra Bazil: „Hudaýyň gudratygüýçlüdigine, Onuň sözlerini hiç kimiň üýtgedip bilmejekdigine sen ynanýarsyň. Şeýle bolsa, Ol bu hyýanatçylygyň Öz kitaplarynyň birinde däl-de, eýsem, hemmesinde bolmagyna ýol bermezmidi? Ol nädip Musanyň Töwrady, kitaplary indermegine, şeýle hem, Özüniň bir kitabyndan başga-da, kitaplarynyň hemmesinde şeýle bolmagyna ýol berip biler? Ol nädip Musa Töwrady berilmegine ýol berip bildi, ony üýtgetmekleri üçinmi? Ol Dawuda Zebury adamlaryň ony üýtgetmekleri üçin berdimi? Galyberse-de, Hudaý Isa Mesihe Täze Ähti, Injili, adamlaryň üýtgetmegi üçin berdimi?

600 ýyla golaý, tutuş alty ýüz ýyllyk wagt geçenden soň adamlaryň nesilleriniň Mukaddes Ýazgyny üýtgedip we ýoýup ýaşan we ölen wagtyndan soň – Hudaýyň hiç kimiň üýtgedip bilmejek Kitabyny bermegi boljak zatmy?“

„Birden, Hudaý Öz Sözüni ýoýmalardan saklaýjy boldy! Köp ýüzýyllyklaryň dowamynda Hudaýyň Kitaplary ýoýulyp we Onuň hyzmatkärleri Hudaýyň söýgüli halky bolan Ysraýyl çagalary, Kitaba salgylanan ruhanylary adamlara dogry zady görkezip we erbet zatlary gadagan edip nädogry ýoldan gitdiler. Olaryň hemmesiniň ýolundan azaşmagy mümkinmi? Öz Kitabyny üýtgetmelerden we ýoýulmalardan gorap bilmeýän Hudaý Özüne sygynýanlary gorap biljekdigini göz öňüne getirip bolarmy?“

Men bu zatlaryň üstünde köp oýlandym, ýöne jogap tapyp bilmedim. Gepiň Hudaýyň Özüni düşüren ýagdaýyndan halas etmek üçin çözgüt ýa-da jogap tapmakda däldigini bilýärdim.

Men Baziliň soraglarynyň çyn ýürekden çykýandygyna we logika dogry gelýändigini bilýärdim. Onuň dünýewi lezzetleri däl-de, Hudaýy jany-teni bilen gözleýändigini bilýärdim. Ol adatça menden biz musulmanlaryň edil Gurhan Hudaýyň ýeke-täk kitaby ýaly, Gurhanyň el degrilmän saklanylandygyny aýdýanymyzy soraýardy. „Eýsem, Hudaý haýsydyr bir kitaba yhlas bilen seredip, oňa höwesli seredip we bir pygamberi beýlekilerinden üstün tutup bilermi?

Eýsem, Hudaý ýalan ynamy wagyz edip, özlerini mamladyrlar öýdüp ölen öňki nesilleriň aladasyny etmedimi? Eger şol kitaplarda ýazylanlar, dogrudanam, üýtgedilen bolsa, onda Hudaý adamlaryň olara özlerini bagyş edip, olara arassa ýürekden eýermegine ýol berip bildi? Hak Hudaýyň Öz Kitaplaryna we Öz pygamberlerine dürli göz bilen seredendir diýip pikir edemok. Ol araplary arap dällerden tapawutlandyrmazdy. Şonuň üçin bize bu soraglary diňe bir ýewreýler bilen mesihilere däl-de, eýsem, gudratygüýçli Hudaýyň Özüne-de bermek gerek“.

Men Baziliň her aýdan sözüni aňry ýany bilen aýdýanyny duýýardym. Köp gijeleriň dowamynda biziň üç Kitaby – Töwrady, Mukaddes Kitaby we Gurhany okap, olarda meňzeşligi we olaryň arasyndaky tapawudy gözläp geçirenimiz ýadyma düşýär. Biz akyl taýdan we emosional taýdan gaty ýadasagam, wagtymyzy gaty gowy geçirýärdik. Haýsydyr bir dini hakykatdan öwrenmezden, hem hakykaty gözleýjini, hem Hudaýy kanagatlandyrýan seljerişleri geçirmezden, dogry ýa-da nädogry diýip yglan etmekden aňsat zat ýokdur.

Bir gezek Bazil: „Ilki haýsy bolduka: çyn walýutamy ýa-da galp walýuta?“ diýdi. Men hakyky walýutanyň ilki bolandygyny, galp walýutanyň soň peýda bolanyny aýtdym. Ol: „Bu logika gabat gelýär, ýöne Hudaý nädip ilkinji üç Kitabynyň ýoýulmagyna, diňe dördünji Kitabynyň (Gurhanyň) Hudaýyň ýaradyşy ýaly galmagyna mümkinçilik berip bildikä? Biz hyýanatçylygy haýsy standart boýunça barlaýarys, irkimi ýa-da soňky kitaplar boýunça?“ – diýip

jogap berdi. Bazil: „Meni bagyşla, dostum, ýöne Özüniň beýleki kitaplarynyň ýoýulmagyna ýol beren Kişi nädip bizden Özüniň dördünji kitabyna ynanmagymyzy sorap biler?“ – diýdi.

Hudaýyň ýa-da Gurhanyň üstünden gülmeýändigini bilenim üçin Baziliň bu batyr soraglaryny meniň kabul edenime siz ynanyp bilýärsiňizmi? Men onuň Hudaýy, dogrudanam, gowy görýändigini we adamlary sylaýandygyny bilýärdim. Ol diňe adalatly, dogry we obýektiw pikir edýärdi. Ol adatça: „Ölümden soňky durmuşda bize hakykatdan başga hiç zadam kömek etmeýär“ – diýýärdi. Ol: „Mukaddes Kitaplar nädip üýtgedildi? Haçan? Nirede? Olary kim üýtgetdi?“ – diýen ýaly sagdyn soraglary berýärdi.

Bu soraglara geçmişde-de, häzirem ýekeje musulman hem tagalla etmek we jogap tapmak islemedi. Hyýanatçylyk baradaky sorag, edil gündiz kimin düşnükli, oňa diňe nadan adam üns bermez.

Bazil din we ölümden soňky durmuş bilen menden köp gyzyklanýardy. Bir gün agşam biz gürleşip otyrkak, (edil öz eşiden „telepatiýamdaky“ ýaly) birden Bazil ikimiz deňine bir pikir aýtdyk. Ideýa şeýledi – biziň düzgünlerimiz, arzuwlarymyz, pikirlerimiz, gürrüňlerimiz we ýakymly ýatlamalarymyz hakda kitap ýazmaly.

Bu 1986-njy ýylyň şol agşamynda, ýatda galan agşamda peýda bolan üýtgeşik arzuwdy. Kitabyň ady „Biz ynanmaýarys!“ bolmalydy. Esasy ideýa biziň nämä ynanmaýandygymyzy düşündirmekdi.

Bir gün Bazil meniň bilen duşuşmaga geldi. Onuň gözlerinde men ozal görmedik zadymy gördüm. Ol syryny içinde mundan artyk gizläp bilmeýän adam ýaly görünýärdi. Men onuň gözleriniň şol syry dili gürläp başlamazdan öňürti aýdyp duranyny duýdum. Ol edil daşyndan pikirlenýän we hökman meniň bilen gürleşmeýän ýaly, aňry-bäri ýöredi. Onuň aýdan zatlary gaty üýtgeşik sözlerdi.

„Sen bilýärsiňmi, men eýýäm köpden bäri Mukaddes Kitaplaryň hemmesini, dünýewi kitaplary-da okaýaryn we öwrenýärin. Men mydama obýektiw bolmaga çalyşdym. Men Hudaýdan başga hiç zadam gözlämok. Men bir dini beýlekisinden ýokary tutmagy niýet edinemok.

Howpsuzlygyň we Hudaý özüniň ýiten ogluny kabul eder ýaly, Oňa öwrülmäniň gözleginde uzaga çeken jikme – jik seljerişlerden

we ukusyz gijelerden soň, men gözlegler ýoluna gül düşelmändigini aýtmalydyryn. Gaýtam, men jogapsyz soraglaryň akymynda özümiň gark bolup barýandygymy ençeme gezekler duýdum. Käwagt men obýektiwlikden el çekip, gark bolup barýan adamyň islendik bir zada ýapyşyşy ýaly, çem gelen dini ýöne bir kabul etmek isledim, ýöne Gudratygüýçli Hudaýyň güýjüniň özümi gurşap alanyna garşy çykyp bilmedim. Düýbünden lapykeç bolup, ruhdan düşen wagtymda, özüme täze güýç berýän, ruhlandyrýan we ugrukdyrýan täze umydyň kalbyma syrygýanyny duýdum.

Men her gün irden hakykaty tapýançam, özümi gökler, Özi, beýleki adamlaryň hemmesi, dostlarym hem duşmanlarym bilen ýaraşdyrýan Hudaýy tapýançam, özümi öz maksadyma bagyş etmeklige özüme ýene söz berdim. Men öz kalbymy özgertjek, hatda Özüni nädip şöhratlandyrmalydygyny, nädip bagyşlamalydygyny, nädip rehimdar, aladaçyl, şatlykly bolmalydygyny, dünýäni gowulyga tarap nädip öwürmelidigini bilýän täze ýürek döretjek Hudaýy gözleýärdim!

Dostum, sen ynanýarsyňmy? Men Şol täsin, Beýik Hudaýy tapdym! Ol meniň Halasgärim, meniň Hudaýym, başymyň täji, güýjüm, Rebbim, meniň işim hem göreşim – bu Isa Mesihdir!

Men Bazili we onuň progressiw garaýyşlaryny gaty gowy bilýärdim, ýöne şeýle-de bolsa, onuň yslamdan daşlaşyp, dinden çykan bolanyna diýseň haýran galdym. Meniň ýakyn dostum, gowy görýän dostum, yslamdan ýüz öwrüp, kapyr boldy. Men onuň bilen gürleşip bilmedim. Ol meniň tolgunanyma düşünip, dostlugymyzyň we öz gözleglerimiň pikirini täzeden etmegim üçin meniň ýeke özümi galdyrdy.

Men biynjalyk boldum-da, öz miras alan ynamyma şübhelenýändigimi duýdum. Men öz köklerimiň ýerde goparylanyny duýdum. Ýüregimde men öz dinimi öwrenmändigim we oňa eýermelisi ýaly eýermändigim üçin şübheler özümi tike-tike edýändir öýtdüm. Eger men yslamy öwrenip, onuň kanunlarynyň we hökmany bolmadyk düzgünleriniň hemmesini ýerine ýetiren bolsam, onda öz soraglarymyň hemmesine jogap alardym diýip pikir etdim. Diňe şonuň ýaly bolanda, şübheler gaýyp bolup, ornuny Yslama, öz dinime, atamyň dinine bolan çuň ynamy berer

öýtdüm. Mundan soň, öz dostum, ýolundan azaşyp, kapyr bolan dostum Bazili dogry ýola getirip bilerdim öýtdüm.

Men Baziliň ýanyna baryp, özümiň pikir edýän zadymy aýtdym. Onuň beren jogabyny eşidenimde, aklym haýran boldy. Ol meni we aýdan zatlarymy inkär etmedi. Ol hatda gynanmadam. Ol edil meniň Yslamy öwrenmegimi, oňa eýerip, sözüň doly manysynda hakyky musulman bolmagymy isleýän ýaly, meniň duýgularymy eşidenine begendi.

Bazil: „Hakykat adamdan däldir, adam hakykatdandyr. Hudaý Özüni ýürekden gözleýän adamyň ýolundan azaşmagyna hiç haçanam ýol bermez. Şonuň üçin men seniňem aladaňy edemok, özümiňem. Yslamyň ýoly bilen gitmegiňi dowam etdiriber, öz planlaryňy ýerine ýetir. Goý, Hudaý saňa üstünlik gazanmaga kömek etsin. Ýöne, Mozafar, ýatda sakla, hakykatyň kenaryna ýetmek üçin diňe ýagşy niýetler ýeterlik däldir. Gowy niýetler, ýüz görmezek hem adalatly gözlegler, erjellik hem aýgytlylyk seni maksada alyp barar. Hudaý saňa ýoly, hakykaty görkezer-de, has gowy durmuşa alyp barar“ – diýende, aslynda, ol meni ruhlandyrdy.

Şeýlelikde, men özümi yslamy çuň hem çynlakaý öwrenmeklige bagyş etdim. Men „Ata-babalaryň topary“ atly yslam toparyna girdim. Biz bilelikde metjitdäki hökmany namazlaryň hemmesini okadyk we ýaşlary özleriniň durmuşyny yslama bagyş etmeklige çagyrdyk. Käwagt doganlar bilen men beýleki şäherleriň metjitlerinde namaz okamak we Hudaýa sygynmak üçin birnäçe günlük, kä halatlarda bolsa, hepdelik gidýärdim. Biz şäheriň daşyna gidenimizde, çadyr gurup, Gurhan okaýardyk, döwrebap dini hem syýasy meseleleri ara alyp maslahatlaşýardyk. Bu zatlaryň hemmesi uniwersitetiň professorlarynyň we ýokary bilimli professionallaryň (lukmanlaryň, inženerleriň, ýuristleriň, mugallymlaryň we ş.m.) ýolbaşçylygy astynda edilýärdi. Täze güýmenjelere we öz durmuşymyň telim ulgamynda uly özgerlişikleriň bolandygyna garamazdan, men entegem telewizora seretmeýärdim, aýdym diňlemeýärdim we dynç alyş çärelerine gatnaşmaýardym.

Mende öz ejeme we ýakynlarymyň zenan maşgalalarynyň hemmesine perenji geýmegi buýruk berme endigim bardy. Men dostlarymy namazy bellenilen wagtynda okamaklyga çagyrýardym.

Bazil bilen dostlugymdan başga gatnaşyklarymyň hemmesi üýtgedi. Biz aýratynam öz ynamymyzda iki dürli polýus ýalydyk. Dini nukdaýnazarda Bazil kapyr hem dinden çykandy, onuň adam hökmünde kimdigi nukdaýnazarynda bolsa, ol meniň ýeke-täk dostumdy, şonuň üçin men ony terk edip bilemokdym.

Hawa, ol kapyrdy, sebäbi mesihi bolupdy, şeýle-de bolsa, ol dogruçyl, ak ýürekli, wepaly hem-de töweregindäki adamlaryň hemmesini gowy görýän adamdy. Men Baziliň Yslama gaýdyp gelmegi üçin Hudaýa doga edýärdim. „Ata-babalaryň toparyndaky“ doganlar, onuň kapyr bolandygy sebäpli, menden onuň bilen hiç hili iş salyşmazlygy haýyş etdiler. Ol wagt şäherdäkiler onuň mesihi bolanyny bildiler. Ol yzarlamalara sezewar edildi. Şeýle-de bolsa, Bazil öz garaýyşlarynda berkdi we dostluk söýüjidi. Ol hatda özüni yzarlaýjylary söýdi we bagyşlady. Bu bolsa meni diýseň geň galdyrdy, aklymy haýran etdi. Köp soraglar maňa rahatlyk berenokdy. Ol kapyr bolsa-da, nädip beýle asuda hem söýýän adam bolup bilýärkä? Näme üçin ol ýamanlyga ýamanlyk bilen – göze göz, dişe diş bilen jogap bermeýärkä? Ol öz iman eden Mesihiniň ýoly bilen barýandygyny aýdýardy, öz duşmanlarynyň hemmesini söýýärdi we özüne ýamanlyk edenleri bagyşlaýardy. Şunuň ýaly söýginiň öňünde yslam fundamentalizmindäki ýyllarymyň hemmesi, meni oňa we onuň söýgüsine garşy goýan zatlaryň hemmesi geçip gitdi.

Bu söýgi meni we öz dinimiň hakyky dindigini, Allanyň älemiň ýeke-täk Hudaýydygyny, musulmanlaryň dünýädäki adamlaryň iň gowusydygyny we pygamberimiz Muhammediň iň esasy pygamberdigini hem Hudaýyň esasy resulydygyny aýtmak bilen yglan eden zatlarymyň hemmesini ýeňdi. Söýgüden doly derýanyň öňünde meniň yglan eden zatlarymyň hemmesi süllerip galdy. Bu meni günleriň birinde üýtgäp, Bazilden hem onuň Hudaýyndan güýçli boljagyma umyt baglap, öz dogalaryma gaýdyp gelmeklige mejbur etdi. Şonda men onuň bilen duşuşyp, ýeňiji bolup çykaryn öýtdüm.

Yslam kanunlaryny berk ýerine ýetirme we çynlakaý gözlegler bilen geçiren iki ýylymdan soň, men özüm üçin özümi durkum bilen tolgundyran we meni hiç haçan şübhelenmeýşim ýaly

şübhelenmäge mejbur eden zatlar açylyp başlandy. Men yslam tabşyryklaryň hemmesiniň Yslamyň ruhy taýdan ruhlanmasynyň netijesi bolmandygyny, olaryň Arabystanda Muhammetden we Gurhandan öňem bolandygyny bildim. Şeýle hem, men Şerigat kanunlarynyň we olary bozanyň üçin berilýän jezalaryň yslamdan öň hem bolandygyny gördüm. Biwepa aýallary daşlap öldürmek, ogrularyň ellerini çapmak we ş.m. ýaly, Yslam taglymatlarynyň köpüsi Töwratdan alnandy.

Men mundan başga-da, hakyky mesihiligiň ony yslamyň suratlandyryşyndan düýpgöter tapawutlanýandygyny bildim. Yslam mesihileriň üç Hudaýa, Hudaýyň Merýeme öýlenendigine, munuň netijesinde Hudaýlaryň Ogly Isanyň doglanyna ynanýandyklaryny aýtmak bilen mesihiligiň üstüne hüjüm edýär. Yslam, şeýle hem, mesihileriň hak Hudaýdan başga-da, hudaýlar hökmünde Isa we Merýeme sygynýandyklaryny aýdýardy. Men bu zatlaryň durşuna ýalandygyna düşündim. Bu zatlaryň hemmesi Arabystanda Muhammediň eýýamyndan öň we onuň döwründe bar bolan ters pikirlerden alnandy.

Hakyky mesihiler Yslamdan alty ýüz ýyl ozal ýeke-täk Hudaýa ynanyp, özleri bilen beýik düzgünleri we taglymatlary alyp gelipdiler, bu zatlara adamlar sylag hem hormatdan başga hiç hili hem seredip bilmeýärler. Dört ýyllyk okuwdan, gözleglerden we „Ata-babalaryň toparynyň“ öňündäki borçlardan, gijelerine ýatman, gözýaşlar bilen Hudaýdan özüme dogry ýol görkezmegini soranymdan soň, men öz durmuşymdaky hemme zada täzeden göz aýlama kararyna geldim. Başga bip tarapdan mende başga bir mesele ýüze çykdy. Men öz toparym bilen Hudaýa doga etmek we okamak üçin her gün metjide gatnamagy borç edinipdim. Men nädip ol ýere gatnamamy birden bes etdireýin? Men nädip sakalymy syraýyn we yslam eşigini geýmän ýöreýin? Başga-da, köp meseleler...

Meniň mesihi bolan Bazil bilen dostdugymy bilseler, olar näme pikir ederler? Olar meniňem, edil Bazil ýaly mesihi bolandygymy aýdarlar. Munuň üçin mende köp kynçylyklar ýüze çykar, meni yzarlap başlarlar. Mende öz gorkularymy ýeňip geçip, hakykatyň,

aň ýetirişiň we akyldarlygyň gözüne seretmekden başga saýlaw galmady. Janypkeşlik bilen seljerişleri geçiren dört ýylymdan soň, her näme bolsa-da, netijeleri boýun almakdan başga ýol galmady.

Men ol ýere gatnamamy bes edip, Hudaýdan özümi dogry ýola ugrukdyrmagyny haýyş etdim. Şol wagt men Yslama gitdigiçe köp şübhelenip, gitdigiçe Mesihe köp ynandym. Dört ýylyň dowamynda öz dostum Bazil Mesihiligi öwrenenimde, meniň duş gelen kynçylyklarymy we meselelerimi düşündirmek üçin elinden gelenini aýamady. Ol her gün ýadaman we ynam bilen maňa Mesih hakda gürrüň berdi. Men Mesihi Hudaý hem Halasgär hökmünde kabul etmäge taýýar diýen ýalydym, ýöne içimde nämedir bir zat bu ynamy entek kabul etmeýärdi. Meni entek Mesihe bolan ynam doldurmandy. Men Bazile munuň sebäbini bilmeýändigimi aýtdym.

Ol: „Menem bilemok, ýöne sen Hudaýyň hemme zady bilýändigini, saňa diňe Onuň jogap berip we seniň hakykata bolan teşneligiňi gandyryp biljekdigine ynanýarsyňmy?“ – diýdi.

Menem: „Hawa“ – diýdim.

„Menem. Gel, Hudaýa doga edeli-de, Hudaýdan saňa hakykaty açyp görkezmegini soraly. Biziň ynanýan Hudaýymyz hakykatdyr we ýakyndyr. Ol biziň dogalarymyzy eşidýär we biziň bilen gürleşýär. Hudaý diri, şonuň üçin hem, Ol biziň bilen bile hereket edip bilýär. Ol boş hyýal däldir“.

Men Bazil bilen ylalaşdym-da, Hudaýa doga edip, Hudaýdan özümi hakykat ýoluna salmagyny we meniň hakykaty bilme islegimi kanagatlandyrmagyny sorap dileg edip başladym. Bir gün, 1988-nji ýylyň sowuk mart gijesi uzak gije, daň atýança, aglap doga etdim. Men öz ýüregimi açdym, agyrynyň we göreşiň dört ýyly hakda gürrüň berdim. On bir ýyl mundan ozalky şol agşam, edil düýn bolan ýaly, entegem meniň ýadymda. Bu dört ýyl dowam eden ynamsyzlykdan we surnukmadan soňky iň mukaddes gijedi. Men Hudaýyň özüm bilendigini we ýekeje minutlyk bolsa-da, özüme ýakyndygyny duýmak üçin mydama Onuň göwnünden turmaga çalyşdym. Emma özümi yslama bagyş etdigimçe, özümi ýeke duýdum, tabyn boldugymça, biynjalygym artdy, dindarlaşdygymça-da, gorkym köpeldi. Biynjalygyň, ynamsyzlygyň dört ýyly.

Men dört ýyllap özümi howp astynda duýdym. Meniň yslamyň Hudaýynyň bize özümizden-de ýakyndygy barada aýdan sözlerim esassyz bolup çykdy.

Entek Mesihi öz Hudaýym hökmünde yglan etmedik bolsam-da, men Oňa golaýlaşypdym, Onuň taglymatyna elimi ýetiripdim. Ol meni gujurlandyryp, garyplyk, ýekelik we öýkeli ýyllarymyň öwezini doldurypdy. Ol meni şatlykdan, rahatlykdan we özümiň düşündirip bilmejek üýtgeşik asudalygyndan doldurypdy. Ol meni ozal ömrümde hiç haçan hem duýmadyk zadymdan doldurdy.

Şol ir säherde men öz maşgalamyň, dostlarymyň we tanyşlarymyň ýanlaryna ylgap baryp, öz tapan hazynam – özümi söýýän, özümiň hem söýýän Isa Mesihimde tapan hak Hudaýym hakda gürrüň bermek isledim.

Men Baziliň ýanyna ylgap baryp, öz taryhymyň baryny oňa gürrüň berdim. Ol meni diňlände, gözlerinden ýaş akdy. Ol edil öz çagasyny kabul edýän ene ýa-da dört ýylyň dowamynda ýiten ogluna garaşýan ata kimin meniň üçin Rebbi şöhratlandyrdy.

Siziň
*Mozafaryňyz*

# Perenjäniň Aňyrsynda

Biziň her birimiz öz durmuşyndaky wakalary, çagalykdaky arzuwlary, häsiýeti emele getirýän faktorlary ýatda saklaýarys. Hawa, her bir pursat diýen ýaly, meniň ýadymda: öz doglan pursatym hem ýadymda diýen ýaly. Bu pursat ejem gürrüň beren wagtyndan bäri meniň hakydamda möhürlendi. Bu 1971-nji ýylyň çarşenbeleriniň biridi. Men ene-atamyň birinji çagasydym. Men olaryň şatlygydym – öýümizdäki ilkinji perzentdim.

Men dört uýanyň iň ulusydym. Biziň maşgalamyz islendik ortaça ýaşaýan maşgala ýaly, orta gürpde üpjün edilen maşgalady. Kakam bizi eklejek bolup, güýjünde baryny edýärdi. Ol bize, aýratynam maňa, gowy bilim bermek isleýärdi. Men hususy mekdeplerde okadym. Meniň kakam ogul isleýärdi, onuň diňe gyzlary bardy ahyry. Din babatda aýtsam, bizi dini ruhda terbiýelediler, ahlak kadalaryny bizde ösdürdiler.

Kakam hakyky musulman. Ol obada önüp-ösüpdir. Ol dini däp-dessurlaryň hemmesini berjaý edip, adatlary saklaýardy. Ejem barada aýtsam, ol kakama garanda az derejede ösendi. Käwagt ol Hudaýa doga ederdi. Ejem bilen kakamyň ýygy – ýygydan jedelleşýändikleri ýadyma düşýär. Kakam özleriniň ikisiniňem, dini işleriň hemmesinde bize görelde bolmagyny isleýärdi. Kakam irden turup, golaýdaky metjide ertirki namaza gidýärdi. Käwagt men okalýan namazyň sesine oýanýardym. Men kakamyň bäş wagtyna hökmany namazy okamaga we namaz okamak üçin metjide gitmäge mejbur edişine haýran galýardym. Muny şeýle

etmäge oňa hiç zat, gyşyň sowugam, tomsuň jöwzasam, hatda keselem, päsgel bermeýärdi.

Bir gezek men ondan: „Sen näme üçin sowuk howada namazyňy öýde okamaýarsyň?“ – diýip soradym. Ol hem erbet howada metjide näçe köp gitse, özüni Hudaýyň şonça hem sylaglaýandygyny aýdyp jogap berdi. Kakam konserwator, yslama ýürekden wepalydy, häzirem wepaly.

Men ýedi ýaşymdakam, kakam meni Remezan aýynda tutuş bir aýlap oraza tutmaga höweslendirdi. Ondan soň ol pygamberiň adatlaryndan sözleri maňa gürrüň berdi: „Olara ýedi ýaşa çenli öwrediň we on ýaşa çenli uruň“.

Men bu ýaşda orazanyň uzyn günlerinde ajygýardym, ýöne wepalylyk hem sabyrlylyk bilen orazany saklaýardym. Men tutuş bir aý oraza tutmagy başardym. Kakam muňa çäksiz begendide, bu täzeligi maşgala agzalarynyň hemmesine aýtdy. Ol muňa guwandy.

Men diýseň begendim, Hudaýyň söz berşi ýaly, özümi sylaglajakdygyny bilýärdim, şonuň üçin muny başaranyma şatlandym. On iki ýaşa çenli men namazy yzygiderli okamaýardym, şol sebäpden hem, kakam namaz okamagyň gerekdigini subut edýärdi. Öýde ýaşan wagtymyz, okuwda bolşy ýaly, namaz okamakda hem tertip-düzgüni yzygiderli berjaý etmeýändigimiz üçin bize mydama käýeýärdiler.

Eger haýsydyr bir esassyz sebäbe görä, namaz okamasak, onda pygamberiň adatynyň buýruk berşi ýaly, kakamda bizi jezalandyrma hökmünde biziň bilen bir saçagyň başynda oturyp nahar iýmekden boýun towlama endigi bardy. Bu maňa diýseň ýaramaýardy. Men: „Pygamber nädip maşgalada bölünişik getirýän düzgünleri öwredip bildikä?“ – diýip pikir edýärdim. Kakam munuň ýaly jezany bermek bilen näme gazanmak isleýärkä?

Bize mesihileriň kapyrdyklaryny, politeistlerdigini, olaryň biziň dostlaşmagymyza ýa-da dostlukly gatnaşyklarymyza mynasyp däldiklerini öwredýärdiler. Bu düzgünde ýekeje kadadan çykma bardy. Kakamyň dostlarynyň biri Fawzi mesihidi. Kakam ony çagalykdan bäri tanaýardy, şonuň üçin olaryň dostlugy berkdi. Ol aýaly hem ogly bilen bize baýramçylyklarda myhmançylyga

gelip gidenlerinden soň kakamyň: „Wah, Fawzi, seniň mesihidigiň nähili gynandyryjy zat. Men seniň musulman bolmagyňy nähili isleýärin!“ – diýmegi meni mydama haýran galdyrýardy.

Men on üç ýaşyma ýetenimden soň, taýýarlaýjy mekdebe okuwa gitdim. Mekdebe barlan ilkinji gün okuwçylaryň hemmesi adatça gowy ýer tutjak bolup, klaslara ylgap girýärdiler. Meniň ýanymda özümiň tanamaýan bir gyzym oturdy. Onuň ady Marselady. Bu meniň üçin täze başdan geçirmedi. Men özüm bilen bir partada tutuş bir ýyl oturan kapyr mesihi bilen iş salyşmaly boldum. Tizara men ony ýakyndan tanadym-da, oňa gaty haýran galdym. Onuň ýüzünde öwşün atan türkanalyk şu wagta çenli-de meniň ýadymda. Hatda köp ýyllar mundan ozal däl-de, edil düýn bolan ýaly, onuň näzikligi häzirem ýadymda

Bir gezek ol menden iýmek üçin meniň nähili hurşlyk getirenimi sorady. Men peýnirli çörek getirenimi aýtdym. Marsela özüniň duzlanyp kakadylan doňuz etinden hurşluk getireni aýdyp, çöreklerimizi çalyşmaklygy teklip etdi. Men onuň teklibine erbet bolup, oňa: „Musulmanlar doňuz etini iýmeýärler, yslam muny gadagan edýär“ – diýip düşündirdim. Ol menden näme sebäpden beýle edilýändigini sorady. Men oňa Hudaýyň bizi bu etden goraýandygyny, sebäbi onuň saglyk üçin erbetdigini aýtdym. Ol maňa seretdi, soň hem gözlerini menden aýryp, sesini çykarmady. Men jogabymyň dogrudygy ýa hyýaly zada gabat gelýändigi hakda pikirlendim. Näme üçin mesihileriň hemmesi her ýyl doňuz etini iýýärler, emma bu olaryň saglygyna zelel ýetirmeýär? Mende jogap ýokdy, men jogap tapjagam bolmadym, şonuň üçin ony tizara ýatdan çykardym.

Mekdebiň birinji ýyly geçdi, biziňem ýönekeý, gowy dostlugymyz berkedi. Indiki ýyl Marselanyň bir zat gözlände, sumkasyndaky kitaplarynyň hemmesini stoluň üstünde goýany ýadyma düşýär. Şonda men onuň Mukaddes Kitabyny elime alypdym. Men ozal duýmadyk duýgymy duýup, onuň nämedigini biljek bolup, bilesigelijiligim artdy. Bu bilesigelijilik gün geçdigiçe ösdi. Men ondan öz Mukaddes Kitabyny görsem bolýandygyny soradym. Men bu kitabyň sahypalaryny agdaryp otyrkam, „Nasyraly Isa ýagşylyk edip gezdi“ – diýen sözleri gördüm. Men Marseladan

Isanyň kimdigini soradym. Ol adammy? Şonda men Onuň adyny birinji gezek eşitdim.

Marsela Onuň Mesihdigini aýtdy. Men kitaby ýapyp, ony oňa berdim. Bu söz meniň kellämde ornaşdy, şonuň üçin hem, men oňa düşünmegi diýseň isledim. Adam „ýagşylyk edip gezýär“ – nähili gowy adam, ol Özüni ýagşylyk etmäge bagyş edipdir! Men bu adamyň kimdigi hakda köpräk bilmek üçin Mukaddes Kitaby alma islegi bilen öýe gitdim. Men kakamdan maňa Mukaddes Kitaby satyn alyp bermegi haýyş etdim we näme üçin muny isleýändigimi oňa gürrüň berdim. Näme bolanyny siz göz öňüne-de getirip bilmersiňiz, kakam gaty gaharlanyp, gaýta-gaýta: „Mesihiler kapyrlar... Mukaddes Kitap hem ýoýulan“ – diýip gaýtalap durşuna, meni gök-ala bolýançam ýençdi. Men eden zadyma gynanyp agladym we ökündim. Şeýle-de bolsa, tizara bu isleg ýene gaýdyp geldi. Men Marseladan maňa Isa hakda gürrüň bermegini haýyş etdim. Ol maňa Isanyň hemmeleri söýendigini we adamlara kömek etmek üçin gudratlar görkezendigi hakda gürrüň berdi.

Bir gezek men dini sapakda, yslam sapagyndadym. Mugallymymyz maňlaýyna namaz belgisi çekilen ýaş oglandy. Men eýýäm köpden bäri pikirini edip gelýän soragymy oňa bermek isledim, ýöne ikirjiňlendim – sorasammykam ýa soramasammykam – sebäbi munuň ýaly soragy bermek gadagandy, ýöne men saklanyp bilmedim. Ahyrsoňy men batyrlygymy bir ýere jemläp: „Mugallym, sorag bersem bolýarmy? Ýöne men bir zady bilmek isleýärin... Hudaý meni bagyşlarmyka?“ – diýip soradym. Şol wagtam dilim açyldy, şeýdibem, men: „Eger Muhammet pygamber kyn ýagdaýa düşen aýallara öýlenmän, olara kömek eden bolsa, onda bu has paýhaslyrak bolmazmydy? Eger ol özüne durmuşa çykma şertini olaryň öňünde goýman, olara kömek eden bolsa, bu has paýhaslylyk bolmazmydy? Belki, ol köp gezek öýlenmedik bolsa, has gowy bolardy?“ – diýip sorag berdim.

Ýaňagyma şarpyk çalnyp: „Kapyr“ diýilmegi soraglaryma berlen jogap boldy. Meni mekdepde birinji gezek urdular. Men özümi kemsidilen duýdum. Men mekdep müdiriniň ýanyna baryp arz etdim-de, bolan zatlaryň hemmesini gürrüň berdim. Men oňa

özümiň soramaga doly hukugymyň bardygyny aýtdym. Bu sagdyn pikirli soragdy. Ol dini mugallym bolany üçin maňa jogap bermäge borçludy. Onuň näme üçin maňa „kapyr“ diýmegi täsin zatdy. Mekdep müdiri fanatik aýaldy. Ol bizi perenji geýmeýänimiz üçin bizi mydama ýazgarýardy, ýöne örän akylly aýaldy. Müdir maňa eger Pygamber olar bilen diňe kömek etmek üçin gatnaşyk saklan bolsa, onda olary şübhe astyna salyp, gybata sezewar etjekdigini aýtdy. Men başymy atdym, ýöne ol meni ynandyryp bilmedi. Onuň beren jogaby meniň kemsidilmämi tekizlemedi. Bu peýdasyzdy, şonuň üçin men ýene ökünip, mundan beýläk pikir etmezlik kararyna geldim.

Kakam bizi mydama namaz okamaga mejbur edýärdi, şonuň üçin men özümi namaza bagyş etmegi makul bildim. Men çekeleşmeleriň we oýlanmalaryň peýdasyzdygyna düşündim-de, kakam käýemez ýaly, öz borjum hökmünde bäş wagtyna namaz okama kararyna geldim. Men özümiň muny mejbury edýändigimi duýdum. Men birinji gezek dyňa çökenimde, Hudaýdan namazymy gutarmaga kömek etmegini soradym. Men Hudaý hakda pikir etmeýärdim, şonuň üçin okaýan namazlarym meniň häsiýetimi üýtgetmedi. Meniň mesihilere bolan gatnaşygym entegem duşmançylyklydy, bizi şeýle terbiýeläpdiler ahyry. Marsela meniň tanaýan ýeke-täk mesihimdi. Men hatda öz öýümiziň ýanyndaky ybadathananyň deňinden hem geçmezlige çalyşýardym.

Ýene birnäçe ýyllap öýdäki zatlaryň hemmesi öňküligine galdy. Kakam bilen ejemiň arasyndaky jedeller özleriniň durmuşyny üýtgeden karara gelýänçäler, günsaýyn güýçlendi. Bu olaryň özleriniň aýdyşlary ýaly, kanuny zat hökmünde edilýärdi – olar aýrylyşma kararyna geldiler.

Men öz maşgalamda täze roly ýerine ýetirip başladym. Kakamyň deregine maşgalanyň başy bolup, uýalarymyň aladasyny edip başlanymda, men on alty ýaşymdadym. Men, ine, nämede ünsümi jemlemelidim: mekdepde gowy okamaly, öz uýalaryma gowy eje bolmaly we kakamyň borçlaryny öz üstüme almaly.

Men özüme başga zatlar hakda pikirlenmäge ýol bermedim. Men taýýarlaýyş mekdebini ýokary bahalar bilen tamamladym. Uniwersiteti gutarmak meniň öňden arzuw edip gelýän zadymdy,

ýöne maddy ýagdaýlar sebäpli, kakam orta mekdebe gitmäge maňa rugsat etmedi, maňa maşgalanyň aladasyny etmek zerur gerekdi. Men hemme zadyň özüme garşydygyny duýdum. Bu garşylyk görkezme duýgusydy. Emma bu erbet ýagdaýdan çykalga ýokdy. Her ýyl köp hasrat bilen gaýgy getirýärdi. Çykalga ýokdy!

Bu gezek men Hudaýda teselli tapdym. Mende Hudaýa ýüzlenmekden başga saýlaw ýokdy. Men juda ejizdim, şonuň üçin Oňa mätäçdim. Men namaz okap, oraza tutýardym we Onuň kanunlarynyň hemmesini berjaý edýärdim. Men perenji geýip başladym. Her gezekki namazdan soň, men Hudaýa ýüzlenip, Onuň bilen köp gürleşýärdim, ýöne öz edýän dileglerimiň we haýyşlarymyň potologa baryp urlup, özüme jogapsyz, kömeksiz we umytsyz gaýdyp gelýänini duýýardym. Men Hudaýyň özümden şeýle uzakdygyny, „gündogaryň günbatardan uzak“ bolşy ýaly uzakdygyny duýýardym.

Men bilim almamy bes edenimden soň, iki ýyldan gowrak wagtlap öýde boldum. Munuň ýaly durmuş öler ýaly ýüregime düşdi, şonuň üçin men iş gözläp başladym. Men ýuridiki edarada kätipçilik ornunyň boşdugyny eşitdim.

Bu ýuridiki edaranyň eýesi mesihidi. Men munuň öz kakama ýaramajakdygyna ynanýardym, ýöne men muny oňa aýtmalydym. Kakam ol ýere gidip işlemegi maňa düýbünden gadagan etdi, ýöne men öz diýenimi tutdum durdum, şonuň üçin kakam ahyrsoňy razy boldy. Meniň mesihilige bolan gyzyklanmam artdy, meniň işleýän edaramyň hojaýyny mesihidi ahyry.

Men bar zady öz başlygymdan öz arkasynda asylgy duran Isanyň Ejesiniň ikonasy hakda soramakdan başladym. Olar ony nireden alypdyrlar? Eger Isa adaty aýaldan doglan bolsa, hatda Onuň dogluşy gudratly bolan bolsa-da, onda näme üçin olar Isanyň Hudaýdygyny aýdýarkalar? Men soragymy gutaryp gutarmankam, ol: „Bu ýerde biz din hakda gürrüň edemizok. Şu wagt ýurtda bolup geçýän zatlar ýeterlikdir“ – diýip berk aýtdy. Ol 1991-nji ýylda bolup geçen terroristleriň eýmenç hüjümlerini göz öňünde tutýardy.

Bu ýuristiň gorkusy we onuň öz dini babatdaky nadanlygy oňa dini soraglar hakda gürrüň etmäge mümkinçilik bermeýärdi. Iň

ajaýyp gözelligi gizlemek üçin nadanlyk bilen gorky artygy bilen ýeterlikdir. Şeýdip, men mesihilik hakda, bu gezek edaramyzdaky kitaphanada bar bolan mesihilik kitaplaryndan, köpräk bilmegi karar edindim. Men haça çüýlenme, Üçbirlik, Hudaýyň Ogly we Onuň adamlara bolan söýgüsi hakda okap başladym. Haçda görkezilen söýginiň hem-de gutulyşyň beýik taryhy meni haýran etdi. Men bu söýginiň akyl ýetirerliklidigine we jana şypalydygyna düşündim. Mende munuň ýaly kitaplar bilen gyzyklanýandygym sebäpli, howatyrlanma bardy, şonuň üçin okamagy bes etdim. Men yslam teologlaryndan öz soraglarymyň hemmesine jogap bermegi we Mesihe tarap barýan ymtylyşymyň öňüni almaga kömek etmeklerini haýyş etmek isledim.

Men öz öýümiziň golaýyndaky metjitdäki şyhyň ýanyna baryp, özümiň uly howatyrlanmalarym hakda oňa gürrüň berdim. Ol şobada bilim gözleme keselinden nädip saplanmalydygymy aýtdy-da, meniň berk ýerine ýetirmeli bolan üç bölekden ybarat reseptimi berdi:

1. Bu din hakda okamagy bes etmeli we işden gitmeli.
2. Toba etmeli, namaz okamaly we üç günläp oraza tutmaly.
3. Mukaddes Gurhany her gün okamagy dowam etdirmeli.

Men şyhyň aýdan zatlarynyň hemmesini – diňe birinden başgasyny berjaý etdim, men işden çykmadym. Men kakam maňa mundan beýläk işlemäge rugsat bermez öýdüp gorkdum. Men öz şübhelerimi we biynjalygymy has-da güýçlendiren zady özüm üçin açdym. Men mukaddes Gurhany yzygiderli okan wagtymda, ol meni keselimden saplamady. Gurhana laýyklykda, aýallara ýitilik hem dini ynamlylyk ýetmezçilik edýär, şonuň üçin erkegiň mirasy aýalyňka garanda, iki esse köp!

Sudda iki aýalyň şaýatlygy (aýalyň az derejede akyllydygyny göz öňünde tutup) bir erkegiň şaýatlygyna deň edilýär. Şonuň üçin biziň, aýallaryň, hiç haýsysy lukman, alym, kazy, filosof ýa-da hatda akylly adam hem bolup bilmeýär!

Dowzahda ýanmaga höküm edilenleriň aglaba bölegi aýallardy! Mundan beterem, olaryň köpüsi dowzahda ýangyç bolup hyzmat

eder. Göz öňüne bir getirip görüň, biz, aýallar, diňe erkeklere keýp bermek üçin ýaradylypdyrys, iň soňunda hem, dowzahda ýangyç ýa-da Ýannahyň nimfany (jennetde erkeklere keýp berýän aýallar) bolmaly.

Yslamdaky aýal üç sebäbiň birinden başga wagt öýden çykmaly däl. Ol diňe öz adamsynyň öýüne göçmek, Haja gitmek (her ýyl Mekgä zyýarat etmek) ýa-da mazara gitmek üçin öýden çykmaly. Gurhanyň Yslamdaky göreşler we entegem diniň ady bilen dökülýän gan deňizleri hakda gürrüň edýän aýatlarynyň hemmesi ýüregime düşdi. Bir zady göz öňüne getirmäge synanyşyp görüň, siz ýigrimi bir ýylyň dowamynda nämedir bir zada ynanýarsyňyz, ol hem ahyrynda ýalan bolup çykýar. Bu meniň üçin iň agyr wagt boldy. Hudaýda teselli tapan biri birden tesellisiz we Hudaýsyz nädip ýaşap biler?

Bir aýlap dowam eden ukusyz gijelerden we hak Hudaýyň göklerden ýere gelip, özüme jogap bererine garaşmalardan men ýadadym. Men ýene Gurhany okap başladym. Bu bolsa, meni has-da bulam-bujarlyga alyp bardy. Şol sebäpden hem, men hakykaty tapmak üçin Mukaddes Kitaby okamagy makul bildim.

Ýöne adamlar Mukaddes Kitabyň başdaky wariantynyň eýýäm ýokdugyny aýtdylar. Men näme etmeli? Mukaddes Kitabyň düzedilen, ýoýulan wariantyny okamakdan we setirleriň aralaryndan hakykaty tapmakdan başga ýol galmady. Şeýdip, men Mukaddes Kitaby okap başladym-da, adyny bireýýäm eşiden, ady meni özüne çeken Isamy özüm üçin açdym. Men Onuň syrkawlary bejerenini, tussaglary azatlyga çykaryşyny, ýoldan çykan aýallary bagyşlaýşyny, Öz duşmanlaryny söýşüni we olara ak pata berşini gördüm. Şonda men ömrümde birinji gezek hiç haçan duýmadyk zadymy – atalyk ýüregini we enelik aladany duýdum, sebäbi ejem bilen kakam bireýýäm aýrylyşypdylar, menem olaryň uly gyzydym.

Häzir bolsa, men Isanyň öz kakam hem ejemdigini duýýaryn. Onuň özümi gujaklaýanyny, ellerinde edil bäbek saklaýan ýaly saklaýanyny duýýaryn. Ol meniň öz eginlerimde göterip ýören agyr ýükümi egnimden aýyrdy. Men ömrümde birinji gezek özümiň hakykatdan zenandygymy, söýülýän hakyky zenandygymy, erkekleriň göwnüni götermek üçin niýetlenen haryt däl-de, Hudaýyň

keşbinde ýaradylan zenandygymy duýdum. Men ölümden we dowzahdan halas edilen adam hökmünde agladym. Şol gün men Isa Mesihe: „Isa, Sen meniň Hudaýymsyň we Halasgärimsiň. Sen meniň ejemsiň hem kakamsyň. Sen meniň durmuşymdaky hemme zatsyň“ – diýdim.

Şol wagtdan başlap, men öz durmuşymyň wakalardan, gudratlardan we yzarlamalardan doly täze sahypasyny başladym, ýöne biz bu barada soň gürrüň ederis.

Siziň
*Leýlaňyz*

# Mesihiň Watanyndan Size Hat Ýazýaryn

Men Mesihiň watanynda, söýgüli Palestinada doguldym. Biz „günbatar kenaryň araplary“ diýilýänlerdiris. Men 50-nji ýyllaryň ahyrynda „okkupasiýanyň“ garaňky kölegesi astynda doguldym. Men öz watanym bolmadyk ýurtda ýaşadym, ýöne biziň haýsymyz öz doguljak ýa-da öljek wagtymyzy saýlap bilýäris?

Meniň maşgalamda ýedi ogul bilen bäş gyz bardy. Kakam men sekiz ýaşymdakam dünýäden ötdi. Meniň ýüregim gaýgydan doludy: öz ýurdum bolmadyk ýerde doguldym, kakasyz çaga bolup galdym. Göwnüme asman maňa duşman ýaly bolup göründi. Men çagalyk – bu biziň her birimizde Hudaýyň keşbini emele getirýän döwürmikä diýip pikir edýärin. Siz, belki, meniň Hudaýymy göz öňüne getirýänsiňiz.

Meniň obam Iýerusalimiň – pygamberleri öldüren, özüne iberilenleri daşlan Iýerusalimiň, Mesihi haça çüýlän Iýerusalimiň golaýynda ýerleşýär.

Eger sen Iýerusalimde doglan bolsaň, boýun egdirilen esger we ýurdy gabap alan duşmana daş oklaýan beýleki çagalara seredende, başgaça çaga bolýarsyň. Ýöne jan bilen kalby kim türmä salyp bilýär? Muny okkupasiýanyň edip bilmeýşi ýaly, türme-de edip bilmeýär. Şonuň üçin mende ruh, jan we „Daşyň çagalarynyň“ rewolýusiýasy ýaşaýar, ýogsam men öz obamda ýekeje demonstrasiýa-da, hiç hili gozgalaňam görmändim.

Ýöne çagakam, Palestinany azat etmegi arzuw edýänim ýadyma düşýär. Azat etme baradaky bu arzuwlar mydama meniň ejir çeken adam bolmagym bilen tamamlanýardy.

„Okkupasiýanyň“ arap ýaşlary özleriniň köklerini, watanyny we eneleriniň agylaryny unutmaklary üçin ideologiki taýdan olara öz täsirini ýetirmäge synanyşyklar edendigine garamazdan, men sözüň doly manysynda hakyky Palestina çagasydym.

Gaýgy biziň çagalykdan öwrenen dilimiz boldy. Biz ejizdik we hemme ýerde – mekdepde, köçede güzeranymyzy dolandyrmak üçin gazanç etme meýillerimizde, üstümize jaý tapmakda duzakdadyk. Biz ýewreýleriň çagalary ýaly däl. Hukuklaryň kemsidilmegi hemme zatda mese-mälim göze görnüp durdy. Eger „okkupasiýon“ goşunlar ýewreýleri gündogar hem günbatar ýewreýlere bölýän bolsa, onda olar bize garşy hukuklary kemsitme syýasatyny nädip geçirmesinler?

Bu zatlaryň hemmesi meni we meniň Hudaýa bolan ynamymy kemala getirdi. Hudaý meniň ilkinji hem soňky gaçybatalgamdy. Men 15 ýaşyma çenli namaz okadym we oraza tutdum, ýöne munuň netijesi nähili boldy? Näme boldy?

Gudrat gördükmi?

Bize ýurdumyzy gaýtaryp berdilermi?

Hudaý biziň görgi görüp ölenlerimizi mazardan çykardymy?

Hudaý biziň ýiten bagtymyzy gaýtaryp berdimi we gandöküşmeleriň soňuna çykdymy?

Hudaý ýesirleri watanyna dolandyrdymy?

Men ýokardan kesgitlenen ykbalyň garşysyna gidip, özüme millionlarça soraglary berdim. Näme üçin ölüm, genosid, ýesirlik we türme tussaglygy biziň ykbalymyz boldy? Şonda men kalbymda položitel jogaby eşitdim.

Şonuň üçin men bu ykbaldan, bu takdyrdan we bu Hudaýdan ýüz öwürdim. Men dört ýyllap hiç hili Hudaýa ynanman ýaşadym. Meniň kalbymda zarynlaýan ateizm ýaşady-da, sözlerimde hem hereketlerimde ýüze çykdy. Meniň durmuşym manysyny ýitirdi, ahlak tutuşlygyna ýitdi, düzgünleriň hemmesi gurady. Men günä etdim we erbet hereketleri etdim.

Mundan soň bir zatlar bolup geçdi! Bu meniň durmuşymdaky üýtgeşmeleriň başydy. Men Ýewropadan bolan bir gyz bilen tanyşdym, onuň ady Tinady. Ol Iýerusalimde eýýäm bir ýyldan bäri ýaşaýardy. Biz tanyşdyk-da, onuň bilen gowy dost bolduk. Ol her gün duş gelýän

adaty gyzlarym ýaly däldi. Ol üýtgeşik adamdy. Eger şonuň ýaly adamlara duş gelseň, olary hiç haçan ýatdan çykarmaýarsyň. Ol sözüň doly manysyndaky adamdy. Onda ýaşaýyş şatlygy we saňa bolan aýratyn garaýyş duýulýardy. Bu bolsa saňa özüňiň siwilizasiýaly adamdygyňa we wagtyň gymmatdygyna düşünmäge kömek edýärdi. Hawa, ol hakyky zenandy, onuň bilen sen birden hemme zadyň manysynyň bardygyny we öz gymmatyňy duýýarsyň.

Tina dört dilde arassa gürläp bilýärdi. Ol Ýewropanyň ýazyny we güýzüni Iýerusalimiň ýazy hem güýzi we onuň owadan seýilgähleri hem gül açyp duran meýdanlary bilen deňeşdirmeli däldigini mydama aýdýardy. Tina özüni musulmanyň özüne çekip barýandygy biynjalyk edip başlady. Ol özüniň örän konserwatiw, adaty mesihi maşgalasynyň munuň ýaly gatnaşyklary hiç haçan makul bilmejekdigini bilýärdi.

Tina öýüne gitmeklige taýýarlanyp başlady. Ol Iýerusalimde eýýäm bir ýylyny, bir gün kimin geçip giden ýylyny geçiripdi. Menem Ýewropa gitmegi planlaşdyryp başladym. Tina muňa diýseň begendi. 1979-njy ýylyň iýun aýynda men Ýewropa gitdimde, Tinany hem baryp gördüm. Ol meniň ýolbeledim boldy. Men onuň maşgalasyna bardym, olar meni gyzgyn garşy aldylar.

Bir gezek biz ýewropalylaryň doňuz etini iýme adaty hakda gürrüň etdik. Tina meni örän haýran galdyran bir zady gürrüň berdi. Ol maňa Reb Isa Mesihiň adamy iýmitiň ýa-da suwuň murdar etmän, eýsem, ýüreginden hem niýetlerinden çykýan zatlaryň murdar edýänini aýdandygyny gürrüň berdi.

Bu sapar biziň gatnaşyklarymyzyň üstüne we içine nokat goýdy. Biz özümiziň ýöne bir dost bolman, eýsem, romantik söýgüliler hem ekendigimize düşündik, şol sebäpden-de, biz durmuş gurma kararyna geldik. Bu karara gelmeklik maňa aňsat bolmady, ýöne bu köp zady çözmesi gerek bolan uzak durmuş ýolundaky ilkinji bellik gazygy boldy.

Men toýa taýýarlanmak üçin Iýerusalime gaýdyp gelenimde, ejem biynjalyk bilen maňa garaşyp oturan eken. Meniň ejem konserwatiw musulman we güýçli şahsyýet. Ol öýlenmek üçin meniň Ýewropa gitmegime garşydygyny, Tinanyň Iýerusalime gelmelidigini, toýuň yslam adaty, Hudaýyň we Onuň Pygamberiniň

kanuny boýunça bolmalydygyny aýtdy. Palestinada Günbatarly aýal musulmana durmuşa çyksa, onuň kanuny usulda musulman aýal bolmagy, perenji geýmegi we arap dili bilen Gurhany öwrenmegi öňden gelýän adatdy.

Şol wagt Tina toba gelip, öz Hudaýy hem Halasgäri Isa Mesih bilen aragatnaşyklaryny täzeden dikeldipdi. Ol sözüň doly manysynda mesihi bolup, ýürekden iman edip başlapdy. Men hemme zady taýýarlanymdan soň, Ýewropa gitdim, soň biz durmuş gurduk. Biziň nikamyz meniň bütin ömrümde gelen kararlarymyň iň wajyby hem ajaýybydy.

Tina imansyz adama durmuşa çykýan adaty mesihi aýallaryndan däldi, ýagny ol gije-gündiz maňa dini wagyz etmeýärdi we meni (öz pikiriçe) eden erbet zatlarym üçin ýazgarmaýardy. Ol hatda meniň özünden birhili pes duýmagyma-da ýol bermedi. Ol takwa aýaldy. Ol meni üýtgäp we Hudaýyň keşbini görkezip başlamaga edýän synanyşyklarymda goldady.

Ol maňa tabyndy, tekepbir, öz pikirini, özüniň mertebesini we erkeklik duýgusyny goraýan gündogarly erkek bilen nähili gepleşmelidigini bilýärdi. Onuň gowy häsiýetleriniň hemmesi maňa doly täsirini ýetirdi. Men entegem günäli durmuşda ýaşaýardym. Men serhoş bolup, uzak gijelerimi kafelerde geçirýärdim we öýe gaýgyly dolanyp gelýärdim.

Tina menden näçe görgüleri çekmeli boldy! Muny hiç kimem çekmezdi, emma ol, hakykatdanam, edil Isa ýalydy. Eger diňe içip ýören bolsam hiçdi-le, men neşe bilenem iş salyşýardym ahyry. Meniň ýyllarym şeýtana edýän gulluklarym bilen geçýärdi, ýöne tikenleriň arasynda tükeniksiz söýginiň berk güli bolan aýalym Tina bardy. Men onuň ynamyna we ahlakly häsiýetlerine guwanýardym. Bäş ýyl şeýdip geçdi, men edil ölüme garaşýan ýalydym, edil kem-kemden ölüp barýan ýalydym. Tina meniň üçin Hudaýa doga etdi. Ol Hudaýdan meni halas etmegini sorady.

Ol dymyp bilmedi we Hudaýyň dymmagyna ýol berip bilmedi. 1984-nji ýylyň soňky gününde, gökler onuň dogalaryna jogap berdi. Men uzak gijeläp içenimden soň, köçede yraň atyp gelýärkäm, bir adama duş geldim. Ol meni öz öýüne bir käse çaý içmäge çagyrdy. Men serhoşdum, ýöne onuň bilen gitmäge razylaşdym.

Biz iki sagat dagy, belki, ondan hem köpräk gürrüň edip oturdyk. Ertesi irden onuň bilen eden gürrüňimiziň diňe azajyk bölegi ýadyma düşýärdi. Onuň özümden Hudaýa ynanýanymy ýa-da ynanmaýanymy sorany, meniňem: „Hawa, men Hudaýa, Onuň pygamberlerine we resullaryna – Musa, Isa we Muhammede – ynanýandygymy aýdanym ýadyma düşýär.

Ol: „Men jennete barýan ýeke-täk ýoly bilýärin. Ol Hudaýymyz hem Halasgärimiz Isa Mesihdir. Ol Hudaý bilen adamy ýaraşdyrdy. Isa Mesihsiz her neneň gowy adam bolsaň-da, näçe köp haýyr-sahawat edýän bolsaň-da, jennete barmak mümkin däldir“ – diýdi. Soň ol menden Ýahýanyň Hoş Habaryny okamagy haýyş etdi. Onuň öýünden gaýdan wagtymda, özümiň oňa gaharlanandygym hem ýadyma düşýärdi, ýöne onuň dogruçyllygy bilen batyrlygy maňa ýarapdy. Men ony öýümize çagyryp, öý salgymyzy berdim. Biz indiki anna güni duşuşmagy planlaşdyrdyk.

Men bolsa, aýalymyň Mukaddes Kitabyny tapyp, Ýahýanyň Hoş Habaryny okap başladym. Men ony birnäçe gezek okadym. Men özümiziň anna günündäki duşuşygymyza gowy taýýarlanmaga çalyşdym. Indiki anna gününde men gürrüňdeşligimiz wagtynda düşbüje bolmak üçin içmegimi bes etdim.

Ol adam Nels atly biri bilen öýe geldi. Olar maňa Hudaýyň meni we halklaryň hemmesini söýýändigini, Hudaýyň biziň her birimiziň aladamyzy edişini we tekepbirlik bilen etmişleriň ýer ýüzündäki günäli dünýädäk adamlaryň hemmesiniň başyna bela inderendigini gürrüň berip başladylar.

Hudaý adamyň etmişlerinden we şol etmişleriň netijelerinden nägile. Hudaý biziň öz başymyzdan inderýän görgülerimizi çekmegimizi islemeýär. Adam öz eken zadyny orýandyr. Hudaý – hakyky söýgidir, Ol hiç kimi ýamanlyk bilen synamaýar. Hudaý ähli gowy zatlaryň, mukaddesligiň, ýagşylygyň we öňdengörüjiligiň çeşmesidir. Men olary ünsli diňledim, kalbym bu zatlara teşnedi.

Aýalym ikimiz bu iki adam bilen ýygy-ýygydan duşuşdyk, şonuň üçin ýitirilen köp ýyllardan soň, din meniň bar ünsümi gurşap aldy.

Tina meniň Mesihi – Köne Ähtiň (Töwradyň) uzak garaşylan Mesihini tanamagymy isleýärdi. Ol Mesihiň Köne Ähtiň we Täze Ähtiň merkezidigini, gudratly ruhlanmanyň merkezidigini subut

etmek isleýärdi. Tina meniň iwrit dilinde, Köne Ähtiň dilinde, arkaýyn gürläp bilýändigimi bilýärdi. Ol Mesih hakda gürrüň berýän pygamberlikleriň hemmesini okap berip başlady. Mesih hakda – Onuň dogluşy, durmuşy, görgüleri, haça çüýlenmesi, ölümi we gudrat bilen ölümden direlişi hakda üç ýüze golaý pygamberlik gürrüň berýär. Men bu zatlaryň hemmesiniň Mesih gelmezinden ýüzlerçe we müňlerçe ýyl ozal bolandygyny özüm üçin açdym.

Bu açyş meni haýran galdyrdy. Men ýewreýleriň her gün Köne Ähti okasalar-da, Mesihe (uzak garaşylan Mesihe) ynanmaýandyklaryna haýran galdym. Ýöne aslynda bizi oýlanman okamaklyk däl-de, Hudaý ugrukdyrýar.

Men Mesihiň adatdan daşary Ynsandygyna düşünip başladym. Ol Köne Ähtiň düýp özeni, ýewreýler bolsa, entegem, Oňa garaşyp ýörler. Biz, musulmanlar hem, ähli halklary sud etjek adalatly hökümdara, Mesihe garaşýarys. Mesihiler, elbetde, Mesihiň tutuş adamzady sud etmek we şalaryň Şasy hökmünde patyşalyk etmek üçin gaýdyp gelerine garaşýarlar. Ähli halklaryň – ýewreýleriň, mesihileriň we musulmanlaryň garaşýan bu Ynsany kimkä?

Eger Mesih adaty ynsan bolan bolsa, onda Köne Ähtdäki Musa we yslamdaky Muhammet ýaly pygamberleri bolan beýleki dinler bilen deňeşdireniňde, Özüniň mynasyp bolanyndan has köp zady alardy. Eger ýewreýler Musa, musulmanlar Muhammede garaşýan bolsalar, bu ýerlikli zat bolardy, ýöne hemmeler entegem Isa Mesihe garaşýarlar.

Hatda Isanyň görkezen gudratlaram, beýleki pygamberleriň görkezen gudratlaryndan tapawutlanýar. Tapawut welilik ediji pygamberliklerde däl-de, eýsem, Mesihiň Öz gudratly tebigaty we güýji boýunça Hudaý ýaly bolan ýeke-täk Pygamber bolanlygyndady. Hudaý nädip pygambere öz statusyna we missiýasyna garamazdan, beýle artykmaçlygy – diňe bir ygtyýarlyk we mukaddeslik tebigatynda däl-de, eýsem, Öz söýgüsinde-de, Hudaý bilen partnýor bolma artykmaçlygyny berip biler?

Men fanatik musulman bolmadyk bolsamam, içki göreşim güýçlendi. Men ömrümiň köp böleginde kapyr bolupdym. Gündogarda din nähili güýçli! Onuň biziň genlerimizde, gan öýjüklerimizde, beýnimizde çuň kökleri bar. Çagalykda özümize

siňdiren, içinde terbiýelenen ynamyňy üýtgetmekden kyn zat ýokdur.

Eger gowy hereketler, dogrudanam, erbet hereketlerden agyr bolmaly bolsa, onda ýeterlik derejede gowy hereketleri ýa-da haýyr-sahawat etmek üçin maňa ýene bir ömrüň gerekdigi hakda pikirlendim. Meni öz günälerimden we şöhratparazlykdan kim halas eder? Beýle bolsa, meni kim halas eder?

Şol wagt men özümde Mesihiň söýgüsiniň ösýändigini bilmändirin. Ahyrsoňy, men mundan artyk göreşip bilmän, Hudaýy çagyryp: „Hudaýym, hakyky hem çyn diniň nirededigini maňa aýt. Hudaýa ynanýan dinler Seniň ýeke-täkdigiňi aýdýarlar, ýöne mesele, ine, nämede – Sen entegem bizden uzakda, asmanyň ýedinji gatyndamy ýa-da tende gelip, biziň aramyzda bolup ýörmüň?“ – diýdim.

Men, şeýle hem, Oňa: „Eý, Isa Mesih, eger Sen, dogrudanam, meniň Hudaýym hem Halasgärim bolsaň, onda gara ýüregimi agart, ýigrenjimi bolsa, söýgä öwür, meniň arassa bolmadyk kalbymy mukaddes hem arassa et“ – diýdim. Şeýdip, meniň durmuşym, arzuw hem etmedik ýagdaýymda üýtgäp başlady. Men özümi neşesiz we alkogolsyz doldurýan şatlygy duýup başladym. Meniň tutuş durmuşym üýtgäp başlady.

Häzir meniň aýdyň maksatlarym, düzgünlerim we durmuşymda täze many bar. Mende ugrunda hemme zada döz gelmäge taýýar bolan Hudaýym bar. Onuň barlygy meniň üçin ýeterlikdir. Ahyrsoňy aýalym şatlandy, sebäbi Hudaý onuň gözýaşlaryna we dogalaryna jogap berdi. Indi biziň öýümiz ýygnak, Mesihiň gelni boldy. Biz täze durmuşa, Isa Mesihiň şöhraty üçin gulluk etme durmuşyna başladyk!

Siziň
*Halylyňyz*

# Isanyň Saýlanlary

Biz entek çagakak, kakam bize namaz okamagy öwretdi. Ol mydama namaz okaýardy. Meniň ene-atam ýönekeý adamlar, ýöne olar Hudaýa ýürekden sygynýarlar. Kakam gullukçydy, şonuň üçin bizi gurply durmuş bilen üpjün edýärdi. Men din hakda bilýärdim, diňe namaz okamalydygyny we perenji geýmelidigini bilýärdim. Men mesihilere we mesihilige hiç haçan duş gelip görmändim. Men hakyky bolmadyk din hakda pikirlenmek gadagan edilýändir öýdýärdim.

Men medisina liseýini okadym. Okuwymy gutaranymdan soň, hususy keselhanada işledim. Ol ýerde birnäçe uýalar – mesihiler bilen bile keselhananyň territoriýasynda ýaşadym. Men ömrümde birinji gezek bu diniň adamlaryna duş gelip gördüm. Men her aýda berilýän dynç günlerinden başga wagt aýlaryň dowamynda olar bilen ýaşadym. Olar meniň bilen dostlukly gatnaşyk saklaýardylar. Olar maňa erbet dararlar öýdýärdim, sebäbi olar keselhanada köpçülikdi, biz musulmanlar bolsa azdyk.

Bu mesihiler meniň ünsümi özlerine çekdiler. Men lukmanlaryň birinden öz ünsümi çeken zatlaryň biri, mysal üçin, Mesihiň haçdaky şekili hakda sorap başladym. Ol meniň soraglarymyň hemmesine jogap berdi, şonuň üçin men köpräk bilmek isledim. Bu lukman maňa öz eşiden zatlarym düşündirilýän wagyzlaryň kassetasyny berdi, ýöne men düşünmedim. Men bu ýazgylary gizlinlikde diňledim. Köp zatlar düşnükli boldy. Men Gurhanda Mesih hakda okapdym, şonuň üçim Gurhanda Ol hakda gürrüň berilýän aýatlaryň hemmesini gözläp başladym.

Men bu aýatlary okap, olaryň manysy hakda pikirlenip başladym. Men şonda ol aýatlaryň Mesihe pygambere degişli edilmedik häsiýetleri degişli edýändigini gördüm, bular Hudaýyň häsiýetleridi. Göwnüme men ol aýatlary birinji gezek okaýan ýaly boldum. Meniň gözlerim açyldy. Men bu sözleriň has çuň manysyna we wajyplygyna düşündim. Olary maňa çagalykda örän ýüzleý öwredipdirler.

Men gitdigiçe öz okan zatlarymyň dogrudygyna göz ýetirdim, şonuň üçin lukmandan maňa Üçbirligiň we haça çüýlenmäniň manysyny düşündirmegi haýyş etdim. Ol meniň soraglarymyň hemmesine jogap berdi. Onuň aýdan zatlarynyň hemmesi Mesihiň, dogrudanam, Hudaýdygyny görkezdi, muny hatda Gurhanam tassyklady.

Meniň halypam bolan lukman bir ýyllap işde bolmady, ýöne men barybir okamagymy we gözleglerimi dowam etdirdim. Men her gün Isa Mesihiň Hudaýdygyna köp göz ýetirdim, şonuň üçin hem, öz Rebbim hökmünde kabul etmedigem bolsam, Isa Mesihe doga edip başladym. Bir gün gije men şepagat uýalarynyň umumy ýaşaýyş jaýynda düşekde ýatan ýerimde Mesih hakda oýlanyp, suwda çokundyrylmak we dinimi üýtgetmek üçin näme etmelidigim hakda pikirlendim. Men täze din boýunça ýaşamagy bütin ýüregim bilen isledim, ýöne öz maşgalam biläýse, özüme boljak zatdan gorkýardym.

Men pikirlenmekden ýadap, uklama kararyna geldim. Otagyň içi garaňkydy, ýöne birden men Mesihi gördüm. Ol giň çemenzarlygyň içinde durup, maňa elini uzatdy. Men bolsa, köp adamlaryň içinde gök deňizde gark bolup barýaryn, ýöne adamlaryň hijisem meni halas edip bilmedi. Men özüme gelýänçäm, bu görnüşi üç gezek gördüm. Men joşup durdum. Men Mesihi görendigim we Onuň maňa görnendigi üçin gygyrmamy dowam etdirdim. Dostlarym menden näme bolandygyny soranlarynda, olara hiç zat aýtman, diňe güldüm. Men bu gijäniň öz durmuşymdaky iň bagtly gijedigini duýdum. Meni ozal hiç haçan hem duýup görmedik şatlygym bilen rahatlygym doldurdy.

Soň bolsa, krizis boldy. Men öz imanymdan ýüz öwürmedim, maşgalam bolsa, meni aklyndan azaşan hasaplady. Üç ýylyň

dowamynda olar meni durmuşa çykmaga razy etjek boldular, emma men boýun towladym. Bir gezek bir ýigit maňa özüne durmuşa çykmagy teklip etdi, maşgalamam meni oňa durmuşa çykmaga mejbur etjek boldular. Bir gezek biz Aleksandriýada kurorta gitdik. Şonda oýnap ýörkäk, kakam bilen agam meni deňze itekläp, suwa gark etjek boldular. Men agladym-da, olaryň näme sebäpden beýle edýändiklerini sorap gygyrdym. Olar: „Biz seni gark etmeýäris, ýöne özüňe gelip, şol adama durmuşa çykmasaň, onda şeýle edip biljekdigimizi saňa görkezmek isledik“ – diýdiler.

Men edilen zorluk astynda oňa durmuşa çykjakdygymy aýdyp ýalan sözledim. Biz adaglandyk, şondan soň men keselhanadaky işime bardym. Men hemme zadyň üýtgejekdigine ynanýaryn. Men öz maşgalam bilen gatnaşmagy bes etdim, mundan beýläk hem, näme boljakdygyny bilemok. Men diňe geljekde özüme nähili kynçylyklaryň garaşýandygyna garamazdan, özümiň Mesihi söýýändigimi we Onuň üçin ýaşaýandygymy bilýärin.

*Patma*

# Mesihilikden Yslama, Soň Mesihe

Öz çagalygymyz we ene-atamyzyň ýaşaýyş stili bize täsirini hemme zatdan köp ýetirýär. Çagalykda bolan zatlaryň köpüsi – köp agyryly ýatlamalar edil düýn bolan ýaly ýadyma düşýär. Men kakam bilen ejemiň arasyndaky birgiden dawa-jenjelleriň şaýady boldum. Meniň uýam bardy. Ol ikimiz ejem bilen kakamyň urşandyklary sebäpli, köp gijeler aglapdyk, hatda agşamlyk naharyny iýmänem ýatypdyk.

Kakam baý adamdy, ol maşgalamyzy gowy üpjün edýärdi. Biz mesihidik, ýöne mesihilik hakda hiç zat bilmeýärdik. Kakamyň ýa-da ejemiň haçan hem bolsa bir wagt bize Hudaý ýa-da mesihilik hakda bize gürrüň bereni ýadyma düşenok. Olar bizi hiç haçanam, ýygnaga gitmäge höweslendirmändiler.

Men köp sanly psihologiki meseleleri bolan, bar ünsümi öz kynçylyklarymda jemleýän adamdym. Men ýetginjeklik ýaşyna ýetenimden soň, özümçe öz maşgalamdaky zalymlykdan uzakda ýaşamagy karar edindim. Meniň uýamam, edil men ýaly, öýdäki tertip-düzgüni ýigrenýärdi, şonuň üçin gozgalaň turuzýardy, ýöne onuň ýakyn dostlary kändi. Ol wagtynyň aglaba bölegini öýde däl-de, şolar bilen geçirýärdi. Menem uýamyň göreldesine eýermegi makul bildim. Men öz dünýäjigimi gowy bolsun, etbet bolsun, öz dostlukly gatnaşyklarymy edinmek isledim. Men on alty ýaşymdan başlap çilim çekdim, arak içdim, agşamky şagalaňlara gitdim we aýallar bilen göwün açdym. Ýöne bu keýplerde özümi tapyp bilmedim. Men diňe azajyk pursatlyk bagtly bolýardym. Meniň arzuwlarym çym-pytrak boldy, şol sebäpden hem, özümi betbagt

duýdum. Men özümi iki bölege bölünen daşky bölegi şatlanýan we içip lül bolýan, içki bölegi gaýgylanýan we depressiýa düşýän ruhy näsag ýaly duýdum.

Men uýamdan örän daşlaşdym, ýöne biziň barybir biri-birimize nebsimiz agyrýardy; bizi öýden mahrum etdiler, biz örän gaýgylandyk. Hudaý meni hiç haçanam gyzyklandyrmandy. Men Ony hiç haçan hem tanamandym, bize Ol hakda hiç kim gürrüň bermändi. Men Hudaý bizi ýaradyp, ýeke özümizi goýup gidendir öýdýärdim. Men Hudaýyň göklerde ýaşaýanyna we biziň durmuşymyza goşulmaýanyna ynanýardym. Ol bize nämäniň gowudygyny we nämäniň erbetdigini görkezdi, şonuň üçin günleriiň birinde gowy iş edenleri sylaglamak, erbet iş edenleri jezalandyrmak üçin Öz ygtyýaryny ulanar.

Uýam ikimiz uniwersiteti tamamladyk, ýöne durmuşymyz üýtgemedi. Uýam köp oglanlardan durmuşa çykmaga teklipler aldy, emma ol çürt-kesik boýun towlady. Onuň boýun towlamasynyň sebäbini ejem bilen kakam bilmeýärdi, meniň bolsa, perwaýymada däldi.

Bir gezek men gije sagat üçde öýe serhoş ýagdaýda geldim. Ejem bilen kakam muňa gaty erbet boldular. Men muňa ünsem berip durman, ukladym diýen ýalydym, emma olar egnimden silkeläp, meni oýardylar. Men haýran galdym. Meniň durmuş stilim olara tanyşdy ahyry. Men özüme gelenimde, olaryň gaharlydyklaryna düşündim, sebäbi uýam öýe gelmändir. Biz ony gözledik, polisiýa bölümine bardyk, gözleg yglan etdik, ýöne hemmesi biderek boldy. Ol yzsyz ýitdi.

Uýamyň ýitmegi meni gaty gaýgylandyrdy. Biziň onuň bilen aragatnaşyklarymyz öwerlikli bolmasa-da, men ony örän gowy görýärdim. Biz agyr döwürleri bilelikde başdan geçirdik, ýöne bu barada hiç haçan hiç zat diýmeýärdik. Kakam bilen ejem tükeniksiz dawalaryna we uruşlaryna garamazdan, hasratdan ýaňa öler ýaly hala düşendiklerini duýdum. Olar uýamyň ýitmeginde biri-birini aýyplaýardylar. Olar az gürleýärdiler, ýöne olaryň özlerini nähili duýýandyklaryny men gözlerinden duýýardym.

Bir aý geçenden soň, uýam jaň edip, bizi haýran galdyrdy. Ol musulmana durmuşa çykypdyr-da, özem musulman bolupdyr. Bu

meniň üçin alamat boldy. Men: „Hudaý kim? Haýsy din hakykyka? Näme üçin uýam beýle iş edipdir? Başga diniň özüne çekiji güýji nämede?“ – diýip pikir edip başladym. Men köp soraglaryň üstünde pikirlendim.

Uýam ikinji gezek jaň edende, ejem aglady, kakam bolsa, oňa öýe gaýdyp gelmegini ýalbaryp sorady. Emma ol hemme zady eýýäm çözendigini, resmi dokumentlerini üýtgedendigini, indi özüniň adynyň musulman adydygyny we çaga garaşýandygyny, çagalaryny musulman edip terbiýelemek isleýändigini aýdyp jogap berdi. Men bu zatlary eşidenimde, haýran galdym we onuň bilen duşuşmak isledim. Uýam maňa özüniň täze salgysyny berdi.

Men ony görmäge gitdim. Ol ozal hiç haçan etmedik zadyny edip, meni gyzgyn garşy aldy. Onuň adamsy meniň bilen salamlaşdy we maňa dostlukly darady. Men olardan yslam hakda soradym, olaram maňa yslamyň ähli položitel taraplary hakda gürrüň berip başladylar. Olar meni mesihiligiň nädogry taglymatdygyna we politeizmdigine ynandyrmaga çalyşdylar. Men öz dinim hakda hiç zat bilmeýärdim, şonuň üçin deňeşdirip bilmedim we örän kabul ediji boldum. Olar maňa uly täsir etdiler, menem boş aklym we agyryly kalbym bilen olaryň ideýasyny kabul etdim. Men olara özleriniň meni ynandyrandyklaryny, ýöne soň gelen kararyma ökünmeli bolmaz ýaly, hemme zat hakda pikirlenmek üçin köp wagtyň gerekdigini aýtdym.

Men bu zatlaryň hemmesi hakda pikir edip başladym. Men öz uýamyň özüniň täze dininde bagtlydygyny gördüm. Men: „Ol, dogrudanam, bagtlymyka? Öz täze dininiň däpleri ony kanagatlandyrýarmyka? Hudaý onuň dogalaryna jogap berýärmikä?“ – diýip pikir etdim. Bu pikirler meni horlaýardy, ýöne muny hiç kim bilmeýärdi. Men bu täze dinde Hudaýy we özümi tapmaga umyt baglap, eýýäm karara gelipdim. Men hemme zat hakda gürleşip, dokumentlerimi taýýarladym.

Men ýatmazymdan öň, telefon jyňňyrdady. Oňa ejem jogap berdi-de, meni telefona çagyrýandyklaryny aýtdy. Men trubkany alanymda, ýakymly mesihi sazyny we zenan sesini eşitdim: „Siz maňa häzir özüňiz bilen duşuşmaga rugsat edersiňizmi?“

Men haýran galdym-da, ondan: „Siz meni tanaýarsyňyzmy? Men sizi tanamok. Size meniň belgimi kim berdi? Siz näme üçin meniň bilen duşuşmak isleýärsiňiz?“ – diýip soradym. Ol meniň bilen Hudaýa doga etmek isleýändigini aýdyp jogap berdi.

Bu wagt men eýýäm öz maşgalama we dostlarymyň birnäçesine özümiň yslamy kabul etmek isleýändigimi aýdypdym. Men indi öz ene-atamdanam, ýygnakdanam, hatda Hudaýdanam gorkmaýardym. Meniň göwnüme özüm hak Hudaýy yslamdan tapjak ýaly bolup durdy. Boş durmuşda ýaşanymdan soň, öz janymy halas etmegi men hemmesinden-de köp isleýärdim.

Dostlarym meniň bilen gürleşmäge, meniň bilen bile Hudaýa doga etmäge, meni ýygnaga alyp gitmäge köp gezekler synanyşdylar. Ýöne men öz kararyma gelmekde özümiň azatdygymy aýdyp, çürt-kesik bu zatlara garşy çykypdym. Bu gezek hemme zat başgaça boldy. Men ikirjiňlenip durman, bu aýaly çagyrdym-da, oňa öý salgymy berdim. On bäş minutdan soň, gapynyň jaňy jyňňyrdady. Adaty tanyşlykdan soň, ol aýal meniň bilen bile Hudaýa doga etmeklige rugsat sorady. Men razy boldum, özümem adaty bolmadyk ýagdaýda asudadym. Men hatda ondan özüm hakda nädip bileninem soramadym. Ol Hudaýa doga etdi, men bolsa agladym. Ol hak Hudaýdan meni goldamagyny we dogry karara gelmeklige ugrukdyrmagyny sorady.

Bu aýal bilen bilelikde adamsy hem olaryň kiçijik gyzjagazy gelipdi. Kiçijik gyzjagaz maňa seredip, Isanyň meniň üstüme suw guýýanyny görýändigini aýdanda, men aňk bolup galdym. Olar maňa bu görnüşiň Isanyň meni suw bilen çokundyrýanyny aňladýanyny, Onuň meniň Özi bilen bolmagymy isleýänini görkezýändigini, sebäbi meni söýýändigini düşündirdiler. Olar menden özleri bilen ýygnaga gider ýaly, irden duşuşmagy haýyş edtiler, sebäbi maňa Mesih bilen gepleşip başlamak gerekdi we öz dinim barada hemme zady bilmelidim.

Olar maňa irden jaň etdiler, menem olara özümiň näme isleýänime ynamly däldigimi aýtdym. Olar gelip, meni ýygnaga alyp gitdiler. Biz ýygnak binasyna baryp girenimizde, aýal meniň ýanyma geldi-de: „Men size bir zat aýtmaly...“ – diýdi. Ol ikirjiňlenýän

ýaly bolup göründi. Ol maňa ýene seretdi-de: „Isa size: „Men ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn“ diýýär“ – diýdi. Men agladym. Bolup geçýän zatlaryň hemmesi meni gaty tolgundyrdy. Men öz soraglaryma Hudaýyň beýdip jogap bererine we Mesihiň meniň ýolum, hakykatym we ýaşaýşymdygyny aýdaryna garaşmandym.

Meniň durmuşym gowulyga tarap üýtgedi. Men ýygnaga yzygiderli gatnap başladym we Hudaýy tanadym. Men Hudaý uzakdadyr öýdýärdim, ýöne Ol meni täzeçe halas etmek üçin geldi, sebäbi Ol meni söýýärdi. Men öz durmuşymdaky erbet zatlaryň hemmesinden – arakhorlukdan we zynahorlukdan el çekdim. Men ejem bilen kakama başgaça seredip başladym. Men olary Hudaýa getirdim. Birden hemme zat üýtgedi duruberdi. Häzir biz ýygnaga gatnaýarys we öýde Hudaýa doga edýäris. Jedeller bilen uruşlar biziň öýümizden hemişelik gitdi, sebäbi Hudaý biziň her birimiziň ýüregimize giripdi. Biz uýam üçin Hudaýa güýçli doga edýärisde, Hudaýdan ony halas etmegini we bize gaýtaryp getirmegini soraýarys.

*Aşraf*

# Men Ölüdim, Emma Indi Direldim

Men on dört çaganyň ýedinjisi. Biz gür ilatly garyp etparçada ýaşaýarys. Bu ýerde musulmanlaram, mesihilerem ýaşaýarlar. Men musulman maşgalasynda ulaldym. Kakam güzeranymyzy dolandyrmak üçin agyr işlerde işleýärdi, ol bizi eklemek üçin gije-gündiz işleýärdi. Biz, oglanlar, wagtymyzyň aglaba bölegini köçede ylgap geçirýärdik. Bizi açlyk ýygy-ýygydan itekleýärdi, şonuň üçin hem, ir ertir ýapyk dükanlaryň öňünde duran çörekleri we süýtli çüýşeleri ogurlaýardyk.

Çagalykda men okamagy gowy görmeýärdim, şonuň üçin meni mekdepden kowdular.

Ýekşenbe günleri sapak bermek üçin çagalary köçeden alyp gidýän takwa mesihi aýaly entegem meniň ýadymda. Ol bize Isa Mesihiň ähli adamlara bolan söýgüsi hakda gürrüň berýärdi, bize ruhy filmleri görkezýärdi we Mukaddes Kitapdan parçalary okap berýärdi. Sapagyň ahyrynda ol bize süýji bilen süýji suw paýlaýardy. Ol biziň bilen mylakatly, ýakymly gürleşýärdi, şonuň üçin onuň ýanynda özümizi erbet alyp baraýsak utanýardyk.

Çagalar bilen hiç kim gyzyklanmaýardy. Klubam, gurama-da ýokdy, diňe şu mähirli aýal bardy. men çagakam Roždestwo, Pesah ýaly mesihi baýramçylyklaryny gowy görýärdim. Bular şadyýan baýramçylyklardy.

Özümi mekdepden kowanlaryndan soň, men işläp başladym. Ilki portda işledim, soň hem, başga ýerlerde. Ýöne men wakkumda ýaşadym, bu gaty erbet wakkumdy. Men ýalňyzdym, mende özüme perwaýsyz seretmeýän dostlarymam, tanyşlarymam ýokdy. Men

diňe bir zat bilen, pula bolan söýgi bilen herekete gelýän maşgalada ulaldym. Men materialistdim, puluň guludym.

Mekdepden kowulmagym maňa erbet täsir etdi. Men öz kynçylyklarymy ýatdan çykarmak üçin alkogola ýykgyn edip başladym. Men şol kynçylyklaryň çözgüdini kart oýnundan we içgiden tapmaga çalyşdym. Men durmuşda keýp çekmeli we pul toplamaly diýip hasaplaýardym. Meniň doganlarym söwda edip, gowy gazanç edip başladylar. Meniň olara gözüm gidýärdi, şonuň üçin hem, öz telekeçiligimi başlama kararyna geldim. Maňa kiçiräjik dükan açmak başartdy, şondan soň jübime pul akyp başlady, emma men rahatlyk tapmadym.

Tutuş üç ýyllap men ölüm halyndaky boşlugy duýdum. Maşgalada kynçylyklar ýüze çykyp başlady. Erkek we aýal doganlarymyň maşgala durmuşy oňmady, kakam garrady, ejem syrkawlady. Kynçylyklaryň hemmesi meniň üstümdedi. 1982-nji ýylda men gulagyma çenli bergä batdym. Bu dowamly bulam-bujarlyklaryň hemmesi meni çuň depressiýa alyp bardy. 1986-njy ýylyň ahyrynda meniň „ýelimim“ doly gutardy.

Bu pytramadan öňki durmuşyma nazar aýlanymda, men özümiň arakhor bolandygyma düşünýärin. Iki ýylyň dowamynda, 1982-nji ýyldan 1984-nji ýyla çenli aşa köp içdim.

1984-nji ýylda men agyr psihologiki ýarawsyzlygymy bejertmek üçin Fransiýa gitdim. Ol ýerde meni bir aýlap bejerdiler, ondan soň öýe gaýdyp geldim. Men öz dükanym bilen telekeçiligimiň doly weýran bolanyny görenimde, agyr hala düşdüm.

1986-njy ýylyň awgustynda aşgazanymda we tutuş bedenimde gaty erbet agyry duýdum. Men huşumdan gidipdirin, şonuň üçin meni keselhana alyp gidipdirler. Men örän agyr ýagdaýda boldum. Bütin endamym işlemeýär diýen ýalydy. Iki hepdeden gowrak wagtyň dowamynda dostlarym hem ýakynlarym keselhana baryp meni gördüler. Olar meni tizara öler öýtdüler. Olaryň biri mesihi gullukçysydy. Kiçigöwünli hem söýgüsi bolany üçin ol meniň ýadymda galypdy. Meniň beýleki mesihi dostlarym hem görmäge gelip, meniň üçin Hudaýa doga etdiler.

Şol wagt keselhanadaky şepagat uýalarynyň hemmesi iş taşlaýyş etdiler, şol sebäpden hem syrkawlaryň hemmesini keselhanadan

çykarmaly boldular. Men bolsa, keselhanada galmaly boldum. On ýedi gün bejeriş alanymdan soň, men kakynly keseline uçrap, düşekden atylyp turýardym-da, golaýymdakylaryň hemmesine topulýardym. Men kislorod berijini aýryp, huşumdan gitdim. Lukmanlar meniň ölmeli wagtym gelendir öýdüpdirler.

Lukmanlar maňa seredip, bir sagat geçenden soň öldi diýen netijä gelipdirler. Olar ölüm hakyndaky şahadatnamany bermek üçin meniň maşgalamy çagyrypdyrlar. Men şunuň ýaly ýagdaýda bolan wagtymda, özüme degip duran ýiti ýagtylygy gördüm we maňa üç gezek: „Tur!“ – diýen sesi eşitdim. Men Isa Mesihi gördüm. Şol ýiti ýagtylykda Ol maňa göründi.

Maşgalam meni, merhumy, keselhanadan alyp gitmek üçin tabyt getiripdir. Men nähili ýagdaýda bolan bolsam-da, öli ýa diri bolan bolsam-da, Isa özüme görünenden soň, tenime jan girdi-de, gözlerimi açdym. Lukmanlar gelip, meniň diridigimi görenlerinde, haýran galdylar. Olar meniň kartoçkama bu keseliň „örän seýrek duş gelýän, täsin hem düşündirip bolmaýan ýagdaýdygyny“ ýazypdyrlar. Men özümi hut Isa Mesihiň direldenine ynanýaryn. Ol: „Men ýol, hakykat hem ýaşaýaşdyryn“ (Ýahýa 14:6) – diýdi.

Men keselhanadan örän ejiz ýagdaýda gaýdyp geldim, ýöne täzeden doglupdym, sebäbi Isa Mesihe öz Halasgärim hökmünde iman edipdim. Men Oňa: „Rebbim, eger Sen maňa ýaşaýyş bermek isleýän bolsaň, onda, goý, ol Seniň adyňy şöhratlandyrmak üçin bolsun“ – diýdim. Men täze durmuşa başladym. Men hemme zada täze nukdaýnazardan seredip başladym. Men mesihi doganlarym bilen bile bolmak isledim. Men köçede barýarkam, adamlar meni görkezip: „Ol ölüp direldi“ – diýýärdiler.

Reb Isa Mesih meniň durmuşymy özgertdi. Bir gezek men kitap dükanynyň deňinden geçip barýarkam, birazrak wagtlap ikirjiňlenip duranymdan soň, onuň gapysyny kakdym. Gapyny ýakymlyja bir aýal açdy-da, meni içeri girmäge çagyrdy. Men beýleki kitaplaryň arasynda Mukaddes Kitaby görenimde, oglanjykkam bize ýekşenbe mekdebinde ders beren aýal ýadyma düşdi. Men bu aýal şol bize ders beren aýal hakda bir zatlar bilýändir öýdüp, ol hakda ondan soradym. Bu aýal: „Elbetde, men ony tanaýaryn. Ol garrylar öýünde, belki-de, ol eýýäm ölendir“ – diýip jogap berdi.

Men ertesi güni ony baryp görmegi ýüregime düwdüm. Men içeri girenimde, kürsiniň üstünde uklap ýatan aýaly gördüm. Men ýekşenbe mekdebinde özümiziň aýdan aýdymlarymyzy ýada saldym-da, ony aýdyp başladym. Ol aýal gözlerini açdy-da: „Siz kim?“ – diýip sorady.

Menem: „Men Seýit. Men ýadyňyza düşýärinmi?“ – diýip jogap berdim.

Men oňa öz durmuşym we mesihi bolşum hakda gürrüň berdim. Ol: „Gaty gowy, ýöne Seýit, durmuşyňda Rebbe wepaly bol!“ – diýdi.

Men Isa Mesihe iman etmek bilen öz ýoluma başladym. Men Mukaddes Kitaby okap we Reb bilen ýaşap başladym. Men açdym, şol sebäpden hem, teşneligimi Ýaşaýyş Sözünden gandyrjak bolup, köp okadym. Ejizliklerimiň we kemçiliklerimiň içinde Rebbiň öz güýjümi dikeldýänini gördüm. „Men asyrlaryň ahyryna çenli siziň bilendirin“ (Matta 28:20) – diýip, hut Hudaýyň Özi söz berdi.

Şeýle hem Ol: „Men dünýäniň nurudyryn. Meniň yzyma eýeren garaňkylykda gezmez, onda ýaşaýyş nury bolar“ (Ýahýa 8:12) – diýdi.

Hudaý bilen gatnaşyk, hakykatdan-da, ajaýyp zatdyr. Men Hudaýy tapanymda, meni bütin durkum bilen adaty bolmadyk rahatlyk gurşap aldy. Men atanyň öz ýiten ogly hakda aýdan zadyny aýdyp biljek: „Çünki meniň bu oglum ölüdi, direldi, ýitipdi, tapyldy. Şeýdip, şatlanmaga başlady“ (Luka 15:24).

Birwagtlar men ölüdim, ýöne direldim, ýitipdim, indi bolsa, tapyldym.

*Seýit*

# Meniň Hudaýy Tanaýşym

Gowusy men öz boýun almamy durmuşymda we Özüni iman bilen gözleýänleriň durmuşynda ullakan özgerlişikleri geçireni üçin Hudaýa ak ýürekden çuň minnetdarlyk bildirmekden başlaýyn. Hudaý meni Öz güýji, ygtyýary bilen alyp bardy we ýolbarslaryň gowagyndan halas etdi. Her neneň täsin bolsa-da, bu özgerlişik meniň ilkibaşdaky islegimiň netijesi bolmady, öz eşiden zatlaryma ýa-da ruhy çopanyň we hoşhabarçynyň wagyzlaryna bolan garaýşymyň netijesi bolmady. Gaýtam, men Öz Sözüne we Öz adamlarynyň üstüne hüjüm eden wagtymda, Hudaý meni içinden çykyp bilmejek tor tutmak üçin hemme zady taýýarlady.

Ol Özüniň azaşan ogluny gözleýän diri Hudaý. Ol toba gelýän her bir adama Öz elini uzadýar. Ol bu dünýäde ýiten islendik adama Öz nuruny berýär. Ol içini ruhy baýlykdan, arassalykdan we mukaddeslikden doldurmak üçin weýran bolup barýan her bir görgüli öýüň gapysyny ýuwaşjadan kakýar. Ol sahylyk bilen berýär, ýöne eden zadyna ökünmeýär. Ol bize öz işlerimize laýyklykda bermeýär-de, Öz merhemeti boýunça berýär.

Her gezek öz boýun almamy ýazmakçy bolanymda, men çişirip ýazmadan gorkýardym, men özümi pýedestalda goýmaklaryny islemeýärdim. Bu meniň tagallam däl, bar şöhrat Hudaýyňkydyr. Mende tekepbirlik entegem bar. Sebäbi men diri Hudaýyň, meni tapyp, ozal hiç haçan görmedik nurumy görmegim üçin gözlerimi açan Hudaýyň yzyna eýerijilere zalym daradym diýip pikir etdim.

Indiki sahypalarda siz iblis bilen içimde ýaşaýan, maňa gutulyşy teklip edip, Öz gujagyny açan Mukaddes Hudaýyň arasynda

bolan bu göreşde ýan bermekden başga alajymyň galmandygyny okarsyňyz. Men Eýýup bilen bilelikde:

„Sen hakda gulagym bilen eşidipdim, Indi Seni öz gözlerim bilen gördüm“ (Eýýup 42:5) diýip, Dawut ýaly:

„Mende tämiz ýürek ýarat, eý Hudaý, içime täzeden durnukly ruh ber“ (Zebur 51:10) – diýip bilýärdim.

Reb Isa Mesih Hudaýyň ebedi Sözüdir. Ol – ýol, hakykat we ýaşaýyşdyr; Oňa iman edýän adam ölmez; Onuň ýanyna gelen açlyk, suwsuzlyk duýmaz; Ol Ilkinji hem Soňkudyr, Alfa hem Omegadyr, Reb – Isa Mesihdir.

## *Mesihe iman getirmezden öňki durmuşym*

Maňa Mesihe iman etmezden öňki durmuşym hakda gürrüň bermek gerek, sebäbi meniň durmuşym, biz Özüne garşy çyksagam, Isanyň bizi şeýle güýçli söýýändigini görkezýär. Çopanyň öz ýiten goýnuny gözleýşi ýaly, Ol hem bizi gözleýär.

Men örän dindar maşgalada doguldym we önüp ösdüm. Men olaryň göreldesine öz islegim boýunça eýerdim, ýöne maşgalamyň maňa öz täsirini ýetiren bolmagam ahmal. Men ýokarky Müsüriň kiçijik obasynyň golaýyndaky, uzak etrapdaky, Kairden 200 km. günortada ýerleşýän kiçiräk Kottabda (yslam mekdebinde) okap başladym.

Ilki men diňe biziň mekdep meýilnamamyzda öňden taýýarlanylyp düzülen Gurhanyň aýatlaryny ýöne bir öwrenmek bilen gyzyklandym. Kem-kemden gyzyklanmam has şahsy görnüşe eýe boldy, meni Hudaýyň söýgüsi herekete getirdi. Şol wagtlarda Ýokary yslam mejlisi mekdep okuwçylarynyň arasynda Gurhany bilmek boýunça her ýyl ýaryşlary yglan edýärdi, muňa respublikanyň mekdepleriniň hemmesi gatnaşýardy. Ejem menden bu ýaryşa gatnaşmagymy sorady, menem oňa gatnaşyp, birinji ýeri eýeledim-de, baýrak, 10 müsür funtuny aldym. Meniň kakam muňa örän begendi. Ol pul baýragyny almak üçin her ýyl bu ýaryşa gatnaşmagy dowam etdirmegimi maňa maslahat berdi.

Men Gurhany tutanýerlilik bilen güýçli öwrendim. Başlangyç mekdebi gutaran wagtymda, men eýýäm Gurhanyň 15 bölümini

bilýärdim, orta mekdebi tamamlanymda bolsa, eýýäm tutuş Gurhany ýat tutupdym. Ol wagtlar men tutuş uly maşgalam, şol sanda iki doganoglanym we kakamyň iki erkek dogany bilen ene-atamyň öýünde ýaşaýardym. Doganoglanlarymyň biri fanatik musulmandy. Ol El-Azhar yslam uniwersitetinde okaýardy. Ol meni kitaplary okamaga yrdy, käwagt bolsa, olary maňa özi satyn alyp berýärdi.

Soň meniň ene-atam we biz çagalar aýratyn öýe göçdük. Meniň doganoglanym hem, metjitleriň birinde wagyz etmek üçin arap döwletleriniň birine gitdi. Ol şol ýerde iki ýyl ýaşady. Ol gaýdyp gelende, özüne jennete düşmäge kömek edip biljek hakyky yslamy bilmeýändigini, sebäbi biziň örän az bilýändigimizi maňa aýtdy. Şeýle hem, ol zalym hökümdardan gaçmagy başaran birnäçe yslam ýolbaşçylaryň we ymamlaryň duşuşandygy hakda gürrüň berdi. Ol menden ymam Itn Temmemiň, şyhlar Said Kotb bilen Ibn Hazem Al Zaheriniň birnäçe kitaplaryny çuň öwrenmekligi haýyş etdi. Käbir kitaplaryň kyndygyna garamazdan, olar maňa diýseň ýarady. Olar eýermek isleýänleriň her biri üçin akla sygmajak derejede agyr bolan ýoly teklip edýärdiler. Mysal üçin, men: „Kapyrlar bilen bile çörek iýýänler ýa-da ýaşaýanlar hem, edil şolar ýaly bolýar“ – diýen sözleri tapdym.

Şol pursatdan başlap, meniň dini durmuşyma täze faza geldi. Men töweregimdäki adamlara ýiti seredip başladym: kim kapyr, kim musulman. Şeýle hem, men kimiň hakyky musulmandygyna, kimiň däldigine düşünmekde özüme kömek edip biljek Gurhan aýatlaryny saýlap başladym. Men olaryň her biri bilen edýän gatnaşyklarymyň tebigatyna düşünmek isledim. Ahyrsoňunda men örän agyr ýagdaýa düşdüm, sebäbi bu sözleriň ölçeglerine laýyklykda meniň kakamyň kapyrlaryň biri bolup durýandygynyň üstüni özüm üçin açdym, sebäbi çilim çekýärdi we sakal goýbermeýärdi. Ejem namaz okamaýardy, ol adamlara köp at dakýardy. Meniň erkek doganlarym hem kapyrdylar, sebäbi olar telewizora seredýärdiler we çilim çekýärdiler. Olaryň käbirleri bäş wagtyna namaz okamaýardylar we sakal goýbermeýärdiler. Mesihiler ýaly musulman dällere „kapyrlar“ diýýän bolsalar-da, men öz maşgalamy hem şol derejä tutanýerlilik bilen degişli edýärdim.

Men öz erkek doganlarym üçin gaty gaýgylandym welin, hatda olara okamaga-da päsgel berdim. Şeýle hem, men kakamdan ejem bilen aýrylyşmagyny haýyş etdim, sebäbi ol maňa tabyn bolmaýardy. Bu bolsa, elbetde, kakamy gaty gaharlandyrýardy. Men şeýle netijä geldim: kakam, ejem we erkek doganlarym – kapyrlar. Men öz doganoglanymdan olardan daşrak durmalydygymy soranymda, ol muny tassyklaýjy jogaby berdi. Men ondan, eger olar bilen gatnaşygymy kesmeli bolsam, onda özümiň nirä gitsem boljakdygyny soranymda, ol meni öz ýanynda ýaşamaklyga çagyrdy.

„Sende agaň bilen onuň aýalynyň ynamy babatda nähilidir bir şübhäň barmy?“ – diýip sorady.

Menem: „Ýok, olar hakyky dindar adamlar“ – diýip jogap berdim.

„Öz zatlaryň hemmesini alyp gel-de, meniň bilen bile öz öýüňdäki kapyrlardan uzakda ýaşa“.

Şeýdip, men zatlarymy ýygnap, maşgalamy terk edip gitdim. Ejem hem erkek doganlarym meniň bilen aglap hoşlaşdylar. Olaryň gözýaşlary maňa täsir etmedi. Mende mundan artyk kapyrlar bilen bile bolmazlyk babatda berk niýetim bardy. Men Hudaý üçin öz öýümden gidýändigime diýseň begenýärdim.

Doganoglanym Kairde ýerleşip, Al-Azhar uniwersitetiniň golaýynda bir jaýy kireýine aldy. Ol eýýäm uniwersiteti tamamlap barýardy, şonuň üçin men kakamyň öýüne özümi kiçeldip gaýdyp barmalydym. Men doganoglanymdan: „Meniň kakamyň öýüne gaýdyp barmagym günä bolýar diýip pikir etmeýärsiňmi?“ – diýip soradym.

Ol: „Ýok, sebäbi gutulgysyzlykda kanun ýokdur, mätäçlik bolsa, gadagan edilmäni aklaýar“ – diýip jogap berdi.

Ol Gurhandan şu aýady aýtdy:

„Ol size diňe haram öleni, gany, doňuz etini
we Alladan özgä niýetlenip soýlan mallary haram etdi.
Indi kimde – kim zalym we hetden aşmadyk ýagdaýda
mejbura düşse, günäkär bolmaýar.
Elbetde, Alla magrypat ediji, rehimlidir!“ *(2 süre 173-nji aýat)*.

Men muny eşidip, asmanyň sekizinji gatynda boldum. Men orta mekdebiň soňky ýylynda okaýardym, şonuň üçin hiç kim diniň okuwa zelel ýetirýänini aýtmaz ýaly, gaty janypkeşlik bilen okamagy makul bildim. Men mekdepde orta bilim hakyndaky şahadatnamamy ýokary bahalar bilen tamamladym-da, Kair uniwersitetiniň medisina fakultetine okuwa girdim.

Meniň aklym ýuwaş-ýuwaşdan doganoglanymyň aňyma guýan pikirlerinden saplanyp başlady. Içinde 20-nji ýüzýyllykda kanundan çykan diýlip yglan edilen „Al – Takfer we Al Hiýra“ yslam toparlarynyň pikirleri bolany üçin doganoglanymyň özüme okamagy gadagan eden köp kitaplaryny okadym. Men bu adamlaryň näme hakda gürrüň edýändigini bilmek isledim.

Medisina fakultetinde men kiçijik gizlin toparlaryň öňe sürýän syýasy akymlarynyň köpüsine duş geldim. Men mugallymymyzyň ýolbaşçylyk edýän dini toparyna girmek isledim. Ol mugallym kätip hem bolup durýardy. Ýene bir adam toparyň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklara gözegçilik edýärdi.

Bu toparyň içinde men köp kynçylyklara duş geldim. Toparyň agzalary musulman däller bilen gatnaşyklarynda yslama düşünmekden uzak bolan adaty yslam durmuşynda ýaşaýardylar (men mesihileri däl-de, hut musulmanlary göz öňünde tutýaryn). Meniň dini tekepbirliklerimiň hemmesi ösdi. Men hökümete we režime garşy çykyş edýänleriň statusyna ýetmeklige örän dyrjaşýardym. Şeýdip, men kiçiräk topar döredip, topara yslama öz düşünişimi öwretdim. Men topardakylaryň özüme wepalydyklaryny we maňa tabyn bolýandyklaryny duýdum. Biz topar bolup, metjitden uzak bolan ýerlerde namaz okadyk, sebäbi biz oňa Muhammet pygambere päsgel bermek üçin ýewreýleriň guran zady bilen deň derejede duran zat hökmünde düşündik.

Şeýdip, men adamlara özleriniň yslama düşünişlerine laýyklykda seredip başladym. Eger kimdir biri biziň aýdýan zatlarymyza garşy çykan bolsa, biz kapyr hasaplanardyk, şonuň üçin bize mynasyp bolan ýagdaýymyzda serederdiler:

> „Möminler möminleri goýup, dinsizleri dost tutunmasynlar...“ *(Süre 3:28)*.

Bu maňa kyn däldi. Biz Muhammet pygamberiň göreldesine eýermegi diýseň isleýärdik.

Biz mydama Garyň ogly Abu Obeýdi göz öňüne getirýärdik. Muhammet pygamber onuň milletiň lideri bolandygyny we kakasy yslamy kabul etmekden ýüz öwrende, öz kakasyny öldürendigini aýdypdyr. Biz öz ejesiniň haýyşlaryna gulak asman, yslamdan boýun towlandygy sebäpli, ejesini ölüm halynda goýup giden Omaryň ogly Mosaaby ýada salýardyk. Öz kakasyna eger yslamy kabul etmese, onda öldürjekdigini aýdan Abu Bakry ýatlaýardyk. Bu zatlaryň hemmesi sebäpli, biz yslamy biziň kabul edişimiz ýaly kabul etmekden boýun towlasalar, öz maşgalalarymyza we dostlarymyza has gazaply daraýardyk. Hatda durkum bilen fanatizme berlen bolsam-da, ejem bilen kakama, erkek hem gyz doganlaryma gygyrmak we olary öldürjegimi aýdyp haýbat atmak kyn düşýärdi, ýöne meni Alla we pygambere tabyn bolma islegi herekete getirýärdi. Men Hudaýa tabyn bolýanlaryň statusyna ýetmek isleýärdim. Men Muhammet pygamberiň: „Allany we pygamberi puldan, çagasyndan, hatda özünden-de güýçli söýýänçä, siziň hiç biriňiz hakyky musulman bolýan dälsiňiz“ – diýen sözlerini mydama özüme ýatladyp ýörýärdim.

Gurhana we Sünnä laýyklykda bize adamlaryň sektasyna, ýewreýlere, aýratynam, mesihilere bolan öz garaýşymyzy kesgitlemek gerekdi, sebäbi Müsürde ýewreýler ýaşamaýar, käbirleri ýaşaýan ýagdaýda hem, olar hiç kim bilen gatnaşmaýarlar. Muhammet pygamberiň mesihilere bolan garaýşyny öwrenenimizden soň, biz ýeterlik derejede gaýgyly keşbi tapdyk. Biz muny kabul etdik, sebäbi olaryň ýönekeýligine, mylakatlylygyna we musulmanlar bilen dostlukly gatnaşyklaryna gözümiz gitdi. Olar gaty täsin asudalyk bilen biziň özlerine garşy aýaga galdyran uruşlarymyza we çaknyşyklarymyza çydam etdiler. Biz bolsa, musulmanlaryň arasynda mesihileriň azlygy üçin olar özleriniň aýratyn ýaşaýan ýerinden çykmajak bolup edýän bolgusyz işidir öýdýärdik. Biz olaryň edip biläýjek ýeke-täk zady – bu mekirlik bilen gahary gizläp, musulmanlar bilen gowy gatnaşykda bolmakdyr, ýogsam, olara biziň aramyzda orun bolmaz öýdýärdik. Gurhan olar hakda hut şeýle diýýär:

„Olar Allanyň gazabyna duçar boldular. Muňa sebäp olaryň Alla eradasyny inkär edendikleri we pygamberleri nähak heläk edendikleridir...“ *(2:61)*.

Mesihileri ýigrenýändigimiz üçin biz olara azar berýärdik, köçede olara topulýardyk, emma olar muňa ýüregedüşgünç kiçigöwünlilik bilen jogap berýärdiler. Biz öňküden-de beter gazaplanyp, olary gynamagy we gorkuzmagy planlaşdyryp başladyk. Biz olary öldürmäge, emläklerini we öýlerini talamaga Hudaýyň rugsat berýändigini bildik. Gurhanda ýazylyşy ýaly, olaryň ähli emläklerini musulmanlara Hudaýdan „mugt“ berlen zat hasaplamagyň zerurdy.

„Allanyň oba – şäherleriň (kapyr) ilatyndan Öz pygamberine olja edip beren närseleri ... Allanyňky, pygamberiňki...“ *(59:7)*.

Bu edil pygamberiň Bani Kuraýzahyň ýewreýleriniň daşyny gurşap alanda, olaryň ýaş ýigitlerini öldürişi, aýallaryny ýesir alşy, ýerlerini gabaýşy we olary şäherden kowşy ýaly, olaryň emläklerini göreşsiz almagyň zerurdygyny aňladýar.

Biz pygamberiň eden zadyny edip bilmedik bolsagam, mesihileriň dükanlaryna atylyp girip, olary talaýardyk. Olaryň meniň ýaşan obamyň dürli künjeklerindäki ýygnak binalaryna hüjüm edenimizde, ýüreklerimizdäki gazap hem ýigrenç güýçlenýärdi. Esasy operasiýa wagtynda, olaryň ýygnak binalarynyň birini weýran etmeklik planlaşdyryldy. Bu hüjüm hökümeti biynjalyk etdi, sebäbi koptly mesihiler bu hüjüme garşylyk görkezdiler. Şol bir wagtyň özünde-de, hökümet bu wakadan göwnühoş ýaly bolup görünýärdi, sebäbi türmede bize gowy garaýardylar.

Türmedäki möhletimizi oturyp çykanymyzdan soň, obadaşlarymyz bizi gahryman hökmünde kabul etdiler. Bu bolsa, bizi mesihilere azar bermegi dowam etdirmäge höweslendirdi, ýöne tussag edilmez ýaly, örän seresap bolmalydyk. Bu wakalaryň hemmesi gysga wagtyň içinde bolup geçdi. Men şol hüjümler bilen has güýçli gyzyklanýardym, şonuň üçin bu täzelik meniň talyp dostlarymyň arasynda derrew ýaýrady. Netijede „Al – Takfeer we Al – Hiýra“

yslam toparlarynyň baş liderleriniň biri meniň bilen duşuşyp, çuň minnetdarlyk bildirmek we meniň aşa batyrlygyma hem Hudaýa we Onuň pygamberine bolan söýgime guwanýandygyny aýtmak isledi. Onuň „Şukti“ toparyna degişlidigini men bilýärdim, şol sebäpden hem, men muňa örän göwnühoş boldum. Men olaryň biri bolmak isleýärdim. Bu lider meniň bilen eden gürrüňdeşliginde örän seresapdy. Tomusky dynç alyş wagtynda, biz lukman talyplaryň yslam topary üçin lager gurnadyk. Bu lageri gurnamak üçin maddy goldawy biz uniwersitetiň administrasiýasyndan aldyk. Lageriň maksady yslam konsepsiýalaryny ara alyp maslahatlaşyp, wagtyňy köpräk geçirmekden ybaratdy.

Lagerden soň, dostum meniň yslam topary hakda näme pikir edýändigimi we olara goşulmak isleýändigimi sorady. Ol Hudaý bilen, Onuň Sünnisi we Onuň pygamberi bilen barýan topara girmegiň wajyplygy hakdaky sözleri Hadyslardan getirip aýtdy. Şol sözleriň içinde: „Wepalylyga kasam etmän ölen kişi, yslamdan öňki kapyr kimin bolup ölýär“ – diýen jümle bardy. Ol, şeýle hem, „Toparsyz yslam ýokdur; emirsiz topar ýokdur“ – diýdi.

Hudaýy we pygamberi söýýändigim üçin yslam toparyna girmegiň iň gowy zatdygyny duýdum. Meniň yslama düşünişime iň ýakyn bolan topar hut şudy. Olar toparyň Kairdäki agzalarynyň biriniň öýünde meniň emir bilen boljak duşuşygymy gurnadylar. Men Şokri emiriniň elini gysyp, oňa: „Seniň biwepalylygyňa şaýat bolýançam, saňa ikirjiňlenmän gulak asmaga we tabyn bolmaga söz berýärin“ – diýdim. Wepaly boljakdygyňa kasam edip aýdan sözleriň ýöne bir gaýtalaýan sözleriň däldi, ony aýtmak bilen sen özüňi, edil Hudaýa we pygambere berşiň ýaly, emiriň eline berýärsiň.

Men şol günde, ýeke-täk şatlykly günde – özümiň bagyş edilen günümde diýseň bagtyýar boldum. Wepalylyga beren kasamym emire gorkusyz tabyn bolmagyma kömek etdi. Men onuň islän zatlarynyň hemmesini, agyrylara we göreşlere duş geljekdigime garamazdan ýerine ýetirdim, sebäbi Hudaýa we pygambere tabyn bolýandygymy duýdum. Men gereginden-de artyk zady etmäge taýýardym. Men öz maşgalam bilen gödek gepleşip başladym, olar bilen salamlaşmagy bes etdim. Bu zatlaryň hemmesiniň sebäbini soranlarynda, men olara aşaky aýady aýtdym:

„Aýdyň: „Size eden işlerinden – amallaryndan iň köp zyýan görjek kimseleriň habaryny bereýinmi? ...olar özlerini ýagşy amal edýändirin diýip hasaplaýan kimselerdir“ *(18:103-104)*.

Kakam menden öz pikirimçe özüni nämäniň hakyky musulman edýändigini gürrüň bermegimi haýyş etdi. Men oňa sakal goýbermelidigini we radio diňlemeli däldigini aýtdym. Ol razy boldy. Şonda men oňa: „Ejem namaz okamaýar, şol sebäpden hem, sen onuň bilen ýaşap bilmeýärsiň“ – diýdim. Kakam guduzlan ýaly boldy. Ol sakalyny syrdy-da, meni ullakan daş bilen urjak boldy, ýöne men gaçyp gitdim.

Men özümi yslam toparyna girmäge höweslendiren birinji zadyň bu toparyň meniň ýigrenýän mesihilerime duşmançylykly garaýşynyň bolandygyny aýtmak isleýärin. Men özümiň günäsizligimi makullamak we wyždanymy arassalamak üçin mydama Gurhandan süre gözleýärdim.

Şokri meni Kairiň çetindäki bir kiçi toparyň emiri edip belledi. Ol maňa we meniň işe wepalylygyma örän guwanýardy. Ol meni „Abu Obeýda“ diýip atlandyrdy. Toparyň agzalarynyň hemmesinde öz lakamy bardy, biz biri-birimiziň hakyky adymyzy bilmeýärdik.

Şokri gitdigiçe maňa köp ynanyp başlady. Ol toparlaryň agzalary bilen gatnaşyk saklamak üçin meni arap döwletlerine we daşary ýurtlara iberýärdi. Biz bile işledik, topara täze agzalary çekdik we olardan Şokri Mustafa emire wepaly bolmaklyga kasam etdirdik.

Hökümet bizi yzarlady, şol seböpden hem, biz Menianyň golaýyndaky, Badariniň we Assuitiň töwereklerindäki daglarda gysga wagtlaýyn gizlenmeli bolduk. Her gezek bizi tussag edenlerinde, Kaire ugradýardylar-da, soň goýberýärdiler. Biz özümiziň ýerleşýän ýerimizi üýtgetmelidigimizi duýduk, sebäbi pygamberiň Hadyslarynda: „Men kapyrlaryň arasynda ýaşaýan her bir kimsäni ret edýärin“ diýip görkezişi ýaly, kapyrlaryň arasynda mundan artyk ýaşap biljek däldik. Biz emigrant bolup ýaşar ýaly, gowuja ýer tapmagy üçin öz toparymyzyň bir agzasyny goýbermeli bolduk. Biz mydama ýaşar ýaly ýer gözledik, ýöne diňe Hudaýyň tabşyryklaryny berjaý etmeýän dünýewi režimi jezalandyrmak üçin gaýdyp geljekdik.

Bir gezek 1977-nji ýylda men bilen toparyň ýene bir agzasy gür ilatly garyp etparçada mebelli jaý tapmalydygy barada buýruk aldyk. Biz göwnümize laýyk jaý tapdyk-da, näme üçindigini hem bilmän, ony kireýine aldyk. Ertesi güni biz öz toparymyzyň birnäçe agzalarynyň Muhammet şyhy ogurlandyklaryny bildik. Soň toparyň ýene bir agzasy biziň ýanymyza gelip, bolan zatlary bize gürrüň berdi. Muhammet şyh mydama biziň toparymyzyň üstüne hüjüm edip ýörýärdi. Ol biz barada nädogry zatlary ýazypdyr, bizi bir aýaly köp erkegiň aýaly etmekde aýyplapdyr. Biziň toparymyz oňa hüjümlerini bes etmegini ençe gezekler duýdurdy, emma ol muňa hiç hili üns bermedi.

Bize bu operasiýanyň maksadynyň Harby Tehniki Akademiýada bolan waka bilen baglanyşykly tussag edilen birnäçe liderleri azatlyga çykarmaga hökümeti mejbur etmekden ybaratdygyny aýtdylar. Biziň toparymyz hem, eden çykdajylarymyzy ýapmak üçin töleg soramak isläpdir.

Birnäçe sagat geçenden soň, biziň bütin Müsür boýunça toparlarymyzyň agzalarynyň köpüsi tussag edildi. Biziň toparymyzyň işi bilen azajyk tanyş bolan adamlaram tussag edildi. Bizi Kalla türmesine alyp bardylar. Bu ýerde bizi iki ýylyň dowamynda gynadylar we „hökümete garşy topara“ degişlidigimizi ýa degişli däldigimizi soradylar. Azatlyga çykaranlaryndan soň, biz derrew ýurtdan gitmeli bolduk. Biz bölünişdik-de, birnäçe arap ýurtlaryna gitdik. Ol ýerde biz Şokriniň öz ýerine bellän emiriniň buýrugyna garaşdyk. Bu toparyň soňunyň başlangyjydy. Eger „Muhammet şyh“ operasiýasy bolmadyk bolsa, onda biziň toparymyzyň Müsüri dolandyrmakda uly ygtyýara eýe boljakdygyny çynym bilen boýun alyp bilerin.

Eýýäm aýdyp geçişim ýaly, biziň birnäçe agzalarymyz biz emigrant bolup gider ýaly we beýik Jehada taýýarlanar ýaly, şäher gözläp ýördüler. Bize ýeriň tapylandygyny, doganlaryň käbirleriniň eýýäm ol ýerdedigini aýtdylar. 1980-njy ýylyň başlarynda men toparyň beýleki agzalaryna goşuldym. Bu çöl ýerdi, töwerekde käwagt şol territoriýadan ötüp-geçýän beduinlerden (çarwa araplardan) başga hiç kimem ýokdy. Biz ýer taýýarlap, kiçiräk toparlara bölünip gelip başladyk, sebäbi ýekeje maşynymyz bardy.

Biziň topar agzalarymyzyň köpüsi bu ýerlerde önüp ösüpdi. Olar bize bu ýeri we täze jemgyýetimiziň däplerini bilmäge kömek etdiler. Bize öz lagerimizde guýy gazmak başartdy. Bizde lagere girmek üçin parol bardy. Biz lageri nobatma-nobat goraýardyk. Biz atmak boýunça türgenleşik geçdik we hüjüm edilen ýagdaýynda goranmak üçin her kime bir tüpeň berdik.

Ilkinji birnäçe gün hemme zat asuda boldy, bizem göwnühoşduk. Biz Muhammet pygamberiň Medinä giden wagtyny ýada saldyk. Biz Müsüre gaýdyp baryp, pygamberiň Mekgäni basyp alşy ýaly, ony basyp aljak günümiziň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Bizde bir däp bardy: biziň her birimiz kapyr maşgalamyzy taşlap we Hudaýyň adynyň hatyrasyna emigrant bolup, aşaky şahyrana sözleri gaýtalaýardyk:

„Hoş gal, ata watanym; belki uzak wagtlyk!
Seniň we meniň ýakynlarym Hudaýyň Kitabyna eýerenoklar!
Maňa gitmek kyn düşýär, ýöne men hakykaty gözläp gidýärin!“

Biz bu sözleri ruhubelentlik bilen gaýtalaýardyk. Bizi yslam çagyryşyndan başga hiç zadam gyzyklandyrmaýardy. Biz Hudaýyň adynyň hatyrasyna islendik kynçylyklary ýeňip geçmäge taýýardyk. Biz, eger ölsek, jennete düşeris, ýagny söweşi saýlaýarys diýip pikir edýärdik. Bu şahyrana setirler biziň kalplarymyzy şatlykdan we buýsançdan, gözlerimizi bolsa, gaýgydan hem gözýaşdan dolduryardy, sebäbi biz dostlarymyzy we maşgalamyzy küýseýärdik.

Biziň baran şäherimizde asudalyk däldi. Mydama bu ýerde partizançylyk uruşlary we gozgalaňlar bolýardy. Şäheriň ähli ýaşaýjylary ýaraglanandylar, şonuň üçin bize jenjelsiz hem çaknyşyksyz ýarag göterip ýörmek aňsat bolýardy. Ýerli hökümet käwagt ýolundan azaşyp, adatça özlerine ýol görkezmegimizi haýyş eden beduinleriň üsti bilen biziň ol ýerdedigimizi bilipdirler. Bir gün biziň nobatçymyz öz lagerimize tarap gelýän iki sany harby maşyny dürbüli görüpdir. Olar bilen biziň aramyzda birnäçe metr galanda, ol olara durmagy buýruk berip, özlerine näme gerekdigini sorapdyr. Olar kimdigimizi, näme sebäpden bu ýerde ýerleşendigimizi, haýsy

topara degişlidigimizi bilmek üçin biziň bilen duşuşmak isläpdirler. Olar biz dissidentler toparyndandyr öýdüp gorkupdyrlar. Uzaga çeken söhbetdeşligiň dowamynda olar biziň ýerli ilatdan däldigimizi, bu ýere ýaňy ýakynda gelendigimizi bilenlerinde, biz has-da şübhe astyna düşdük. Bu söhbetdeşlige menem gatnaşdym. Uzak dowam eden çekeleşiklerden soň, biz lagerden gussa bilen gitmeli we bu etrapda ýaşama arzuwyndan el çekmeli bolduk.

Biziň Müsür bilen goňşy ýurtda bolandygymyz sebäpli, yzymyza dolanmak aňsat hem arzandy. Bizde başga saýlaw ýokdy, biz öz planymyzy ýerine ýetirmegi dowam etdirmelidik. Biz Kaire gaýdyp barma kararyna geldik, ýöne toparyň birnäçe agzasy we men haýsydyr bir öňden görülmedik sebäbe görä, ol ýerde az wagtlyk galmaly bolduk. Bu wagtyň dowamynda biz Owganystandaky urşa gatnaşan adamlaryň birnäçesini tanadyk. Olary Owganystandaky urşuň Hudaýyň we yslamyň garşysyna bolman, ruslara garşy bolandygyna ynandyrmak bize başartdy. Soň olar biziň toparymyza wepaly boljakdyklaryna kasam etdiler-de, 1990-njy ýyllaryň başlarynda Müsüre gaýdyp gelýänçäk, bize köp kömek etdiler.

Bizi Kaire giren badymyza tutup tussag etdiler-de, içeri işler bölümine getirdiler. Olar bizi sorag edenlerinden soň goýberdiler. Biz özümize wepaly bolanlar bilen bilelikde öz toparymyzy dikeltmäge çalyşdyk. Biz öz toparymyzyň esasy ideýalaryny öwrenmek we düzgüne salmak üçin aýda iki gezek duşuşdyk. 1990-njy ýylyň fewralynda bolsa, bu zatlary tamamladyk.

Bir gün biziň ýanymyza doganlarymyzyň biri geldi. Bütin dünýädäki şuňa meňzeş yslam toparlary hakda maglumat ýygnamak üçin kitaplara, žurnallara we gazetlere göz aýlamak onuň borjudy. Ol gaýgylydy, ýüzi-de gyzarypdyr. Ol bizden: „Siz şu günki gazeti okadyňyzmy?“ – diýip sorady. Bizem: „Ýok, näme boldy?“ – diýdik.

„Olar pul berip we seksual gatnaşyklara çekip, adamlary mesihilige getiren missionerleriň toparyny tussag edipdirler“.

Biz utanmadyk, üstesine-de, mukaddes Remezan aýy dowam edýärdi. Bize ýamanlyk ýaýradýanlara garşy durmak gerekdi. Ýöne ýamanlygy nädip üýtgetjek? Hereketler bilenmi? Bu gaty kyn

bolýar. Söz bilenmi? Bu biziň edip biljek ujypsyzja zadymyzdy. Ýöne nädip we haçan?

## *Başlangyç*

Biz gazeti okanymyzda, öz pikirlerimizi gorap bilmändigimiz üçin özümizi kemsidilen ýaly duýduk. Biz näme etmeli hem bolsa edip, mesihiligiň ýaýramagyny bes etdirmek üçin onuň ýaýramagyna işjeň garşy çykmagy karar edindik. Uzaga çeken jedellerden soň, biz köp sebäplere görä, belli karara gelmedik. Mysal üçin Müsüriň döwlet howpsuzlyk sistamesy 1970-nji ýyllardaka seredende, köp zatlarda işjeň boldy. Toparymyzyň howp abanýan islendik kişini ýurtdan gizlin alyp çykmagy başarýan işjeň liderleri ýokdy we olaryň ýerini tutjak adam hem ýokdy. Ol liderleriň käbirlerine ölüm jezasy berildi, beýlekileri bolsa, ömürlik tussaglyga höküm edildiler.

Şonuň üçin biz harby hereketleri aradan aýryp, mesihiligiň ýaýramagyna garşy çykmagyň başga ýollaryny tapmak hakda pikirlendik. Ahyrsoňy biz „pikirleniş gapma-garşylykda“ saklandykda, Töwradyň hem Mukaddes Kitabyň ýalan taglymatlaryny paş etmäge we galplygyny subut etmäge çalyşdyk. Liderleriň hemmesi şunuň ýaly taktikany goldadylar, şol sebäpden hem, biz bu uly jogapkärçiligi – hakykaty aýdyň şöhlelendirip, kapyrlary ýeňme jogapkärçiligini öz üstüne alyp biljek adamy gözläp başladyk. Men bu ýumşy özüme ynanarlar diýip, hiç haçan hem pikir etmeýärdim, munuň sebäbi özümiň bu işi etmäge ukypsyzlygymda däldi-de, meniň mesihileri nähili ýigrenýändigimi hemmeleriň bilýändigindedi. Uzaga çeken dartgynly dymyşlykdan soň, emir bu iş üçin saýlanylan adamyň adyny aýtdy. Men öz adymy eşidenimde, tas huşumdan gidipdim. Men gahardan ýaňa erkimi ýitiripdim. Olar nädip bu ýewreý we mesihilik kitaplaryny okamaklygy talap edýän işi etmegi menden haýyş edip bildiler?

Biziň emirimiz maňa seretdi-de: „Bu buýruk! Sende başga saýlaw ýok, eger Alla we Kyýamat gününe ynanýan bolsaň, onda sen razy bolaýmaly“ – diýdi. Ol Gurhandan şu aýady mysal getirdi:

> „Ulug we Onuň pygamberi bir işi höküm eden – buýran wagtynda, bir mömininiň hem, bir mömin aýalyň hem, (Allanyň hökümini goýup) öz işlerini etmegi ýerlikli däldir. Kim Allaga we Onuň pygamberine asy bolsa, bes, ol açyk ýoldan azypdyr“ *(33:36)*.

Men emiri başga birini saýlamalydygyna ynandyrjak boldum, emma ol boýun towlady. Ol maňa: „Seniň bu işiň hötdesinden beýlekilere seredende has gowy geljekdigiňi duýýaryn. Eger sen bu işi gowy etseň, bir okda iki towşan awlaýarsyň. Birinjiden, sen musulmanlaryň hemmesine öwredip, olaryň gözlerini özleriniň görmeýän zadyna açarsyň. Ikinjiden, sen gaty köp pul gazanarsyň, sebäbi seniň kitaplaryň bütin dünýäde terjime ediler“ – diýdi.

Onuň bu sözlerinden soň, men bu tema bilen meşgullanmagy we derňewlere girişmegi örän isledim. Emir: „Seniň derňewleriň iki bölekden ybarat bolmalydyr. Hemme zatdan öňürti, sen Töwrada we Täze Ähte esaslanyp, Gurhanda:

> „... Olar şeýle adamlar bolup, ummiý (sowatsyz) pygambere adyny öz alynlaryndaky Töwratda we Injilde ýazlyşy ýaly tapan ilçilerimize eýerýärler. Ol pygamber olary ýagşylyga buýurdy, ýamanlykdan gaýtardy we päk zatlary olar üçin halal edip, näpäk närseleri olara haram edýär...“ *(7:157)* diýlişi ýaly, Muhammediň pygamber hökmündäki hakyky çagyrlyşyny subut etmelisiň.

„Ikinjiden, sen garşydaşlyklary tapyp, adamlaryň häzirki ulanýan Töwradynyň we Täze Ähtiniň Hudaýyň ruhlandyran kitaplary däldigini, olaryň üýtgedilen we zaýalanandygyny subut etmelisiň“ – diýdi.

Men bu ýumşy höwessiz kabul etdim-de, emire: „Ýöne bu ýumuş meni Mukaddes Kitaby satyn alyp, ony okamaga mejbur edýär“ – diýdim. Ol maňa Kairiň merkezine baryp, ony satyn aljakdygymyzy aýtdy. Biz Mukaddes Kitap satylýan dükany tapýançak, Gomhiria köçesinden ýöredik. Biz özümiziň adaty eşigimizde bu dükana girip bilmedik, bu örän gözeilginç boljakdy.

Eger şeýle etsek, onda dükandaky adamlar, biz dükany partlatmaga gelendiris öýdüp, polisiýany çagyrardylar. Biz deňimizden geçip barýan bir adamy saklap, ondan adyny soradyk. Biz ondan dükana girip, bize Mukaddes Kitap satyn alyp bermegini soradyk, ol biziň haýyşymyzy ýerine ýetirdi.

Soň emir ikimiz meniň Kairiň günorta bölegindäki öýüme gitdik. Ýol iki sagatdan gowrak wagtymyzy aldy, şu wagtyň dowamynda men Mukaddes Kitapdan dynmaga çalyşdym. Bir gezek men ony daşardaky oturgyjyň üstünde goýup gaýtdym, başga bir gezek ony ýatdan çykaran kişi boldum, ýöne her gezegem, emir ony alyp geldi-de, bu kitaby ýitirmeli däldigimi ýatlatdy. Emir öz mähriban şäherine gitdi, men bolsa, özümiň Mukaddes Kitap bilen başlamaly bolan kyn ýoluma başlamak üçin galdym.

Birinji gün iň kyn gün boldy. Mende Mukaddes Kitap Hudaýdan däl, şonuň üçin onuň meniň öýüme arwah-jynlary çagyrmagy mümkin, meniňem namaz okap bilmezligim mümkin diýen pikir boldy. Şol sebäpden hem, men ony ýatýan otagymda goýmadym. Köp günläp men dowully gorkyny duýup ýördüm. Öýüň içinde nähilidir bir ses eşiden badyma, özümde Mukaddes Kitabyň barlygy üçin meni jezalandyrjak bolup, Hudaý arwah-jynlary goýberendir öýdýärdim. Men Mukaddes Kitaby namaz okaýan otagymda saklamadym, sebäbi eger ol ýerde Mukaddes Kitap bolsa, perişdeler jaýa uçup gelmezler diýip pikir edýärdim.

Mukaddes Kitaby öz öýümde saklamagy özümiň çözmändigime, meniň emire tabyn bolmak bilen Hudaýa tabyn bolandygyma düşünýänçäm, bu gorkular meni gaty köp gynady. Muhammet pygamber öz Hadyslarynda emire tabyn bolmagy buýruk berýär: „Kim meniň emirime tabyn bolsa, şol maňa tabyn bolýandyr, kim meniň emirime gulak asmasa, maňa gulak asýan däldir“. Men Hudaýyň bellän emiriniň buýrugyny ýerine ýetirýärin, şol sebäpden hem, Mukaddes Kitap maňa zelel ýetirmeýär, eger ony öýde saklaýan bolsam, onda maňa Hudaý kömek eder diýen netijä geldim.

Topar meni gerek bolan zatlaryň hemmesi bilen üpjün etdi. Olar mydama derňewler bilen meşgullanyp oturýandygym üçin her aýdaky çykdajylarym üçin 500 müsür funtuny berdiler. Her

gezek bu işi ýatdan çykarmaga synanyşanymda, Hadysdaky: „Kim meniň emirime tabyn bolsa, şol maňa tabyn bolýandyr, kim meniň emirime gulak asmasa, maňa gulak asýan däldir“ – diýen sözleri ýada saldym. Men Hudaýdan üç gezek ötünç sorap, soň hem, namaz okamaga başlaýardym. Hiç zat bu işden meniň ünsümi sowup bilmeýärdi. Mende gollanma edebiýatlary gaty köpdi, bu işimde maňa kömek edýärdi. Men mesihiligi eýýäm gowy bilýärdim, şonuň üçin bu kyn ýoluma başlamagy makul bildim.

Men biynjalyk boldum, sebäbi nireden we nädip başlamalydygymy bilmeýärdim. Mende derňewleriň iki bölümine başlamak üçin belli bir usul ýokdy. Mysal üçin, Muhammediň pygamberdigini subut etmek babatda, Töwratdan we Mukaddes Kitapdan „Muhammet“ adyny, hiç bolmanda, „Ahmet“ ýa-da „Matmyt“ adyny taparyn diýip umyt etdim. Men nireden we nädip başlamalydygyny bilmedim. Kellämde bulam-bujarlyk bardy. Men özümiň Töwratdan nähili at gözlemelidigimi bilmeýärdim.

Men durkum bilen bulam-bujar boldum-da, öz derňewlerimiň ikinji bölümine, Töwradyň we Mukaddes Kitabyň Hudaýdan däldigini subut edýän garşydaşlyklary gözlemäge başladym. Birinji gezekde bolşy ýaly, bu gezegem, Töwrada we Mukaddes Kitaba nädip seretjekdigimi kesgitlemek maňa başartmady. Men lapykeç boldum, sebäbi özümde bu işi ýerine ýetirmäge ukybyň ýokdugyny duýdum. Ýöne men ýan bermäge endik edinmändim, şonuň üçin hem, güýjümi gaýgyrman, maksadyma ýetmegi karar edindim.

Derňewler hakda gürleşmek üçin emir ikimiz aýda bir gezek duşuşýardyk. Her gezek men ondan kararyny üýtgedip, bu ýumşy başga birine bermegini haýyş edip, meniň hem oňa kömek etjekdigimi aýdýardym. Şeýle-de bolsa, her neneň täsin bolsa-da, ol öz diýenini tutup, bu işi meniň etmelidigimi aýtdy.

Men Hudaýa doga edip, Ondan özüme güýç bermegini soradym. Men özümi adatdan daşary güýçli duýup, Mukaddes Kitaby okap başladym, ýöne hiç hili meýilnamasyz we usulsyz başladym. Men „Gelip çykyş“ kitabyndan başladym, ýöne özümiň näme gözlemelidigimi bilmeýärdim. Men özümiň ozal hiç haçan gabat gelmedik atlarymy tapdym-da, gynandym. Men Mukaddes Kitaby burça oklap goýberdim-de, gahar bilen: „Bu ýewreýler

bilen mesihiler akmak. Olar täsin atlardan doly bolan munuň ýaly bir täsin kitabyň Hudaýdandygyny nädip aýdyp bilýärkäler? Olar dälirärdirler“ – diýdim.

Men Mukaddes Kitaby okamagy bes etdim.

Iki gün geçenden soň, men Mukaddes Kitaby okamaga gaýdyp geldim. Bu gezek men „Gelip çykyş“ kitabyny okamadym, sebäbi çylşyrymly atlara we sözlere ýene duş gelmek islemedim, şonuň üçin birnäçe sahypany agdaryşdyrdym-da, soň okamagy dowam etdirdim. Çölde, Çykyş, Kanun taglymaty kitaplar meni haýran galdyrdy. Men Musa, faraonlar we ysraýyllar hakdaky jikme-jik maglumatlaryň köpüsini tapdym, bu meniň bilesigelijiligimi kanagatlandyrdy.

Men iki aýyň dowamynda Köne Ähti okap boldum, ýöne bu ýüzleý okaýyşdy, men o diýen bir içine aralaşmandym. Men ony ýene bir gezek okadym. Bu gezek Muhammede, Ahmede ýa-da Mahmyda degişli bir zat tapmaga çalyşdym, emma hiç zat tapyp bilmedim. Men Täze Ähti okap başladym. Ony okap boldum, ýöne hiç hili netijä gelmedim. Men muňa çydam edip bilmedim-de, özümi bu derňew bilen meşgullanmaga mejbur edeni üçin emire gaharlandym.

Emir meniň ýanyma gelende, men oňa özümiň öz isleýän zadymyzy tapmaga alyp barjak hiç hili hakykaty tapyp bilmeýändigimi aýtdym. Men Töwrady we Mukaddes Kitaby okadym, emma hiç zat tapmadym. Emir daşary ýurtda bolan wagtymyzda okan bir kitabymyzyň bardygyny, işimde maňa şonuň köp kömek edip biljekdigini aýtdy. Kitabyň ady „Hakykaty açýaryn“ diýen kitapdy, ony merhum şyh El-Handi ýazypdyr. Men ol kitaby tapýançam, öz kitaphanamy dökdüm.

„Hakykaty açýaryn“ kitaby biziň üçin juda gymmatlydy, aýratynam, yslamyň hakyky dindigine ynandyrjak bolup, mesihiler bilen jedelleşenimizde, ol bize kömek edýärdi. Olarda Töwratdan we Mukaddes Kitapdan getirilen nädogry aýatlar bardy. Biz olary yslamy kabul eden mesihilere aýdyp berýärdik. Biz ol aýatlary üstünlikli ulanýardyk.

Men emiriň özüme beren Şahristaniniň „Syrlar we dini ynançlar“, Ibn Hamzanyň „Sektalar we dini kultlar“ ýaly kitaplarynyň we

mesihiligi tankyt edýän beýleki taryhy hem terjimehally eserleriň kömegi bilen täze derňewe başladym. Men Ibn Hamzanyň garşydaş aýatlar hökmünde getiren aýatlarynyň hemmesini ýazyp aldym-da, olara Töwratdan we Mukaddes Kitapdan seretdim. Aýatlaryň köpüsi başga sözler bilen aýdylandy ýa-da başga adamlara degişlidi. Men içinde garşydaşlyklar bolan başga-da köp aýatlary tapdym, ýöne eger biz şol aýatlary Töwradyň hakyky dälliginiň esasy hökmünde ulsansak, onda Gurhandaky käbir süreleriň hem, Hudaýdan däldigini boýun almaly bolýardyk. (Soňrak men „Ibn Hamza jogap“ diýip atlandyran işimde, öz tapyndylarymy suratlandyrdym).

Men öz işimi ak ýürekden dowam etdirdim. Meni işimde Hudaýa we pygambere bolan söýgi alyp gitdi. Meniň toparym özümiň Mukaddes Kitaba gitdigiçe köp guwanýandygymy duýdy. Olar mydama menden bu barada soraýardylar, menem olara ýalan sözleýärdim. Men bahana oýlap tapyp, biziň birnäçe ýaş mesihiler bilen duşuşýandygymyzy, olary yslama getirmek üçin olaryň durmuşy hakda bilmegiň zerurdygyny aýdýardym.

Meniň Töwratdaky garşydaşlygy subut edip, onuň abraýyny döküp, meşhurlygyny ýatyrmak üçin eden synanyşyklarym puç boldy, şonuň üçin men öz derňewlerimiň ikinji bölümine – Töwradyň we Mukaddes Kitabyň aýatlary boýunça Muhammediň Hudaýyň pygamberidigini subut etmeklige geçmegi makul bildim. Men El-Handiniň „Hakykaty açýaryn“ atly kitabyna seretdim-de, özümiň isleýän zadymy tapanyma begendim. Men şatlyk bilen Hudaýa doga edip, özümi bu aýatlaryň üstünden alyp barany üçin Oňa minnetdarlyk bildirdim. Men olary aşaky tertipde ýazyp alyp başladym.:

Gelip çykyş 17:20; 49:10;
Kanun taglymaty 18:18-20; 32:21; 33:1-3;
Işaýa 42:9; 54:1-3; 65:1-2
Zebur 46:1-3; 150:3;
Danyýel 2:31-32;
Matta 3:2; 13:31; 20:1; 21:33;
Ýahýa 14:15;
Ylham 2:27.

El-Handi Muhammediň pygamberdigini subut etmek üçin diňe bir bu aýatlary ulanmak bilen çäklenmändi. Men beýleki aýatlary sanawdan aýyrdym, sebäbi olar beýle bir takyk däldi. Men bu aýatlary örän jikme-jik we obýektiw öwrendim. Biz musulmanlaryň ýeke-täk topary hökmünde, ygtybarly çeşmesi bolmadyk hiç bir maglumaty hiç haçan hem kabul etmeýärdik. Bu aýatlar ilki seredende, islendik musulman üçin örän özüne çekijidi, olary kabul etmek bolýardy, ýöne ünsli seredende – bu fundamentalist musulmanlaryň usulydy – bu subutnama esaslanýan netijeleriň nädogrudygy, hakykat däldigi görünýärdi.

Şonuň üçin men öz derňewlerimde kömek eder diýip hasaplan kitaplarymyň hemmesini ýygnadym. Men öz işim üstünlik gazanandan soňky geljegimi göz öňüne getirip başladym. Men Hudaýa we pygambere uly hyzmat edýärin hem-de uly möçberdäki puly alýaryn. Ýogsa-da, pul barada. Emir ikimiz „Aswokats sünni“ atly kitap dükanyna baryp, olara meniň kitabymyň ideýasyny düşündirdik. Bu olarda uly täsir galdyrdy, şonuň üçin olar birinji baby bermegi haýyş etdiler we awtorlyk hukugyny satyn almagy teklip etdiler. Men bu kitabyň arkasyndan baý hem meşhur bolmagy arzuw etdim, ýöne meniň baş maksadym yslamyň ýeňşini yglan etmekdi. Men Mukaddes Kitaby täzeden okap başladym. Men Mukaddes Kitaby okamaklyga yhlasly boldum. Men Töwrat bilen Mukaddes Kitabyň Muhammediň pygamberdigini tassyklaýanyny logiki taýdan we doly tassyklama bilen subut etmek üçin köp zat ýazdym. Munuň netijesi gowy bolmady, sebäbi men Muhammediň Hudaý tarapyndan berlen missiýasyny tassyklamaga çalşyp, juda jikme-jik işleýän derňewçidim. Men Ýakot El-Mamawiniň „Ýurtlaryň sözlügi“ ýaly köp çeşmelere salgylandym. Men bu kitapda Faran şäheriniň adyna duş geldim. Men onuň nirede ýerleşýänini, häzirki adynyň nämedigini barladym. Men, şeýle hem, „Arap diliniň“ lingwistik sözlügini, hatda, käbir sözleriň, mysal üçin „Şelon“ sözi ýaly sözleriň manysyna düşünmek üçin iwrit dilindäki sözlükleri-de ulandym.

Men hiç kimiň inkär edip bilmejek kitabyny ýazmak isledim. Gynansam-da, hiç zadam meniň isleýşim ýaly bolup çykmady. Meniň pikirlenmäm we lingwistik netijelerimiň hemmesi biri-biriniň

yzyndan puç boldy. Men öz teoriýamy tassyklaýan ýekeje aýady hem tapyp bilmedim. (Ýogsa-da, men „Aýdylmaýan hakykat“ atly başga kitap ýazdym. Onda men öz öwrenen aýatlarymyň hemmesini getirip, olaryň Muhammede degişli däldigi barada netijä gelşimi beýan etdim).

Men bu aýatlaryň hemmesini öwrenmekligi tamamladym, emma gözlän zadymy tapmadym. Şol wagt meniň bar duýan duýgym gaýgy, lapykeçlik, biynjalyk hem kellämdäki bulam-bujarlykdy. Muhammediň pygamber däldigi meniň hiç haçan hem kelläme gelmändi. Men şaýatlyklary pygamberiň şahsyýetine degişli edip bilmändigim bilen özümi köşeşdirmäge çalyşdym.

Men ýene bir synanyşyk etmegi makul bildim. Bu gezek men „Pygamberiň şaýatlygy“, „Ýurtlaryň sözlügi“, „Atrap ensiklopediýasy“ ýaly başga kitaplary ulandym. Men güýjümde baryny edip, üstünlik gazanmaga çalyşdym. Kynçylyklaryň hemmesinden soň, içinden geçen dargaýşym özümiň bütin durmuşymyň weýran bolup barýandygyny aňlatdy. Ikinji synanyşyk hem, birinjiden gowy bolmady, gaýtam, ondan-da beter boldy, sebäbi öz teoriýama garşy bolan köp zatlaryň üstünden bardym.

Käwagt men aşa köp sanly yslam kitaplaryna we gollanmalaryna seredip, öz-özüme: „Bu kitaplaryň hemmesiiniň bizi aldamagy we bize oýlanylyp tapylan şahsyýeti görkezmegi mümkinmi? Eger şeýle bolan bolsa, onda Hudaý tagzym edilmegine mynasyp bolmazdy. Men bu ýol bilen gitmerin“ – diýdim. Şeýdip, men derrew Hudaýa doga etdim-de, Hudaýdan ötünç soradym.

Mundan soň hem derňewlerimiň hemmesini taşlap, Mukaddes Kitaby üçünji gezek okamaklyga girişdim. Men Mukaddes Kitaby şeýle bir şatlyk bilen okadym welin, özümiň gargyş astynda duranymdan hem gorkdum. Biz adatça mesihileriň jadygöýdüklerini, olaryň Töwratdan hem Mukaddes Kitapdan jady tapyp alýandyklaryny aýdýardyk. Şeýle-de bolsa, Mukaddes Kitap meni gaty täsinlik bilen, düşündirip bolmajak ýagdaýda özüne çekdi. Emir meniň ýanyma yzygiderli gatnady. Her gezek onuň meniň öz maksadyma ýetmändigim üçin menden göwni galarda, meni bu işden azat eder öýdýärdim. Ýöne her gezek bu işiň hötdesinden meniň hemmelerden gowy geljekdigime ynandyryp,

has-da guwançly bolýan ýaly görünýärdi.

Men Mattanyň Hoş Habaryny okanymda, birinji baby tamamlap tamamlamankam, büdredim. Men olaryň Mesihiň nesil şejeresini Dawutdan alyp gaýdýandyklaryny gördüm. Men olar aklyndan azaşandyr öýtdüm. Men öz gözleýän zadymy tapmaga umyt baglap, bu pikir bilen özümi köşeşdirdim. Mattanyň Hoş Habarynyň 4, 5 we 6-njy baplary haýran galdyrdy. Men Mukaddes Kitabyň bu bölümini ozalam okapdym, emma bu gezek welin, ony birinji gezek okaýan ýaly duýgyny duýdum. Men bir eliň öz kelläme çalaja kakyp, aklymy açanyny duýdum. Men içimdäki sesiň: „Seniň öz okaýan zadyňa düşüner wagtyň we kimiň mamladygy, kimiň mamla däldigi babatda biynjalyk bolmagyňy bes etme wagtyň boldy“ – diýýänini eşitdim. Hiç bir sebäpsiz meni sandyratma tutup ugrady.

Men Mukaddes Kitabyň, edil döwrümiziň wakalaryny ýazyp alýan ýaly, biziň mesihilere eden zatlarymyz hakda gürrüň berýändigini gördüm. Men Mukaddes Kitapda yzarlamalar, kemsidilmeler we ganhorluklar – biziň ideýamyzyň bolsa, Hudaýa tabyn bolmandygymyz hakda gürrüň berilýänini okadym. Biziň mesihilere aýdan zatlarymyzy we olara eden zatlarymyzy bu Mukaddes Kitabyň bilýändigi nähili geň zat! Mesihileriň Mukaddes Kitabyň şu bölegini ýaňy – ýakynda ýazan bolmaklary mümkinmikä?

Biz mesihileriň söýgüsini we kiçigöwünliligini biziň, musulmanlaryň, öňümizdäki gorky diýip mydama pikir edýärdik, sebäbi Gurhanyň:

> „(Näşükürlikleri sebäpli) olara horluk we misginlik ýazyp goýuldy“ *(2:61)* diýşi ýaly, mesihiler ejizdiler we azlykdylar.

Men söýgi, tabynlyk, kiçigöwünlilik, hatda duşmanlary hem söýmelidigi hakdaky köp aýatlary tapdym. Men alada galdym: „Öz kemsidilmäň sebäbi hakda nädip ýazyp bolar?“

Her gezek Hudaýyň mesihilere öz duşmanyny söýmegi parz edendigini okanymda, ene-atama gödek daranym ýadyma düşýärdi. Men olara juda gazaply daraýardym, her gezek olaryň göwünlerine degmek üçin täze usullary tapýardym. Bir gezek men syrkawlap,

agyr operasiýany geçirdim. Kakam şonda meni görmek üçin keselhana geljek boldy, emma men kapyry görmek islemeýändigimi aýdyp, onuň gelmegine ýol bermedim. Ejem başga adamlaryň üsti bilen nahar goýberýärdi, sebäbi men onuň özünden nahar almak islemeýärdim. Ol äpişgeden meni hiç bolmanda çalaja görmek üçin yssy howada keselhananyň äpişgesiniň aşagynda sagatlap durýardy.

Bu ýatlamalar mydama meni aglamaga mejbur edýärdi, şonuň üçin men özümiň Allany tanan günümi näletledim. Meniň içimde göreş gitdi. Men Abu Obeýdanyň we Abu Bakryň kakalaryna eden zatlaryny, Mosaabyň ejesine eden zatlaryny ýatlamak bilen öz-özüme göwünlik berdim. Bu meni köşeşdirýärdi.

Men Mattanyň Hoş Habaryny okap boldum, ýöne onuň sözleri böwsüp hakydama gelýärdi. Ol sözler gije-gündiz, aýratynam, bir erbet zat etjek bolýan wagtymda, meni yzarlap ýörýärdi. Men beýleki Hoş Habarlary we hatlary-da okap, filosofiýanyň we dilewarlygyň Gurhandakydan gowudygyna haýran galdym. Mukaddes Kitabyň yslamdan 630 ýyl ozal ýazylandygy sebäpli, Gurhanyň dilewarlygynyň üýtgeşikdigini nädip aýdyp bolar?

Bir gezek sowuk gyş gijesinde, Mattanyň Hoş Habarynyň sözlerini hakydamdan süpürip aýraryn diýen umyt bilen men Gurhandan bir aýady okadym. Doganlaryň we meniň mesihilere gözümiz gidýärdi, sebäbi olar köp adamlar bilen gatnaşýardylar. Olaryň tersine bizde adamlary yslama girmäge çagyrmak üçin hem, tötänleýin tanyşlygy aňrybaş mylakatlylyk bilen ýola goýup bilmeýärdik. Bu biziň ýolumyzdaky ullakan päsgelçilikdi. Yslam çagyryşy adamlar bilen ýakyn gatnaşyklary ýola goýmak üçin akymyň ugruna hereket etmäge, has takygy, olary yslama çekmäge gerek zada hiç hili rugsat etmeýärdi.

Biziň durmuşymyz zorlukdan, zalymlykdan we terrorizmden doludy. Adatça biz özümizi beýle alyp barmaýardyk. Ýöne biz şeýle etmesek, onda Allanyň erkini ýerine ýetirmeýändigimizi duýýardyk. Alla Gurhanda kapyrlaryň Mukaddes Kitaba ynanýan ynanmaýandygyna, olaryň politeistlerdigine ýa-da ýalan musulmandyklaryna garamazdan, olara nähili daramalydygyny aýdýar. Gurhan Mukaddes Kitaba ynanýanlar hakda şeýle diýýär:

„Eý, möminler, ýahudylary we nasyranlary dost tutmaň! Olaryň öz-özleri bilen dostdurlar. Sizden kim olara dost bolsa, onda ol hem, şolardandyr. Elbetde, Alla zalym kowuma ýagşylyk edýän däldir“ *(5:51)*

Namaz okamaýan, gazanjynyň ondan birini zekat bermeýän ýa-da sakalyny ösdürmeýän, ýa-da günä edýän we toba gelmekden ýüz öwürýän kapyrlar ýaly, başga kapyrlar babatda bolsa, Gurhan şeýle diýýär:

„Eý, möminler, möminleri goýup, dinsizleri dost tutmaň! Eýsem, Allaga öz garşyňyza deliller bermek isleýärsiňizmi?“ *(4:144)*

Gurhanda maşgala agzalary we garyndaşlar hakda şeýle diýilýär:

„Eý, möminler, eger imandan küfri ýokary tutsalar, (hatda) Ene-atalaryňyzy we aga-inileriňizi (hem) dost tutmaň! Siziň araňyzdan kim-de kim olary dost tutsa, onda olar zalymdyrlar“ *(9:23)*.

„Alla we ahyrýet gününe iman getirýän kowumyň Alla we Onuň pygamberiniň çyzan çyzygynden çykan kimseler bilen–eger olar özleriniň atalary ýa-da ogullary, ýa-da aga-inileri, ýa-da garyndaş uruglary bolsalar-da, dostlaşanlaryny tapmarsyňyz. Ana, şolaryň kalplaryna (Alla) imany ýazyp goýandyr we olary sag tarapyndan bolan Ruh – Gurhan bilen kuwwatlandyrandyr. Ol olary astyndan derýa akyp duran, olaryň baky galjak jennetlerine girizer. Alla olardan razy boldy we olar hem, Alladan razy boldular. Allanyň hyzbydyrlar. Ägä boluň, kim, elbetde, Allanyň topary (bolanlar) bagt – sagadat taparlar!“ *(58:22)*.

Eger Gurhanyň bu aýatlarynyň üstüne El-Bakhariniň, musulman El-Termeziniň hakyky Hadysyny goşsak, onda Omaryň pikiriçe, Muhammet pygamber: „Mukaddes Kitaba ynanýan adamlara eliňizi

bermäň, ýöne olaryň salamyny alyň, eger olar ýolda gabat gelseler, onda olary ýoldan iterkläň" – diýipdir.

Şunuň ýaly aýatlaryň onlarçasy biziň maşgalalarymyz, dostlarymyz we musulman däller bilen gatnaşyklarymyzy kesgitledi. Yslam pikiriniň, umuman, Gurhanyň hem käwagt, musulmana öz aklyndan peýdalanmaga mümkinçilik bermändigi sebäpli, şol aragatnaşyklary kesgitlemekde bizde saýlaw bolmandy. Gaýtam, öz aklyndan peýdalanyp, Gurhanyň aýadyny ýa-da Hadysy düşündirjek bolan adama „kapyr" diýdiler. Hemme zady Muhammediň düşündirişi ýaly kabul etmek gerek. Eger Muhammediň düşündirmedik bir zady bar bolsa, ondan uzagrak durmak zerurdyr.

El-Bakhari Hadysy agzap geçýär, ýöne Muhammet pygamber Ibn Abasa: „Kim Gurhan barada öz pikirini beýan etse, şol dowzahdan özüne jaý sargaýar" – diýipdir.

Gurhanyň bu aýatlaryndan we Hadysyň bu sözlerinden soň biz özümizden tapawutlanýanlara nädip dostlukly garap bileris? Biz başgaça seredip bilmedik, sebäbi Gurhanda şeýle diýilýär:

> „Zulum ýoluny tutan kimselere berlip gitmäň. Beýle etseňiz, size dowzah ody ýeter. Siz üçin Alladan özge birjigem dost ýokdur. Soňra size ýardam berilmez" *(11:113)*.

Şonuň üçin Mukaddes Kitapda söýgi we bagyşlama hakdaky aýatlary okanymda, meniň ýüregim gazapdan we ýigrençden doldy. Özümiziň „zaýalanan" hasaplaýan Mukaddes Kitabymyzy okan wagtymda, men köp gezekler utanç duýgusyny duýdum. Men öz içimden: „Görsene, mesihiler Mukaddes Kitaby üýtgedibem, söýgini we hormaty nähili ulanýarlar, ýöne biz, Hudaýyň sözüni üýtgetmedikler şunuň ýaly etmegi näme üçin başarmaýarkak? Nämedir bir zad-a bolmalysy ýaly däl" – diýip pikir edýärdim.

Men bu pikirleri taşlamak isleýärdim, emma olar barybir gaýdyp gelýärdiler. Eger öz derňewlerimde hiç hili netijä gelmesem näme? Meniň içimdäki göreş şeýle bir güýçlüdi welin, her gezek özümi şunuň ýaly pikirler gurşap alan wagtynda men: „Meni bagyşla Rebbim. Alladan başga Hudaýyň ýokdugyny we Muhammediň Onuň pygamberidigini men yglan edýärin" – diýip, gaty gygyrýardym.

Soň men bu pikirlerden saplanmak üçin Hudaýa doga edýärdim. Men özüme: „Töwratdan we Mukaddes Kitapdan subut edip bilmesemem, Muhammet, hakykatdanam, Allanyň pygamberi“ – diýýärdim.

Meniň meseläm has çynlakaýlaşdy. Muhammediň pygamberdiginiň subutnamasyny gözlemegiň deregine, Töwradyň we Mukaddes Kitabyň sözleri meni özüne çekýärdi. Men olaryň özüme edýän täsirinden nädip saplanmalydygym, Töwrat bilen Mukaddes Kitabyň Hudaýdan däldigini nädip subut etmelidigi hakda pikir edýärdim. Olarda ýazylan zatlaryň hemmesem gowy, olaryň adam tarapyndan ýazylan bolmagy mümkin däl. Adamlar nädip şunuň ýaly ýiti öňden görüjilik bilen geljegiň jümmüşini görüp, häzirki döwürde bolýan zatlar hakda iki müň ýyl mundan ozal ýazyp bildikäler? Eger jedel edenimizde, Töwrat bilen Mukaddes Kitaby adam ýazypdyr diýip çaklasak, onda bilim hem akyldarlykda adamy Hudaý bilen deň derejede goýardyk. Biz, elbetde, Hudaýyň hemme zady bilýändigini, gudratygüýçlüdigini we Oňa taý bolanyň ýokdugyny bilýäris.

Men Zebur bilen Süleýmanyň pähimlerini okap başladym. Men 24-nji we 144-nji mezmurlardan aýatlary ýat tutdum-da, olary dogalarymda gaýtaladym. Bu aýatlar meniň Hudaýa doga edişimi eşidenleriň hemmesiniň ýüreklerine jüňk boldy, şonuň üçin hem, olar özleriniň edýän dileglerinde ulanar ýaly, şol aýatlary ýazyp bermegimi soradylar. Men Muhammediň pygamberdigine we Mukaddes Kitabyň ýalňyşdygyna subutnamany entegem tapmaga çalyşýardym, emma hiç zat tapyp bilmeýärdim. Şübheler we garşylykly pikirler meni gurşap aldy, men bolsa, olara üns bermezlige çalyşdym, emma olar gitdigiçe ýygy-ýygydan peýda bolýardylar. Men Hudaýy söýýärdim, ýöne meniň alan bilimim we dine bolan söýgim yslamyň Hudaý tarapyndan berlen hakyky din bolmazlygynyň mümkindigi hakda pikir etmäge mümkinçilik bermedi. Meniň kelläm çaşdy, özümem birahat boldum, gijelerine öňkim ýaly, berk uklap bilmeýärdim.

Bir gezek men ir säherde namaz okadym. Gurhandan aýatlary ýatdan aýdyp durkam, birden saklandym, meniň pikirlerim iki baka at saldy. Men: „Eger, mysal üçin, yslam jennete barýan ýol

bolmasa, onda sen näme ederdiň?“ – diýip pikir etdim. Men bu pikirden saplanmak isledim, ýöne başarmadym. Men hatda ir säherki namazymy hem okap gutaryp bilmedim. Men halynyň üstünde uklap galýançam agladym. Bir iki sagat geçenden soň, meni ejem oýardy. Men işe aljyraňňy ýagdaýda gitdim. Nirä ýöreýänimem, kim bilen gürleşenimem bilmedim.

Men öýe dolanyp gelenimde, Mukaddes Kitaby okamagy diýseň isledim. Men Ýahýanyň Hoş Habaryny 1-nji bapdan başlap, 15-nji baba çenli okadym. Men onda beýik filosofiýany, dilewarlygy gördüm, ondaky jümleler aýratynam, Mukaddes Kitabyň goýunlar we çopan, üzüm agajy we bagban, miwe berýän şahalar we miwe bermeýän şahalaryň kesilip, oda taşlanylýandyygy hakda gürrüň berýän ýerleri örän ýerlikli hem baglanyşyklydy.

Gaýga batan men: öz otagymda gaty ses bilen: „Eý, Hudaý, Öz hyzmatkäriňe rehim et! Haýyş edýärin, maňa aýt, Sen nirede we kimiň tarapynda? Sen ýewreýlerdir mesihiler bilenmiň ýa-da musulmanlar bilenmiň? Maňa rehim et! Men Seniň hyzmatkäriň, men öz ömrümi Saňa gulluk etmäge bagyş etdim. Men Seniň ähli merhemetiň üçin minnetdar. Men Seniň öňüňde durup bilmeýärin, Senem Öz demiň öňünde durmak üçin aşak inmeýärsiň. Sen gudratygüýçli Hudaý, men bolsa, ejiz ynsan, şonuň üçin Sen rugsat edýänçäň, hiç zadam edip bilmeýärin. Sen iň rehimdar, iň duýgudaş Hudaýsyň, men bolsa, güýji hem akyldarlygy bolmadyk Seniň hyzmatkäriňdirin. Meniň bar ömrüm Seniň eliňdedir. Men çagalygymdan bäri Seni söýýärin. Men gökleriň we Seniň söýgiň hatyrasyna özümi pida etdim. Men türmedenem, gynamalardanam gorkmadym. Men Seni gözlänimde, hatda bütin dünýä-de öňümde durup bilmedi. Sen näme üçin meni beýle edýärsiň? Men Seni söýdüm we Seniň pygamberiň Muhammediň öwredişi ýaly, Seniň göwnüňden turmaga çalyşdym, ýöne, ine, men güýçden gaçyp, mundan aňry ýöräp bilemok. Her tarap Seniň öz Hudaýydygyňy aýdýar. Men kimiň mamladygyny, kimiň ýalňyşýandygyny bilemok. Eý, Hudaý, men, näme, Seni söýýändigime ant içeýinmi? Beýle etmek gerek däl diýip pikir edýärdim, sebäbi Sen hemme zady bilýärsiň. Seni gözlänimde, men nähili görgi gördüm! Men okuwy

taşladym, maşgalamdan we dostlarymdan ýüz öwürdim. Men derwüş kimin sergezdançylyk çekdim. Men türmede oturdym, Seniň üçin meni gynadylar. Näme üçin maňa jogap bermeýärsiň? Eger Sen yslamyň Hudaýy bolsaň, onda aňymdan yslamdan başga zatlaryň hemmesini aýyr, eger mesihileriň Hudaýy bolsaň, onda maňa yzyna düşüp gitmeli bolan nury görkez“ – diýdim.

Men gynaldym, ýatyp bilmedim, aklymam bulaşdy: eger yslam Hudaýyň ýoly bolmasa näme? Eger Töwrat ýa-da Mukaddes Kitap Onuň ýoly bolsa näme? Men mesihileriň yzyna düşmelimi? Eger Hudaý bilen adamlar özümi ýazgarsalar, özüme näme boljakdygy hakda oýlananymda sandyradym.

Bir gezek men öz gorkularymyň hemmesini taşlap, özüme: „Sen näme isleýärsiň? Besdir, sen öňkiň ýaly däl. Seniň öňüňde iki ýol bar, olaryň ikisem dogry ýol ýaly bolup görünýär. Wagtyňy ýitirme-de, güýjüňde baryny edip, Hudaýyň ýoluny gözle. Ol ýoluň ýewreýleriň, mesihileriň ýa musulmanlaryň ýoly bolmagynyň tapawudy ýok: eger sen, hakykatdan, Hudaýy gözleýän bolsaň, iň esasy zat, ol Hudaýyň ýoly bolsun. Bu seniň ykbalyň, şonuň üçin ony kabul etmek gerek. Ynanaý, Hudaý saňa öz edýän tagallalaryňa laýyklykda jogap berer. Özüň musulmandygyňy unut-da, gözlegleriňi täzeden başla. Saňa näme päsgel berýär?“ – diýdim.

Men bu barada pikirlenip: „Eý, Hudaý, meni ugrukdyr we maňa güýç ber, sebäbi meniň öňümde agyr synaglar dur. Eger Sen maňa kömek etmeseň, meni arwah-jynlar tike-tike eder. Men dünýäde rahatlyk tapman, maksatsyz ygyp ýörerin. Eý, Taňrym, ýalbarýaryn, maňa kömek et! Men Sen nirede bolsaň, hatda ýürekden ýigrenýän mesihilerimiň yzlaryna düşmelem bolsa düşüp, şol ýere hem giderin...“ – diýdim. Men birden özümi asudalygyň we rahatlygyň gurşap alanyny duýdum. Men birinji gezek logiki taýdan pikirlendim.

Men şeýle netijä geldim: mesihiler ýoldan azaşyp, iki sebäbe görä kapyr bolupdyrlar. Birinjiden, olar Mesih – Merýemiň Ogly – „Hudaý“ diýýärler; ikinjiden, olar Onuň haçda ölendigini we adamlaryň günäsine töleg tölemek üçin ölümden direlendigini aýdýarlar. Men näme üçin öz derňewlerimi şu iki soragda jemläp, olary yslam nukdaýnazaryndan barlamaly dälmişim?

Men yslamyň taryhyna degişli kitaplara, terjimehallara we düşündirişlere seredip başladym. Men Mesihe we Gurhanda agzalyp geçilişi ýaly, Ondaky Hudaýyň häsiýetlerine degişli bolan zatlary gözläp başladym. Men Ibn Kataryň „Interpretasiýa“, Dkahabiniň „Yslamyň taryhy“, Ibn Kataryň „Başlangyç we soň“, Şahristaniniň „Sektalar we dini ynançlar“, (Abu Muhammet hökmünde hem meşhur bolan) Ibn Hamzanyň „Sektalar we kultlar barada“, „Yslamdan öňki Mukaddes Kitaplar“ we „Mesihilik logika bien hekaýatlaryň arasynda“ diýen ýaly, ygtybarly çeşmeleri ulandym. Täsirli gözlegleriň netijesinde men, hatda mesihileriňem özleriniň kitaplarynda ýazmadyk zadyny, ýagny Mesihi tapawutlandyrýan birnäçe häsiýetlerini tapdym.

Mysal üçin:

## 1. Ýaratma ukyby:

Gurhan şeýle diýýär:

„Ana, şol Perwerdigäriňiz bolan Alladyr. Hiç ylah (hiç bir taňry) ýok, diňe Onuň Özi bardyr. Ol hemme zady Ýaradyjydyr. Indi Oňa bendelik kylyň! Ol hemme zadyň üstündäki wekil – gözegçilik Edijidir. *(6:102)*.

„Elbetde, Perwerdigäriňiziň Özi Ýaradyjy, bilijidir“ *(15:86)*.

„Anyk ki, siziň Allany goýup sygynýan butlaryňyzyň hemmesi birleşende hem, bir çybyn ýaradyp bilmezler, eger çybyn olardan bir närsäni çekip alsa, ony (şol çybyndan hem) gutaryp bilmezler. (Diýmek, şol butlardan hajatyny rowa kylmagyny) soraýan (müşrik) hem, soralýan (butlar) hem çäresizdir. *(22:73)*.

„(Müşrikleriň) Allany goýup çokunýan butlary bir zady hem ýaradyjy däldir, olaryň özleri ýaradylan zatlardyr. *(16:20)*.

„(Eý, müşrikler) ahyr (ähli möwjüdaty – janly-jansyz zatlary) ýaradyjy Alla bilen (hiç zat) ýaradyp bilmeýän (butlaryňyz) deňmi?! Oýlanmaýarsyňyzmy? *(16:17)*.

Hudaý Özüni beýleki hudaýlardan tapawutlandyrmak islände, beýleki hudaýlaryň hemmesinden ýokary bolan häsiýetlerini aýratyn bellese-de, ýene Hudaýyň ýaratma ukybyny çäklendirýän birnäçe aýat bar. Gurhan Mesihiň ýaradandygyny tassyklaýar

„Alla aýdypdy: „Eý, Merýemiň Ogly Isa!...Saňa kitap – hat we hikmet – ylmyny, Töwrady we Injili bildirenimi, we Meniň ygtyýarym bilen laýdan guş tymsalyny ýasanyňy, soňra oňa üflänińde, Meniň ygtyýarym bilen onuň hakyky guşa öwrülenini ... ýatla! *(5:110)*

Men bu aýady okanymda, Mesihe şu ukyby hut Hudaýyň berendigini duýdum, bu Onuň tebigatynyň bir bölegi däldi. Mesih Hudaýyň Öz Hudaýlyk häsiýetleriniň birini sowgat beren ýeke-täk Kişisidi. Näme üçin Muhammede däl-de, Mesihe berdi? Hudaý Muhammede şeýle diýdi:

„Anyk ki, siz (öz başlan işiňizi) ölülere düşündirip bilmersiňiz, we ýüz öwrüp gidip barýan kerlere bu hakykaty düşündirip bilmersiňiz. *(27:80)*.

Keriň gulagyny açmaklyk ýaratmakdan has aňsatdyr. Hudaý Muhammede, Öz adamlarynyň iň gowusyna we Öz pygamberleriniň iň esasysyna kerleriň gulagyny açmaklygy bermändir. Ol adamlara garşy baş göterdi – çybyn ýaradyň – ýöne Mesihe guş ýaratma ukybyny berdi. Guşlar – kiçijik jandarlar, ýöne gep göwrümde däl-de, düzgündedir. Kiçi zady ýaradyp bilýän, uly zady hem ýaradyp bilýändir. Bu ynsandan däl-de, Hudaýdan gelýändir.

## 2. Gizlin zady bilmek

Hudaý Gurhanda Özi hakda şeýle diýýär:

> „Aýdyň: „Asmanlar we Ýerdäki bir kimse gaýyby bilmez, meger diňe Alla biler“ *(27:65)*.

> „Gaýyp açarlar diňe Onuň Özünde bolup, olary täk Özi bilýär. Ol gury ýerdäki we deňizlerdäki bar zady bilýär. Islendik ýapragyň düşmegi Onuň eradasy bilendir we ýeriň astynda ýatan däne, ölu – gury näme bolsa, elbetde, açyk kitapda bardyr. *(6:59)*.

Birinji aýatda Gurhan hiç hili şübhesiz gizlin bolan bir zadyň diňe Hudaýa degişlidigini, başga hiç kime-de degişli däldigini belleýär. Ikinji aýat bilinmeýän zady we geljegi diňe Hudaýyň bilýändigini belleýär.

Gizlin zady bilme ukybyny özüne degişli eden her bir adamy Muhammediň ýazgarandygyny Gurhan aýdýar.

> „Aýdyň (eý, Muhammet): „Size huzyrymda Allanyň hazynalary jem“ hem diýemok, gaýypdakyny hem bilemok, ýene siz: „Men perişde“ hem diýemok“ *(6:50)*.

Bir gezek Moas Muhammede: „Eger Alla islese, senem islärsiň“ – diýýär. Muhammet onuň sözüni bölüp: „Sen meni Alla bilen deňeşdirmäge nädip het edip bilýärsiň? Ýerde ýa-da gökde Alladan başga gizlin zady bilýän ýokdur“ – diýýär.

Mesih babatda aýtsak bolsa, çäklendirmeleriň hemmesi aradan aýrylypdyr. Ol başgalaryň bilmeýän zatlaryny bilýär we başarmaýan zatlaryny başarýar. Gurhan şeýle diýýär:

> „Size iýýän we öýleriňizde saklaýan närseleriňizi aýdyp bermäge kadyr men“ *(3:49)*.

Bu aýatlarda Mesihiň birinji ýöňkemede gürlemegi örän adaty bolmadyk zatdyr: ony Hudaýyň Özüniň aýdýan bolmagy mümkin. Başga bir tarapdan, Muhammede mydama näme diýmelidigini aýdypdyrlar. Mesih gaty üýtgeşik, sebäbi Ol Özi hakda gürrüň edýär, bu bolsa, Onuň ukyplarynyň gazanylyp alynmandygyny, diňe Özüne degişlidigini aňladýar.

Ibn Katiriň „Başlangyç we soň“ kitabynda (2-nji bölüm, 86-njy sahypa) men özümi utanmaga mejbur eden bir zady okadym. Bu Mesihiň adatdan daşary gizlin zady bilme ukybyna eýediginiň jedelsiz subutnamasydy. (Bu uzyn taryh. Bu kimi gyzyklandyrýan bolsa, onda olar Ibn Katiriň kitabyna ýüz tutup bilerler).

## 3. Syrkawlara şypa beriş

Gurhan Ybraýymyň Hudaýyň ýeke-täk Şypagärdigi barada aýdan sözlerini ýatlaýar.

„Kesellesem, Onuň Özi şypa berer“ *(26:80)*.

Hakyky Hadysda Muhammet: „Eý, Alla, Seniňkiden başga şypa ýokdur“. Gurhanda bolsa biz Mesihiň Özi hakda aýdýan zatlaryny okaýarys:

„Men... ýene kör, pis (mahaw) näsaglary sagaldyp bilýärin“ *(3:49)*.

## 4. Ýaşaýyş we ölüm sowgat beriş

Hudaý ölümi we ýaşaýşy Öz elinde saklaýan ýeke-täk Kişidir. Başga hiç kim ölüm ýa-da ýaşaýyş sowgat berip bilmez. Gurhan şeýle diýýär:

„Elbetde, Biziň Özümiz ýaşaýyş we ölüm berýäris, Biz mirasdardyrys“ *(15:23)*.

„Elbetde, Biziň Özümiz ölüleri direlderis we olaryň eden amallaryny hem-de galdyran yzlaryny ýazyp goýarys. Barça närsäni Biz açyk kitapda belgiläp goýandyrys“ *(36:12)*.

„Elbetde, Biziň Özümiz ýaşaýyş hem ölüm bereris. Ýalňyz Bize gaýdyş bardyr“ *(50:43)*.

Mesih babatda Gurhan Onuň Özi hakda:

„Allanyň emri bilen ölini direldip bilýärin“ *(3:49)* – diýendigini aýdýar.

Ibn Katir Mesihiň ölüm hem ýaşaýyş berme ygtyýarynyň bardygyny subut edýän bir wakany gürrüň berýär. Mesihiň bireýýäm ölen gyzynyň üstünde aglap oturan aýaly görendigi gürrüň berilýär. Isa ol aýaldan: „Zenan, sen näme üçin aglaýarsyň?“ – diýip soraýar. Aýal hem Oňa: „Meniň gyzym öldi, meniň başga perzendim ýok“ – diýip jogap berýär. Mesih ondan: „Ony direltmegimi isleýärsiňmi?“ – diýip soraýar. Aýal Oňa: „Hawa, eý, Hudaýyň Ruhy“ – diýýär. Şeýdip, Mesih gabryň ýanynda durup, üç gezek gyzyň adyny tutup gygyrýar. Üçünji gezekde kiçijik gyzjagaz ýerinden turup, ejesi bilen gürleşýär. Soň gyzjagaz Mesihden yzyna gaýdyp gitmegini soraýar. Mesih oňa: „Yzyňa gaýt!“ – diýýär welin, gabyr ýapylyp, gyz ölýär. („Başlangyç we soň“ 2-nji bölüm, 84-nji sahypa).

## 5. Derwaýys çörek

Gurhan şeýle ýazýar:

„Çünki Allanyň Özi (barça halaýyga) rysky-ruz berýän, güýç-kuwwat sahybydyr we gudratlydyr“ *(51:58)*.

Hudaýyň rysk berip bilýän ýeke-täk Kişidigi anyk aýdylypdyr. Hudaý adamlara rysk berme ukybynyň bardygyny aýdyp yglan edýän her bir kişini ýazgarypdyr. Mesih babatda Ibn Katar Onuň Öz islän adamlarynyň hemmesine iýmit bermekde aýratyn ukybynyň

bolandygyny ýatlaýar. Mesihiň birnäçe çörek we bir-iki sany balyk bilen bäş müň adamy doýurmagy munuň has gowy mysaly bolup durýar.

## 6. Deňi-taýy bolmadyk

Gurhan Hudaý hakda şeýle diýýär:

„Alla asmanlaryň we ýeriň Ýaradyjysydyr. Ol siz üçin özüňizden bolan jübütleri ýaratdy we çarwa haýwanlary hem jübüt-jübütden ýaratdy. Ol sizi şol (jübütlik esasynda) köpeldýändir. Bir närse-de Oňa meňzeş däldir. Ol eşidýändirem, görýändirem. *(42:11)*.

Mesih babatda aýtsak bolsa, Onuň bilen hiç kimi deňeşdirmegiň bolmaýandygy öz-özünden düşnüklidir. Ol päk gyzdan halal ýol arkaly doguldy. Ol Özi hakda „Hudaýyň Sözi we Hudaýyň Ruhy“ – diýilýän ýeke-täk Kişidir! Ol şeýtanyň hiç hili täsir edip bilmedik ýeke-täk Kişisidir. Ol Hudaýlyk häsiýetine eýe bolan ýeke-täk Kişidir.

## 7. Buýruk beriji

Gurhan Hudaýyň bu häsiýetini ýatlap geçýär:

„Biz bir zady erada etsek, oňa aýdýan sözümiz: „Bol!“ – diýmekdir. Bes, şol zat bolýar“. *(16:40)*.

„Ol ýer – asmanlary peýda Edijidir. Bir işi höküm etse, oňa diňe: „Bol“ – diýýär, bolany. Bes, ol iş bolýar“. *(2:117)*.

Ýaratma ukyby Hudaýyň aýratyn häsiýetidir. Ibn Katiriň aýdyşy ýaly, Mesih suwy şeraba öwrende, şu häsiýetini görkezdi. (Başlangyç we soň“, birinji bölüm, 85-nji sahypa).

## 8. Suwdaky tagt.

Gurhan Hudaýyň tagty hakda şeýle diýýär:

„Ol (Alla) siziň haýsyňyzyň ýagşy amal edip ýaşaýandygyňyzy synamak üçin asmanlary we ýeri alty günde ýaradan Beýikdir. Ozallar Onuň arşy suw üstündedi“. *(11:7)*.

Kortobi we El-Hadati bu aýadyň Mesihe-de, adamlaryň imanyny synlamak üçin tagty Hudaý tarapyndan suwuň üstünde ýaradylan Mesihe-de degişlidigini aýdýarlar. Mesih Tiberiýa kölüniň ýüzünden ýöräp, imanyny synamak üçin Öz şägirtleriniň ýanyna bardy. Soň Ol olara: „Siz imany azlar“ (Matta 8:26) diýýär.

## 9. Kazy we hökümdar

Gurhan Hudaý hakda gürrüň edýär:

„Höküm etmek diňe Allanyň Özüne mahsusdyr. Ol dogry höküm çykarýar. Ol hak bilen nähaky parhlandyryjylaryň iň ýagşysydyr“ *(6:57)*.

„Eger sizden bir taýpa meniň bilen iberilen dine iman getirip, başga bir taýpa bolsa, iman getirmese, onda tä Alla Öz hökümini çykarýança, sabyr ediň. Ol dogry höküm çykaryjydyr“*(7:87)*.

El-Bokari Muhammet pygamberden Mesih hakda: „Meryemiň Ogly adalatly höküm sürmek we adalatsyzlygy köki bilen ýok etmek üçin adyl kazy hökmünde gaýdyp gelmezden öň, kyýamat güni gelmez“ – diýen sözleri Ibn-Abbasyň eşidendigini düşündirýär.

## 10. Ýiti nazarly

Gurhan Hudaý hakda şeýle diýýär:

„Gözler Oňa ýetip bilmez. Onuň nazary ýetýändir. Ol mähribandyr we (her zatdan) ägädir“ *(6:103)*.

Bu Hudaýyň Mesihiň teninde gelen ýene bir häsiýetidir. Ibn-Katari bilen Kortobi Mesih bir gün dagdaka, Ony rimlileriň tussag etjek bolandyklary hakdaky wakany gürrüň berýär. Isa göni olaryň arasyndan geçýär, emma olar Ony görmeýärler, ýöne Ol olary görýär (Sektalar we ynanç wagzy, Şahristani, 27-nji sah.).

## 11. Iň rehimdar we iň mähriban

Gurhan şeýle diýýär:

„Taňryňyz ýeke-täk Taňrydyr. Ol mähriban we rehimli Taňrydan özge hiç hili taňry ýokdur“ *(2:163)*.

„Asmanlar we Ýerdäki bar janly-jandarlar (kyýamat gününde) Rahman (huzuryna) diňe gul hökmünde geler“ *(19:93)*.

Şahrastani bilen Azraki özleriniň „Sektalar we ynanç wagzy“ we „Pygamberlikleriň subutnamalary“ atly kitaplarynda Mesihiň Hudaýyň keşbidigi ýatlanylyp geçilýär. Ol duýgudaş bolupdyr. Ol gyzy ölümden direltdi we köp syrkawlara şypa berdi. Ol bir körüň gözlerine palçyk çalyp açdy, sebäbi ony Hudaý şonuň ýaly ýaradypdy.

## 12. Tymsallar bilen gürleýär

Gurhan tymsallar bilen diňe Hudaýyň gürleýändigini tassyklaýar:

„Alla Özüniň nuruna Öz islän kişilerini hidaýat eder. Alla adamlaryň (ybrat almagy) üçin tymsallar getirer. Alla hemme närsäni bilýändir“ *(24:35)*.

„Söz... Perwerdigäriň idin – eradasy bilen mydama miwe getirer. Alla adamlaryň ybrat – görelde almklary üçin ine, şeýle mysallary getirýär“ *(14:25)*.

El-Katafe Ibn Katir, Kartobi we Zamakşari dagy Hudaýyň adamlary Özüne ýakynlaşdyrmak üçin tymsallary ulanandygyny aýdýarlar. Mesihem edil şonuň ýaly etdi. Täze Äht beýleki pygamberleriň hiç haýsysynyň aýtmadyk tymsallaryndan doly.

## 13. Habarçylary iberýär we olara ygtyýar berýär

Gurhan şeýle diýýär:

„(Eý, Muhammet) siz olara (Antokiýa) obasynyň ilini – o taýa ilçileriň gelen (iberilen) wagtyny mysal edip getiriň! Şon Biz olara iki ilçini berenimizde, ol ikisini ýalançy hasap edenlerinden soň, üçünji ilçi bilen berkitdik. Bes, (bu üç ilçi Antokiýa iline): Hakykatdan hem, biz size (iberilen) ilçilerdiris“ – diýipdiler *(36:13, 14)*.

Ibn Katir we teswirleýjileriň hemmesi agzalyp geçilýän şäheriň Antakiýadygy, adamlaryň bolsa, Mesihiň iberenleridigi bilen ylalaşýarlar. Mesih olara ygtyýar berdi. Başga adamda munuň ýaly ygtyýar bolýan däldir.

## 14. Oňa tagzym etmek gerek

Gurhan şeýle diýýär:

„Ýahudylar: „Uzaýr Allanyň ogly“ diýdiler. Nasyranlar: „(Isa) Mesih Allanyň Ogly“ – diýdiler. Bu olaryň dillerindäki geplerdir. Olar hem, edil owalky kapyr bolan kimselere meňzeýär. Olary Alla näletlegeý! Nähili ýalňyşandyklaryny bilselerdi!“ *(9:30)*.

Ibn Kotaiba muňa çylşyrymly aýat hökmünde garaýar, sebäbi ol Hudaýa we Mesihe tagzym etmäni buýruk hökmünde görkezýär. Şonuň üçin Ibn Kotaiba bu kynçylykdan gaça durmak üçin „Merýemiň Ogly Mesih“ jümlesi sintaksis taýdan „Alla“ sözüne däl-de, „almak“ işligine „ikinji doldurgyç“ hasaplamak gerek diýip hasaplaýar. Şonda bu aýat mesihileriň Mesihe Hudaý hökmünde garaýan nukdaýnazaryny tassyklamaz.

## 15. Bulut saýawanyň astynda geler

Gurhan şeýle diýýär:

„Olaryň (hak ýoluny inkär edýänleriň) göwnüne, megerem, olara bulutdan bolan saýawan astynda Alla we perişdeler gelýär-de, iş tamam bolýar. We ähli işler Alla dolandyrylýar“ *(2:210)*.

Ibn El – Fadl Elo – Hadati bu aýadyň Kyýamat Gününde bulutlar içinde gaýdyp geljek Mesih hakda gürrüň berýändigini aýdýar. Ol aşaky aýat hem, Mesih hakda gürrüň berýär diýip hasaplaýar:

„Perwerdigäriňiz we perişdeler hatar-hatar bolup gelende...“ *(89:22)*.

Aslynda, men islänimden köp zady tapdym. Men öz tapan zatlarym hakda „Mesihiň Hudaýlygy“ diýip atlandyran aýratyn kitapçamda ýazdym, ýöne öz gözleglerimi tamamlanymdan soň, kitapçanyň adyny üýtgedip, ony „Mesihiň gutulgysyz Hudaýlygy“ diýip atlandyrdym. Men ony: „Hatda biz mesihiler Mesihi Hudaý hasaplamasak-da, Ol Hudaý bolmalydyr“ – diýen sözler bilen tamamladym.

Ikinji bölüm, has takygy, Mesihiň günäkärler üçin gurbanlyk bolup ölendigi hakda aýtsak, musulmanlar muňa mydama garşy çykýardylar, sebäbi Gurhanda şeýle diýilýär:

„Her bir göteriji özge janyň ýüküni götermez“ *(17:15)*.

Nädip bigünä günäkärler ugrunda ölüp bilsin? Bizde başga delil bardy: Mesih dogrudanam öldümi? Men näme üçindigini bilemok welin, Mesihiň ölümini tassyklajak hiç bir zady tapmajakdygyma doly ynamlydym. Eger gözlänimde, hiç hili şaýatlyk tapmasam, bu meniň wyždanymy köşeşdirer-de, yslama bolan ynamymy güýçlendirer. Şonuň üçin men Mesihiň Hudaýlyk tebigaty baradaky şaýatlyklara garşy çykýan bir zady tapmaga şeýle jan etdim we Onuň günäkärler üçin ölmändigini, ölüp hem bilmejekdigini subut etmäge dyrjaşdym.

Gurhanyň aşaky aýatlarynyň üstünden baranymda, pida edijilikli ölüm ideýasyny subut etmäge çalyşdym:

> „Musanyň öz kowumyna aýdan sözlerini ýatlaň: „Kowumym, siz gölä ybadat etmek bilen özüňize zulum etdiňiz. Indi özüňizi (biri-biriňizi) öldürmek bilen sizi bar eden, ýaradan Alla toba edersiňiz. Ýaradan Alla nazarynda, ine, şu (katl – gurban eýesi) siziň üçin haýyrlykdyr. Bes, Alla tagala tobaňyzy kabul etdi, elbetde, Ol geçirimli, mähribandyr“ *(2:54)*.

Men bu aýady Ibn Katiriň nähili düşündirýändigini okadym. Ol ysraýyllaryň altyn gölä tagzym edendikleri üçin özleriniň günälerine toba etmek isländiklerini, emma Hudaýyň olaryň tobasyny kabul etmändigini aýdýar. Musa meditasiýa eden wagtynda, Hudaý

oňa özüniň ysraýyllara bagyşlanmak üçin ýeke-täk ýoluň, her bir adamyň öňünden çykanlaryň hemmesini öldürmekdigini aýtmagyny aýdypdyr. Olaryň öz maşgalalarynyň agzalaryna nebsi agyrmaz ýaly, Hudaýyň buýrugyna tabyn bolmak üçin batyrgaý bolmaklary üçin gözlerini daňandyklary aýdylýar. Ibn Katir şol gün az bolanda 70 müň adamyň ölendigini, ganyň derýa bolup akandygyny aýdýar. Hudaý munuň ýeterlikdigini görende, Musa ysraýyllara öldürmegi bes etmegini aýdypdyr. Hudaý olaryň tobasyny ölenleriň gany arkaly kabul edipdir. Eger altyn gölä tagzym etmedik biri oňa tagzym edenleriň günäleriniň geçilmegi üçin ölen bolsa, onda biz Mesihiň günäkärler ugrunda ölendigi we Onuň entegem ýaşap ýörendigi baradaky ideýa näme üçin garşy çykmalymyşyk?

Men özümiň daşymy Hudaýyň subutnamalar bilen gurşaýanyny duýdum, şonuň üçin Mesihiň Öz yzyna eýermeklige çagyryşyny inkär edip bilmedim. Men hatda Mesihiň ölümi hakdaky köp ýatlamalary-da tapdym. Adamlar Mesihiň ölümi baradaky pikirler bilen däl-de, Onuň näçe wagtlap öli bolup ýatandygy hakdaky pikirler bilen dargaşdylar. Käbirleri Onuň üç sagatlap, beýlekileri bolsa, bir ýa-da iki gün öli bolup ýatanyny aýtdylar. Bu Mesihiň, hakykatdanam, öli bolandygyny subut edýär.

Men öňkimden-de beter gaýgylandym, sebäbi mesihileriň ynamyny inkär etmek üçin bir zatlar tapmak isleýärdim. Men özüme we öz dinime buýsanýardym, mesihileri bolsa ýigrenýärdim. Häzirlikçe bolsa, mende täze ýagdaýa uýgunlaşmakdan başga saýlaw ýokdy, ýöne nädip?

Men Mukaddes Kitaby okamagy bes etmedim, ol meniň dostum boldy. Ony köp okadygymça-da, onuň süýjüligini duýdum. Bir gezek men Mukaddes Kitaby okap otyrkam, aşaky aýatlar meni haýran galdyrdy:

> „Doga edeniňde ikiýüzlüler ýaly bolma, çünki olar göz üçin sinagogalarda, köçe burçlarynda durup doga etmegi halaýarlar. Men size dogrusyny aýdýaryn, olar öz sylaglaryny eýýäm alandyrlar. Emma sen doga edeniňde, öz otagyňa

girip, gapyny ýap-da, gizlinlikdäki Ataňa doga et. Gizlinlikde edileni görýän Ataň saňa ony açyk gaýtaryp berer“ (Matta 6:5-6).

Mukaddes Kitapda iki müň ýyl mundan ozal şu wagt bolup geçýän zatlaryň ýazylandygyna men aňk-taňk boldum. Men özümiň gaty bir zada maňlaýymy urup, soňundan „namaz belliklerim“, göklerim bilen öwünjek bolup, namaz okan wagtymda, kellämi urmak üçin poluň üstüne nähili hem bolsa, bir gaty zat goýýanym ýadyma düşdi. Men oraza tutanymy, Hudaýa sežde edenimi aýdyp öwünýärdim. Men hatda özümiň dindardygymy görkezjek bolup, belli bir geýimleri-de geýýärdim.

Meni Mesihiň ölümi we Onuň haça çüýlenilmesi baradaky sorag gyzyklandyrýardy, Mesih, dogrudanam, öldümikä? Men Mesihiň pida edijilikli ölümi suratlandyrylan mesihilik kitaplarynyň we gollanmalarynyň hemmesini okadym-da, ahyrsoňy Mesihiň Hudaýlyk tebigatyna we haça çüýlenmä göz ýetirdim diýen ýaly boldum. Käbir adamlaryň meniň öz tapan zatlaryma guwanýandyryn diýip pikir etmekleri mümkin. Gaýtam, men gaty gaýgylandym we gaharlandym. Özümiň bütin ömrüme ýalan ynam bilen ýaşandygymy bilmezimden ozal Hudaýyň meni öldürmändigini nähili gynançly zat! Ýigrenji, hapa mesihileriň mamla bolup çykandygyny, meniň bolsa, bimamladygymy boýun almak maňa gaty agyr düşdi.

Men az ýatýardym, köçelerde boş ýere gezmeläp, öz-özüm bilen gürleşýärdim. Namaz okap başlan wagtymda, pikirler ýüregimi paralaýardy, şübheler tike-tike edýärdi. Men näme etjegimi bilmedim. Men doganlardan öz ýanyma seýrek gelmegi haýyş etdim, her hili bahanalary oýlap tapdym, özümiň polisiýanyň gözegçiligi astyndadygymy aýtdym. Men kem-kemden tutuş topardan daşlaşdym. Adatça Gurhan okan wagtymda, meni uky basmarlaýardy. Şol bir wagtyň özünde-de, men Mukaddes Kitaby bar zady unudar derejä çenli okaýardym. Men bu kitaba örän ysnyşdym. Bir gün emir meniň ýanyma geldi-de, öz derňewlerimde öňe süýşmändigimi gördi. Ol maňa: „Bu Allanyň erkidir! Maňa Mukaddes Kitaby ber, biz seniň deregiňe bu işi edip biljek başga birini taparys. Sen munuň ýaly iş üçin ýaradylmansyň öýdýärin“ – diýdi.

Men muňa begenmelidim, sebäbi şeýle edilmegini men iň başda sorapdym, ýöne indi hemme zat başgaça bolupdy. Men ondan özüme ýene bir aý bermegini, sebäbi degerli maglumaty görüp bilendigimi aýtdym. Hakykat bolsa, meniň Mukaddes Kitaby we Töwrady okamaga berilýän rugsatdan mahrum bolmak islemeýändigimdedi. Emir razy boldy. Men özümiň näme sebäpden beýle edenimi bilemok. Men Mukaddes Kitaby bermäge razy bolup, özümi stressleriň hemmesinden we özümiň barýan näbelli geljegimden özümi halas edip bilerdim. Her gezek namaz okamaga taýýarlananymda, içki sesiň özümden: „Sen bardygyna ynanmaýan Hudaýyňa nädip sygynyp bilýärsiň?“ – diýip soraýanyny eşidýärdim. Käwagt men aglaýardym, içimde nämedir bir zat üzüldi.

Bir gün men bu içki sese garşy çykyp, Gurhany okap başladymda, aşaky aýada üns berdim:

> „(Eý, müminler), siz kitap eýeleri bilen diňe gözel mylakatda boluň, meger, olaryň arasyndaky zulum-zorluk eden kimseler bilen (kesgin mylakat ediň) we aýdyň: „Biz özümize inderilen (Gurhana) hem, size hasyl edilen (Töwrat we Injile) hem iman getirendiris. Biziň ylahymyz hem, siziň ylahyňyz hem, Bir (Ylahdyr) we biz diňe Oňa boýun egýäris“. *(29:46)*.

Men bu aýady has çuň öwrenmek isledim, şonuň üçin men Ibn Katiriň, Kortobiniň we Zamakşariniň ýazan düşündirişlerine ýüz tutdum. Meniň birinji tapan zadym, olaryň bu aýadyň 9-njy süredäki mehşur „Gylyç“ aýady bilen ýatyrylandygynda bir pikirlidikleridi. Ýöne bu meseläniň diňe bir bölegidi. Men bu aýadyň öz Hudaýymyzyň we Kitabyň adamlarynyň Hudaýynyň şol bir Hudaýdygyny tassyklaýanyny gördüm. Men dowam edip bilmedim. Meniň aklym işlemekden boýun towlady.

Musulmanyň Hudaýy musulman dällere bolan öňki ýagşylyklarynyň hemmesini ýatyryp, ony ganhorluga, gynamalara we agyra çalyşdy. Ol, hatda, bizi, musulmanlary Özüniň gynama guraly etdi:

„Olar bilen söweş ediň, (şonda) Alla olary siziň goluňyz bilen azaplaýar, ryswa edýär we size olary ýeňmäge güýç berýär hem-de mömin kowumlarynyň kalplaryny gandyryp, köňüllerindäki gaýgy-gamy dep edýär“ *(Süre 9:14)*.

Gurhanda musulmanlaryň musulman däller bilen söweşmäge borçludygy barada, az bolanda, 27 aýat bar. Şol bir wagtyň özünde mesihileriň Hudaýy şeýle diýýär:

„Emma, eý, Meni diňleýänler, size diýýärin, duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň. Özüňize gargaýanlar barada ýagşy dilegde boluň, özüňizi ynjydýanlar üçin Hudaýa doga ediň“ (Luka 6:27-28).

„Men welin size diýýärin, ýamana garşy durma. Gaýta, kim seniň sag ýaňagyňa ursa, ol ýaňagyňy- da oňa öwür. Seniň bilen dawalaşyp köýnegiňi aljak bolýana donuňy-da ber. Kim seni özi bilen bir çakrym ýol ýöremäge mejbur etse, onuň bilen iki çakrym ýol ýöre“ (Matta 5:39-41).

Men bu aýatlary Gurhanda aýdylýan zatlar bilen deňeşdirip başladym:

„Bes, kim size howp salsa, siz hem olara howplary derejesinde howp ediň!“ *(Süre 2:194)*.

„(Eý, möminler), olar üçin ýagdaýyňyzyň ýetdiginden güýç we eýerlenen atlary taýýarlap goýuň, şunuň bilen Allanyň we öz duşmanlaryňyzy hem-de olardan başga öz tanamaýan – Allanyň tanaýan başga birewlerini hem gorka salarsyňyz. Imany Alla ýoluna sarp etseňiz, size zulum edilmän, kämil edilip gaýtarylyp berler“ *(Süre 8:59)*.

„Muhammet Allanyň pygamberidir. Onuň bilen bile bolan möminler kapyrlara gaharly, öz aralarynda bolsa, rehimli, mähribandyrlar“. *(Süre 48:29)*.

Gara bilen agyň birmeňzeş bolmagy ýa-da ýamanlyk bilen ýagşylygyň birmeňzeş bolmagy ýa-da gündiz bilen gijäniň birmeňzeş bolmagy mümkin däl. Olaryň her haýsynyň özbaşyna aýratyn bolmalydygy gürrüňsizdir. Şonuň üçin diňe ýekeje Hudaý bolmalydyr. Men özümiň şol Hudaýy tapjagyma ynanýardym, sebäbi men Ony söýýärdim. Ýeke-täk Hak Hudaýa, Ol ýewreýleriň Hudaýy bolan ýagdaýynda-da, Oňa ynanmaga maňa hiç kim päsgel berip bilmez.

Men pikirimde Hudaý bilen gürleşdim: „Eý, Hudaý, maňa Seniň kömegiň gerek. Meni taşlama, sebäbi men kelebiň ujuny ýitirdim. Men Seniň nirededigiňi bilemok. Men ýolumy ýitirdim, eger men azaşýan bolsam, onda bu haýsydyr bir maksat bilen däldir. Sen meniň Özüňi nähili söýýändigimi we Seniň ugruňda nähili görgüleri görendigimi bilýärsiň. Eý, Hudaý, eger eden haýsydyr bir günäm sebäpli Sen meni jezalandyrýan bolsaň, onda men Senden ötünç soraýaryn. Sen ýeke-täk Hudaýsyň, men bolsa, Seniň parzlaryňa tabyn bolan hyzmatkäriňdirin. Men öz günälerimi boýun alýaryn we olara toba edýärin. Saňa ýalbarýaryn, meni beýle gazaply jezalandyrma“.

Käbir pikirler meni sandyradýardy, meni gorky gurşap alýardy. Men iki kitap – Gurhan hem Mukaddes Kitap – Hudaýyň Sözi bolup bilmez: olaryň biri beýlekisini ýatyrmalydyr öýdýärdim. Şunuň ýaly pikir kelläme gelende, men dowla düşdüm. Men üýtgeşik ses eşidenimde, Gurhana bolan garaýşym üçin Hudaý öýümi kül peýekun etdi, ol hem kelläme gaýtdy diýip pikir edýärdim. Meniň durmuşym çydar ýaly bolmady, Ol hatda türmede oturanda, gynanylan wagtymdakydan hem agyr boldy.

Tizara bu duýgy köşeşdi, şonuň üçin men Gurhany täzeden öwrenme we onuň sürelerini obýektiw öwrenme kararyna geldim:

> „Eýsem, Gurhan hakynda pikir ýöretmeýärlermi?! Eger ol Alla tarapyndan bolmadyk bolsa, onda kän gapma-garşylyklar tapardylar“. *(Süre 4:82)*.

Men obýektiw däldim. Men Gurhandan onuň Hudaýdandygyna ynanmaga meni mejbur edip biläýjek zady tapmak isleýärdim. Men mesihilere bolan çuň gazap duýýardym. Men mesihi bolmakdan

başga zatlaryň hemmesini ulanardym. „Mesihi“ sözi meni gazap atyna ataryardy we mende güýçli gahar duýgusyny döredýärdi, şonda men mesihilik bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesi üçin ar almak isleýärdim. Özümi näme sebäpden beýle alyp barýandygymy men bilmeýärdim, belki, munuň sebäbi özümiň yslamy gowy görýän, mesihiligi ýigrenýän, mesihileriň kapyrdyklaryna ynamly bolan berk maşgalada terbiýelenendigimdedir. Ene-atamyz bize mesihileriň çagalary bilen oýnamaly däldigimizi, sebäbi olar dönükdiklerini duýdurýardylar, olaryň iýmitlerini iýmeli däldigimizi, sebäbi olaryň bizi zäherlemeginiň mümkindigini aýdýardylar. Bizi mesihilerde Hudaýyň we ynanjyň ýokdugyna ynandyrdylar.

Men Gurhany çuň öwrenip başladym-da, onda ozal görmedik täsin setirlerimi gördüm. Men öz derňewimi tamamladym-da, ony „Gurhan Hudaýyň Sözümi?“ diýip atlandyrdym. Maňa derňewimi tamamlamak üçin alty aýa golaý wagt gerekdi.

Bir gün garaşylmadyk ýagdaýda meniň ýanyma emir geldi. Ejem ony garşy alyp, meniň otagyma alyp barypdyr (men bu wagt hammamdadym). Meniň maşgalamdakylar ony gowy tanaýardylar, sebäbi men onuň bilen bile türmede oturypdym. Emir otagyň içinde pytrap ýatan kagyzlary görüpdir-de, öz derňewimiň uly bölegini gutarandyryn öýdüpdir. Men onuň: „Alla seni ýalkasyn! Sen hut gerek bolan adamsyň! Men mamla bolup çykdym, sen muny edip biljek ýeke-täk adamsyň!“ – diýenini eşitdim. Men: „Bu kagyzlara nämäniň ýazylanyny sen bilmeýärsiň“ – diýip pikir etdim.

Bir minut geçenden soň, men içeri girdim. Ol gyzarypdyr, doňan ýaly bolup galypdyr. Ol meniň ýakamdan tutup, ýüzüme seredip gygyrdy:

„Bu näme? Muny sen ýazdyňmy? Muny seniň ýazan bolmagyň mümkin däl. Seni kim aldady? Seni öz diniňi satar ýaly edip kim azdyrdy?“

Men oňa: „Eger bu aldaw bolsa, onda ol siziňkidir; eger azgynlyk bolsa, onda ol sizdendir; eger men günä eden bolsam, günäm siziň başyňyzadyr! Meni muňa siz iteklediňiz. Men siziň özümi şu derňewden boşatmagyňyzy haýyş etdim, emma siz etmediňiz. Meniň mesihileri we mesihiligi nähili ýigrenýänimi siz bilýärdiňiz, ýöne olaryň Kitabyny okamaga meni siz mejbur

etdiňiz. Kasam edýärin, öz tapan zatlarymyň hemmesiniň ýalan bolmagyny isleýärin. Siz bilen men ömrümiziň iň kyn döwrüni bilelikde geçirdik, dogry dälmi?“ – diýdim.

Ol: „Hawa“ – diýip jogap berdi.

„Siz adaty bolmadyk bir zat gördüňizmi?“

„Ýok“.

„Beýle bolsa, bagyşlaň, bu meniň ygtyýarymda däl. Bu ýöne bir maglumat däl, bu meniň öz ygtyýarymda bolmadyk janymdyr. Meniň okan zatlarymy siziňem okamagyňyzy, bilen zatlarymy siziňem bilmegiňizi men diýseň isleýärin!“

Ol gazap atyna atlandy-da, meniň belliklerimiň hemmesini (Mesihiň Hudaýlyk tebigaty, Gurhan Hudaýyň sözi däl we ş.m.) ýyrtjak boldy. Biz örän güýçli sögüşdik, şonuň üçin ejem içeri girdi. Emir öýden gitmeziniň öň ýanynda maňa: „Indi saňa näme bolýanyny biz bildik, ýöne eger ýaşamak isleýän bolsaň, meniň haýyşymy ýerine ýetir“. „Nähili haýyş?“ „Öz ýazan bu zäheriň hakda toparyňda hiç haçan gürläýme. Men seniň dinden çykan bolandygyňy olara aýtjak, ýöne sebäbini düşündirjek däl. Eger sen olara nämedir bir zat aýtsaň, özüňe näme boljakdygyny bilýänsiň“.

Men: „Siz hemme zadyň üýtgändigini bilýärsiňiz ahyry. Maňa haýbat atmagyň gerek däldigini siz hemmelerden gowy bilýärsiňiz. Doganlardan öz ýanyma gelmezligi haýyş edenimde, özümiň olara wepaly bolandygymy siziň dykgatyňyza ýetirýärin. Men olara özümiň ynamly bolmadyk zadymy öwretmegi dowam edip bilmedim, bu dogry dälmi? Men olary daşlaşdyrdym, sebäbi men olara perwaýsyz seredemok. Ynanaýyň, men Hudaýy söýýärin, şonuň üçin eger ýalňyşýan bolsam, onda özümi yslama gaýtaryp getirmegi üçin dileg edýärin“.

Men ýatda galan pursatlary, türmedäki durmuşymyzy we kynçylyklardan bile geçişimizi ýatlanymda, ýürekden agladym. Dogrymy aýdaýyn, bu zatlara döz gelmek maňa gaty kyn boldy. Ýöne bu Hudaýyň erki bolsa, onda Hudaýdan uzakdaky gowy ýatlamalaryň hemmesi hoş galyň, Onuň bilen duş geljek tikenlerim, salam.

Topar meniň bilen gatnaşyklaryň hemmesini kesdi. Toparyň agzalary menden gaçdylar, hatda köçede-de, meniň bilen

salamlaşmadylar. Men olaryň özümi kapyr hasaplaýandyklaryny derrew bildim. Olaryň „Hazyna öýi“ toparyndan alyp, özüme şahsy çykdajylarym üçin beren pullaryny gaýtaryp bermek gerekdi. Olar bu pikir özümi ejizledip, topara gaýtaryp alyp barar öýtdüler. Olar, şeýdip, maňa düşünmediler.

Emir bilen men birnäçe adamlar bilen bilelikde inwestision kompaniýa eýeçilik edýärdik. Biziň köp pulumyz bardy. Biz geýim satyn alýardyk-da satýardyk. Men çeklere gol çekýän resmi menejerdim. Men bu telekeçilikde gizlin jogap berýärdim. Men toba gelmekden boýun towlanymda, olar maňa öz paýymy tölemediler-de, meni suda berdiler. Olar meniň kapyrlygyma toba edip, özleriniň öňlerinde ötünç soraryn öýtdüler. Sudda emir meniň ýanyma geldi-de, pyşyrdap: „Eger sen aklyňa aýlanyp, Allanyň öňünde toba etseň we özüňi kimiň ýoldan çykarandygyny aýtsaň, aýyplamamyzy yzyna alyp bilerdik“ – diýdi.

Men jogap bermedim.

Kazyýet meni her aýda 160 müsür funtuny tölemeklige borçly etdi. Olar üçin bu urgy boldy, sebäbi olar meni türmä saldyrmak isläpdiler. Men işiň netijesiniň gowy bolandygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim, ýöne Onuň bilen gaharly hem öýkeli gürleşdim: „Eý, Hudaý, Sen näme üçin maňa beýle edýärsiň? Näme üçin men ejir çekmeli? Men çagalykdan bäri görgi görüp we göreşip gelýärin. Mende indi dostumam ýok, sebäbi olar Saňa ynanmaýarlar. Men öz maşgalamyň söýgüsini ýitirdim, sebäbi olar Seni kabul etmeýärler. Men derňewlerimi ýitirdim, sebäbi olar Sen bilen meniň aramda durdy. Indi Seniň meni nähili agrynyň üstünden alyp barjagyňy bilemok. Saňa ýalbarýaryn, maňa rehim et, men ejiz hem güýçsüz. Meni bu tolgunýan deňziň tolkunlarynyň arasynda galdyrma, men özümiň nirä gitmelidigimi bilmeýärin. Maňa aýtsana, Sen nirede? Sen mesihileriň Hudaýymy? Musanyň Hudaýymy? Muhammediň Hudaýymy? Eger Sen Muhammediň Hudaýy bolýan bolsaň, onda näme üçin meni görgi görmäge we Saňa şübhelenmäge mejbur etdiň? Saňa ýalbarýaryn, Hudaý, meni ýalňyz taşlama, Sen nirä gitseň, yzyňa düşüp gitmäge söz berýärin. Men Senden başga hiç kimdenem gorkamok, Sen muny gowy bilýärsiň“.

Meniň pikirlerimiň akymyny birden ejem böldi, ol menden öz naharymy almagymy haýyş etdi. Men ejem bilen bile nahar iýmeýärdim, sebäbi musulmanyň kapyr bilen bile nahar iýmeli däldigine ynanýardym, ejem bolsa, öz toparymyň pikir edişi ýaly kapyrdy.

Soň men örän wajyp soraga gelip ýetdim: „Eger Gurhan Hudaýdan bolmasa, onda Muhammet kim?“ Onuň ýalan pygamber bolmagy mümkin. Ýöne men muny nädip subut etmeli? Men birden dowla düşdüm-de: „Beýle zat bolup bilmez! Muhammet ýalan pygamber? Onuň gudratlary we imperiýasy we onuň yzyna düşen mähelleler näme?“ – diýip pikir etdim.

Men özümi edil Hudaýyň gazabynyň we gynalmanyň öňünde durmaly ýaly duýdum. Men köşeşenimden soň, bir täsin batyrlyk bilen öz derňewlerimi Muhammediň kimdiginde we onuň pygamber bolan bolmandygynda jemleme islegini güýçli duýdum. Men onuň ýaryşlarynyň iki jähte esaslanandygyny bildim: 1) ol sowatsyzdy, ýöne Gurhan aldy; 2) ol günäsizdi. Ol pygamber bolmazdan ozalam, hiç haçan günä etmändir.

## *Sowatsyzlyk*

Men Muhammediň okap ýa-da ýazyp bilýändigini aýdýan tassyklama tapmak hakda pikir etdim. Men diňe Muhammediň okap hem ýazyp bilmeginiň mümkin däldigini bilýärdim. Bu meni ýene bir gezek pygamberiň terjimehalyny okamaga mejbur etdi. Ozal özümiň bilmedik köp zadymy tapandygym meni gaty haýran galdyrdy. Men Muhammediň El-Nadr, Ibn El-Haret, Warak Ibn-Nofal we belli ruhany Ibn Saeda nirä gitseler, şol ýere ýörändigini bildim. Şeýle hem, men Muhammediň baý aýal Kadiýýa bilen iş alyp barandygyny, Ýemen bilen beýik Siriýanyň täjirleri bilen köp sanly şertnamalary we ylalaşyklary baglaşandygy hakda okadym.

Kitapda Muhammediň goluň deregine ulanan möhüri ýanynda göterendigi hakda aýdylýar, bu bolsa, onuň sowatsyz bolandygyny aňladýar. Şeýle-de bolsa, onuň möhüri göterip ýörmegi onuň sowatsyz bolanyny o diýen bir aňladybam durmaýar, sebäbi ol döwürlerde täjirleriň arasynda alyjy bilen şertnama baglaşmaklyk,

soňra hem ony tassyklamak üçin, häzir Respublikanyň möhüriniň goýluşy ýaly, möhür basypdyrlar.

Men Al-Hugaýbiýiň parahatçylykly şertnamasyndan soň, Muhammediň öz eli bilen ýaraşyk baradaky şertnamany ýazandygyny, onuň öz daýysy Abu Talebiň howandarlygy astynda bolandygyny, onuň Alydan uludygyny bildim. Aly okap hem ýazyp bilipdir, şonuň üçin Muhammediň okamagyň we ýazmagyň hiç bolmanda başlangyç bölümini bilmezligi akla sygjak zat däl.

Men Muhammediň birwatlar (mesihi) Ýassir Al-Nusrani bilen ýaşandygyny, ondan Mukaddes Kitabyň tekstlerini alyp, olary okandygy hakda okadym. Men musulman ýazgylarynyň Jebraýyl perişde Muhammediň ýanyna gelip, ondan okamagyny sorandyny aýdýandygyna, Jebraýylyň Muhammediň sowatsyzlygyny bilibem, ondan okamagy haýyş etmeginiň logika laýyk gelmeýändigine düşündim. Eger ýokarda aýdylanlaryň hemmesini meniň Muhammediň hakyky pygamberdigi babatda açan zatlarym bilen goşsak, onda Muhammediň pygamberem, takwa adam hem bolmandygyna akyl ýetirýärsiň. Jikme-jiklikleriň hemmesini meniň „Muhammet Töwratda we Mukaddes Kitapda“ ady bilen ýazan kitabymdan tapmak bolar.

## *Günäsizlik*

Muhammediň günäsizligi babatda aýtsak, Al-Seýera, Al-Halabiýa, Ad-Tabakaat, Al- Kubra we Seerat Ibn Işam ýaly köp terjimehallar, hatda 16-njy sürä berlen düşündirişem bar.

> „Siz serhoş ediji (aragy) hem, gözel – halal ryskyň özüni hem, hurma we üzüm miwelerinden alarsyňyz. Elbetde, munda hem, akyl ýöredýän kowum üçin aýat görelde bardyr“. *(Süre 16:67)*.

Muhammediň şerap içendigini we eger ol gaty güýçli bolsa, onda oňa suw garmagy dostlaryna teklip edendigini tassyklaýan köp Hadyslar bar. Ol gadagan edilen zadyň edilmegine ýol beripdir we Hudaýyň rugsat edýän zadyny gadagan edipdir. Ol

öz dostlarynyň aýallaryny oýnapdyr we olar özüne ýarasa, onda ikirjiňlenip durman, olara öýlenipdir. Keibar gününde Ýehiýa Ibn Ahtabyň gyzy Sofiýa Abdalla Ibn Umara durmuşa çykarylypdyr. Ýöne Muhammet ony Umardan alyp, oňa özi öýlenipdir. Şeýle hem, ol Gahşanyň gyzy Zaýnaby, (özüniň ogullyga alan ogly) Zaidiň aýalyny özüne aýallyga alypdyr.

Bu wakalaryň hemmesi Muhammediň mukaddes keşbini çym-pytrak etdi we meniň Muhammede degişli eden mukaddesligimi weýran etdi. Dogrymy aýtsam, şunuň ýaly zadyň üstüni açanymda, men agyry duýýardym.

Muhammet hakda şeýle zatlary tapan bolsam-da, dogrymy aýtsam, yslamda entegem gowy zatlary we abraýly zatlary tapyp, musulmanlygyma galmak üçin olara ysnyşmaga umyt baglaýardym. Maňa çagalygymyň dinini terk etmek agyr degýärdi. Yslama ynanmagy bes etmek barada pikirlenen badyma, meni birgeňsi gorky, aljyraňňylyk we başagaýlyk duýgulary gurşap alýardy. Mukaddes Kitabyň ajaýyp hem manydan doly tekstlerini okanymda, içimdäki göreş meni mesihileri öňküden-de köp ýigrenmäge, olara duşmançylykly hem gazaply daramaga mejbur edýärdi. Mukaddes Kitapda haýsydyr bir beýik zady tapan badyma, gaharym gaýnap-joşýardy, şol sebäpden hem, köşeşmek üçin mesihi kärdeşimiň zatlaryny çym-pytrak edýärdim. Men hatda onuň garşysyna dildüwşik gurnamaklary üçin adamlara pul hem töledim we onuň başlygynyň ýanyna ýalan aýyplaýjylary iberdim. Bir gezek men onuň eşikleriniň hemmesini ýakdym, şol sebäpden hem, ol öýüne iş geýminde gitmeli boldy, ýöne hakyky ot meniň içimde möwç alýardy.

Men bir mesihiniň dükanynyň öňünde durup, adamlara onuň dükanyndan zat satyn almaga päsgel berdim, ony kezzaplykda aýypladym. Men köçedäki adamlara: „Mesihilerden hiç zat satyn almaň, olar ýalançylar hem kezzapdyrlar. Olar yslamy ýok etmek isleýärler“ – diýdim.

Gurhan: „Olarda iman ýok“ – diýýär.

Şol garry mesihi maňa: „Oglum, men saňa näme etdim? Rehim et, çagalary eklemek üçin men gazanç etmeli“ – diýdi.

Mundan başga-da, men öz dostlaryma mesihiler bilen elleşmezligi,

salamlaşmazlygy duýdurdym, Hadysy berjaý etmelidigini aýtdym: „Kitap eýeleri bilen salamlaşmaň; olara salam bermäň we ýol bermäň“. Men: „Olar erbet adamlar, olar bizi söýýänsyran bolýarlar, ýöne olar Allanyň iň ganym duşmanlary. Goý, olaryň ýalan taglymaty sizi aldamasyn. Hudaý: „Olar kemsidilen we betbagtdyrlar“ – diýdi“ – diýip, ýygy-ýygydan gygyrýardym.

Mesihilere garşy gönükdirilen şeýle hereketlerden doly bolan tolgunyşykly günleriň birinde meniň ýüregime şübhe aralaşdy. Özümiň içki sesim maňa: „Öz-özüň bilen dogruçyl bol. Munuň ýaly hereketler seniň olaryň Kitaplaryndan öwrenen zatlaryňyň hemmesini süpürip biler öýdýärsiňmi? Sen Hudaý özüňi nirä alyp gitse, Hudaýyň yzy bilen şol ýere hem gitjekdigiňi aýdypdyň, ýöne näme üçin Hudaý saňa ruhlanma nuruny açan badyna, sen ony söndürjek bolýarsyň? Ynsabyň arassa bolar ýaly, öz-özüň öňüňde dogruçyl bol. Özüňi nämäniň herekete getirýänini barla. Saňa, dogrudanam, Hudaý gerekmi? Eger gerek däl bolsa, onda sen, aslynda, näme isleýärsiň? Hemme zat saňa bagly. Hemme zat seniň eliňde, hiç kim seni hiç zada mejbur etmeýär“ – diýdi.

Men öýe geldim, egnimden şübhe ýüki aýrylanokdy. Men Hudaýa doga etjek boldum, emma edip bilmedim. Men Mukaddes Kitaby okap başladym-da, Mattanyň Hoş habaryndaky Mesihiň dogasyna baryp ýetdim. Bu dogany okan wagtymda, birden meni birgeňsi asudalyk we rahatlyk duýgusy gurşap aldy. Meniň aňymy arassalamak üçin, edil biri üstümden suw guýýan ýaly duýgy boldy. Ýüregimde men özüme: „Eý, Rebbim, eger Mukaddes Kitapda ýazylyşy ýaly Hudaýa doga etsem, Sen maňa mesihileriňki ýaly, asudalyk, sabyrlylyk we çydamlylyk berip bilermiň?“ – diýdim.

Men edil:“Hawa“ diýen jobagy eşiden ýaly, şatlykdan ýaňa özümi unudypdyryn. Kanagatlanmadan ýaňa ýüzüm ýagtyldy, şonuň üçin men Rebbiň dogasyny yzygiderli etmegi karar edindim. Men ir säherden adaty namaz wagtynda turşum ýaly, ýerimden turdum, ýöne adaty namazyň deregine, Rebbiň dogasyny etdim. Men ozalkym ýaly edip, täret etdim, doga etmek üçin ýere namazlygy ýazdym. Soň men namazlygyň üstünde durup şeýle diýdim:

„Eý, Gökdäki Atamyz! Adyň mukaddes bolsun.
Patyşalygyň gelsin.
Gökde bolşy ýaly,
Ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn.
Gündelik çöregimizi
Bize şu gün ber.
Bize ýamanlyk edýänleriň ýazyklaryny geçişimiz ýaly,
Sen-de biziň ýazyklarymyzy geç.
Bizi synaga salma, bizi iblisden halas et.
Çünki patyşalyk, gudrat we şöhrat
Ebedilik Seniňkidir. Omyn“.

Ahyrsoňy iki ynanjyň arasyndaky bu kyn ýolda men öz dogamy: „Saňa Hudaýyň parahatlygy we rehimi; saňa Hudaýyň parahatlygy we rehimi gelsin“ – diýen sözler (yslamda namazy tamamlaýan sözler) bilen tamamladym.

Men ep-esli wagtlap Hudaýa şunuň ýaly doga etmegi dowam etdirdim, emma öz häsiýetimde üýtgeşme bolanyny görmedim. Men öz maşgalama we mesihilere entegem gaharly daraýardym. Şonuň üçin hem, men dinleriň hemmesinden el çekmegi makul bildim. Maňa yslamam, mesihiligem kömek etmedi. Belki, mesihilige geçenimden soň, men Mukaddes Kitaby birnäçe wagt geçenden soň, haýsydyr bir has gowy dini tapmak üçin okaryn, şeýdibem, bütin ömrüme bir dinden beýlekisine böker ýörerin. Eger şeýle bolsa, onda men ýönekeý adamlar ýaly, gowusy adaty durmuşda ýaşamakdyr diýip pikir etdim. Öz aňymy bu dini bolgusyzlyklardan doldurmak maňa nämä gerek? Maňa aladasyz durmuşdan lezzet almaga rugsat ediň, ölenimden soň bolsa, goý, Hudaý maňa etmek isleýän zatlarynyň hemmesini edibersin!

Ýöne bu hakyky karar däldi. Birden kelläme bir pikir geldi. Men özüme öz kynçylyklarymyň hemmesiniň çeşmesiniň şol Kitap – Töwrat bilen Mukaddes Kitap bolandygyny, ony bölek-bölek edip, soňuna hemişelik çykjakdygymy aýtdym. Men eýýäm şeýle etmäge taýýar bolanymda, birden bedenimde sandyrama duýdum, içki sesem maňa: „Ony goý. Ol haçan hem bolsa bir wagt saňa gerek bolar. Näme üçin sen hut şu Kitapdan saplanmak isleýärsiň?

Gurhan saňa ondan-da köp kynçylyklary getirdi, sen näme üçin ony bölek-bölek etmeýärsiň?“ – diýip pyşyrdady.

Men maşynda barýarkam, men maşynyň awtoheläkçilige uçramagy, onuň içindäkileriň menden başga hemmesiniň halas edilmegi üçin Hudaýa doga etdim. Öýüň meniň üstümden inmegini, şonda diňe özümiň ölmegimi hem, men çyn ýüregimden isleýärdim. „Eý, Hudaý, eger Sen maňa görkezme bermejek bolsaň, gowusy, meniň ömrümi kes-de, bu iki jahan owarrasy bolmakdan dynmaga mümkinçilik ber“ – diýdim.

Garşydaş pikirler meni aldym-berdime saldy. Tomsuň iýul aýynyň bir güni sagat gündiz dörtdi. Men özümiň yslam bilen, yslam toparlary we terrorizm, galyberse-de, Täze Äht hem Töwrat bilen bolan baglanyşyklarymy ýatlap, ýeke özüm otyrdym. Men: „Eý, Taňrym, bu wakalaryň hemmesinde meniň Seni gözländigimi Özüň bilýärsiň. Meni şeýle ýagdaýda terk etmek adalatlylykmydyr? Seniň adalatyň we söýgiň nirede? Eger Sen meni eden jenaýatlarymyň hemmesi üçin jezalandyrmak isleýän bolsaň, onda bu wagta çenli öz jenaýatlarymyň hemmesi üçin eýýäm töledimmikäm diýip pikir edýärin. Haýsy jenaýat munuň ýaly gazaply jezany talap edýär? Saňa ýalbarýaryn, Hudaý, bu göreşde meni ýeke goýma“ – diýip ýalbardym.

Birden men öz otagymyň gapysynyň açylyp gelýänini gördüm. Men ejem maňa nahar getirendir öýtdüm. Ýöne uzyn saçly, gür sakally äpet bir erkek kişini we onuň töweregindäki ak ýagtylygyň sütünini gördüm. Ýagtylyk flýuoressent çyralarynyň san-sajaksyz mukdardakysynyň bir wagtda ýakylandakysy ýalydy. Men onuň ýüzüne seredip, onda nazarymy saklap bilmedim. Men onuň özümi: „Tur, sen Mesihe gerek“ – diýip çagyrýanyny eşitdim. Aňk-taňk bolup durşuma men derrew otagdan ylgap çykdym-da, kakamy, ejemi, inilerimi Mesihi (biziň Isamyzy) görmäge gelmäge çagyrdym, sebäbi Al-Buhariniň kitabynda pygamberi gören adamyň ugur hem görjekdigi, sebäbi arwah-jynlaryň pygamberleriň keşbinde gelmeýändikleri ýazylandy. Eger maşgalam Mesihi görse, onda Oňa ynanar diýip pikir etdim.

Men otaga gaýdyp gelenimde, başga hiç zat görmedim. Men gaty gynandym: men muny öz maşgalama nädip subut edeýin? Men özüme kömek etmändigi üçin Hudaýy ýazgardym: „Seni görüp ynanarlary ýaly, näme üçin Sen otagda garaşmadyň? Olar men aklymdan azaşandyryn öýderler“.

Hut şeýle hem boldy. Maşgalamyň ähli agzalary otaga girdiler, ýöne hiç hili adaty bolmadyk zat görmediler. Ejem: „Eý, Alla, näme üçin bu zatlaryň bizde bolmagyna ýol berýärsiň? Biz öz oglumyzyň gaýdyp gelenine begendik, ýöne indi onuň aklyndan azaşanyny Sen görýärsiň“ – diýdi.

Ol bagryny paralap aglap başlady-da, meni gujaklady. Inim maňa biynjalyk bolmaly däldigimi, özüniň meni Müsürdäki iň gowy psihiatryň ýanyna alyp gitjekdigini aýtdy. Uýalarym: „Bu zatlaryň hemmesi seniň gijesi bilen ýazyp oturýanyň sebäpli boldy. Iň soňunda sen dälirärsiň. Eý, Hudaý, oňa şypa ber“ – diýdiler.

Olaryň hemmesi takal okap bolanlaryndan soň men kakamdan: „Onsoň sen meniň kakammy?“ – diýip soradym.

Soňra ejemiň ýanyna baryp: „Sen meniň ejemmi?“ – diýip soradym. Ol: „Hawa“ – diýdi.

Inilerim bilen uýalarymdan hem, şu zatlary soradym, soňra olara: „Eger men aklymdan azaşan bolsam, siz nähili pikir edýärsiňiz, siziň hemmäňiziň adyňyzy nädip bilerdim? Näme üçin siz maňa ynanmaýarsyňyz? Men Onuň ýiti nuruny gördüm. Ol meniň bilen gürleşdi“ – diýdim.

Ýöne olaryň pikirleri meniň delillerimden güýçlüräkdi. Ahyrsoňy, men olara ynanyp başladym. Megerem, men aklymdan azaşypdyryn. Şeýdip, men öz ýatýan otagyma gidip, krowadyň üstünde ýatdym. Men öz otagymda oturdym, inilerim bolsa, meni köşeşdirrmek üçin ýanyma geldiler, ýöne men olara hiç zat diýmedim. Men diňe dymdym.

Ertesi güni inim meni ýurtdaky iň gowy psihiatryň ýanyna alyp gitdi. Biz onuň klinikasyna bardyk, men öz nobatyma garaşyp oturdym. Ahyrsoňy meni lukmanyň ýanyna çagyrdylar, men onuň öňüne baryp oturdym, ol hem menden: „Men size näme kömek edip bilerin?“ – diýip sorady.

Menem: „Bilemok, inim meni siziň ýanyňyza klinika getirme kararyna geldi“ diýdim.

„Iniňiz siziň Mesihi görendigiňizi aýtdy“.

„Hawa, men dogrudanam, Ony gördüm“.

„Siz Ony suratlandyryp bilersiňizmi?“

Men ondan: „Siz Ony ozal görüpdiňizmi?“ – diýip soradym.

„Ýok“.

„Eger siz Onuň nähilidigini bilmeýän bolsaňyz, meniň dogry aýdýan aýtmaýanymy nireden birjeksiňiz?“ – diýip, men ondan soradym.

Ol: „Bu örän kyn ýagdaý“ – diýdi.

Lukman inimi kabul edilýän ýerden çagyrdy. Inim otaga girende, lukman oňa mende çuň depressiýanyň bardygyny, meni gyssagly ýagdaýda elektroşok bilen bejermelidigini aýtdy. Maňa alty seansdan şok terapiýasyna başlamak we olaryň mukdaryny ikä çenli peseltmek gerekdi. Lukman inimden meni hepdede iki gezek keselhana getirmegini sorady. Inim beýle etmegiň kyn bolýandygyny aýtdy, sebäbi biz Kairden uzakda ýerleşýän şäherde ýaşaýardyk, Kaire çenli iki ýarym sagatlap ýöremelidik. Inim lukmandan öz şäherimizde başga bir lukmandan bejergini nädip almalydygyny aýtmagyny sorady. Ol bize aýtdy, bizem razy bolduk. Men inime elektroşokdan gorkmaýandygymy, konsentrasion lagerde gynanlarynda ony eýýäm geçendigimi aýtdym. Men bu bejerginiň gynama kamerasynda özümize ulanylan elektroşokdan az derejede gazaply boljakdygyna ynanýardym.

Mende şok terapiýasyndan boýun towlamaga sebäp ýokdy. Eger, dogrudanam, men aklymdan azaşan bolsam, bu maňa ýene sagdyn akylda bolmagyma kömek eder. Eger etmese, onda bu agyry Hudaýy gözlän wagtlarymda çeken beýleki agyrylarymyň üstüne goşular. Belki, Hudaý muny nazarda tutar-da, maňa rehim eder.

Ahyrsoňy men bejergini alyp gutardym we lukmanyň özüme ýazan dermanlarynyň hemmesini içdim. Eger bu aklymdan azaşmanyň ýa-da psihometik dartgynlylygyň netijesi bolan bolsa, onda bejergileriň hemmesini alyp bolup sagalýançam, özümi gynan pikirleriň hemmesini ýatdan çykararyn diýip umyt etdim.

Ýöne men gitdigiçe Mukaddes Kitaby okamagy güýçli isledim.

Men Mukaddes Kitaby okaýançam, ýatyp bilmeýärdim. Şu wagtdan başlap, öz açyşlarym we duýgularym hakda hiç kime aýtmazlygy ýüregime düwdüm. Men Hudaýyň işini görmek üçin mesihi ýaly bolup ýaşama kararyna geldim. Eger bu dogry ýol bolsa, men, elbetde, miwesini görerin. Men bu saýlawda Hudaýyň özümi goldaýanyny görmek isleýärdim, eger goldamasa, onda ondan ýüz öwrerin.

Özümiň eýýäm aýdyp geçişim ýaly, men gün içinde öz usulymda bäş wagtyna – daň saz berende, günortan, ikindin, gün ýaşanda we agşam namazy yzygiderli okaýardym. Namaz okanymda, men hiç „Gökdäki Atamdan“ başga hiç zadam okamaýardym. Ýöne men düşünmeýärdim, Hudaýyň öňünde eden tagallam bolar ýaly, öz okaýan dogalarymyň gutarnykly hem ulanarlykly bolmagy üçin haýsy dini hereketleri etmelidigini bilmeýärdim.

Men Hudaýa nädip doga etmelidigini öwrenmek üçin ybadathana gitmegi ýüregime düwdüm, ýöne bu pikir (ybadathana gitme pikiri) maňa ýaramady. Men munuň ýaly ýagdaýda nädip ybadathana gideýin? Eger geçmişde antogonistik pikirli bolan bolsam, tabynlyk hem pes göwünlilik ýagdaýynda nädip ybadathana gideýin? „Ýok, ybadathana gitmeýärin. Belki, başga bir gezek“ – diýip, men pikir etdim.

Men mesihileriň käbirlerinden kömek soramak isledim, ýöne olara eden zatlarymyň hemmesinden soň, meniň bilen gepleşmäge kim razy bolar? Olaryň hemmesi meniň bilen duşuşmakdan boýun towladylar. Olar men özlerini ýa-ha öldürmek, ýa-da yslamy kabul etmäge mejbur etmek isleýändirin öýtdüler. Ahyrsoňy, bir aý geçenden soň, olaryň biri meniň bilen duşuşmaga razy boldy. Men bir aý garaşmaly boldum. Men bu wagty mesihilik konsepsiýalary we ynamy hakda köpräk okamak üçin ulanmagy makul bildim. Men mesihilerde-de, musulmanlaryňky ýaly kitaplaryň bardygyny ýa ýokdugyny, olarda näme diýilýändigini bilmek isledim.

Ilki bilen men gowuja keşbe gelmek üçin sakalymy syrma kararyna geldim. Men bütin ömrüme geýen galabiýamy (yslam geýmimi) geýmezlik üçin biriniň köýnegi bilen jalbaryny geýmäge aldym. Men öz Mukaddes Kitabymy satyn alan dükanym bolan kitap dükanyna gitdim. Bu kitap dükanyndaky ýekeje kitabam meniň göwnüme ýaramady, şonuň üçin onuň

ýanyndaky beýleki dükana gitmekçi boldum. Men olaryň nähili kitaplary satýandyklaryny görmek üçin tekjelerdäki, daşarky witrinalardaky kitaplara seredip başladym. Men „Mesihilik“ kitap dükanyna girmäge ýürek edip bilmedim. Men hatda mesihilige degişli bolan zatlaryň hijisine-de seretmedim, nädip mesihilik dükanyna gireýin? Men olaryň şahsyýet şahadatnamasyny soramaklaryndan (Müsürde şahsyýet şahadatnamasynda ynanýan diniň görkezilýär) we polisiýa jaň ederler öýdüp gorkdum. Şonda men gizlin gözegçiligiň eline düşerin, bu bolsa, düýpsüz çukura düşen ýaly bir zatdyr.

Uzak wagtlap ikirjiňlenip duranymdan soň, batyrlygymy jemläp, kitap dükanyna girdim. Kitaplaryň käbirleri meniň ünsümi çekdi. Men özümiň nähili kitaplary okamak isleýändigimi bilmeýärdim. Eger kitabyň ady ünsümi özüne çekse, men ony satyn alýardym. Men „Karara gelmäni talap edýän şaýatlyk“, „Meniň imanym“, „Mesihiň halas etmesi“ diýen kitaplary satyn aldym. Kitaby okap gutaran badyma, men ony ýakýardym.

Bu kitaplaryň hemmesini okap bolanymdan soň, men kitap satyn almak üçin ýene kitap dükanyna gitdim. Men „Monoteizm we Üçbirlik“ we „Mukaddes Kitap teologiýasy“ diýen iki kitaby tapdym. Bu kitaplaryň bahalaryna seredenimde, olary satyn almak üçin pulumyň ýetmejekdigine düşündim, şol sebäpden hem, olary yzyna tekjä goýdum. Şu pursatda bir goja ýanyma gelip: „Näme üçin siz kitaplary yzyna tekjä goýduňyz?“ – diýip sorady.

„Olar maňa gerek däl“.

„Eger olar size gerek däl bolsa, näme üçin başda eliňize aldyňyz?„

„Bu siziň işiňiz däl. Siz näme meni sorag edýärsiňizmi?“

Ol elini meniň egnime goýdy-da, çalaja ýylgyryp: „Oglum, bu kitaplary alyň, olaryň pulyny bolsa, men töleýärin“ – diýdi. Men size öz salgymy berjek. Eger olar size ýarasa, onda puluny gaýtaryp berersiňiz. Eger ýaramasa, onda olary zyňyp ýa-da ýakyp bilersiňiz, şeýlelik-de, siz hiç zadam ýitirmeýärsiňiz“ – diýdi.

Men ondan kitaplary satyn almaga özümde puluň ýokdugyny nädip bilenini soradym. Ol muny özüne Mukaddes Ruhuň aýdandygyny aýtdy. Men: „Mukaddes Ruh nämekä?“ diýip pikir

etdim. Men munuň üstünde köp oýlandym. Men goja bilen öýüne gitdik-de, ol ýerde birazajyk oturdyk. Men onuň özümden şahsyýet şahadatnamamy sorar we hakykaty biler öýdüp gorkdum. Ýöne, Hudaýa şükür, hemme zat gowy geçdi. Goja hatda meniň adymam soramady.

Men öýde ýa-da okamakdan lezzet almak üçin we özümi hiç kimiň biynjalyk etmezligi üçin myhmanhanada kireýine alan otagymda – şu we beýleki kitaplary janypkeşlik bilen okamagy dowam etdirdim. Men hatda nahara-da, ýekeje minudy ýitirmek islemeýärdim. Men özümiň täze durmuşymdaky ýolda, Mesihiň hiç bolmanda bir ädim öňe alyp gitjek sözleriniň hemmesini nebsewürlik bilen okadym. Men mesihileriň mydama barýan kafesine ýygy-ýygydan barýardym. Öz satyn alan mesihilik kitaplarymyň hemmesini okap boldum. Maňa Mukaddes Kitap ýarady. Has takygy, maňa Mukaddes Kitapda suratlandyrylan Adam ýarady. Eger men Onuň ýaly ýaşasam, onda ýeriň ýüzünde gezip ýören perişdä öwrülerin. „Rebbim, eger men Seni kabul etsem we Mukaddes Kitaba eýersem, meni gowy adam edermiň, şeýle zat bolup bilermi? Imany özümiňki ýaly bolmasa-da, men dost tutunyp bilerinmi? Özümiň täze ynamymy kabul etmeseler-de, ejemi, kakamy, inilerimi we uýalarymy söýüp bilerinmi? Dostlarym öz pikirim bilen ylalaşmasalar-da, aýdýan zatlaryma ynanmasalar-da, men olary söýüp bilerinmi? Meniň deregime muny Sen edip bilersiňmi, Rebbim? Öz ýurdumy söýüp, edil beýlekileriňki ýaly wepalylygy duýup bilerinmi?“ – diýen pikirler meni gurşap aldy.

Men şunuň ýaly bolmagyny nähili isledim!

Yslam toparyna täze gelen adamy tertip-düzgüne salmak üçin ädilýän birinji ädim – bu watana, maşgala, Alladan başga kimdir birine bolan wepalylygy köki bilen sorgup aýyrmakdyr, emirden başga hiç kime wepalylyk bolmaly däl. Ine, näme üçin men üýtgejegime ýa-da söýjegime ynanmaýardym. Öz gören nurum we maňa: „Tur, sen Mesihe gerek“ – diýen adam meni düşnüksizlige alyp bardy. Men pygamberleriň islendik birini görmegiň Hudaý tarapyndan berlen ak ýoldugyny bilýärdim, ýöne hut şol wagt bu nähili ak ýol bolupdy? Bu mesihilik ýoly bilen gitmeklige berlen ak ýolmudy ýa-da yslama ynanmaga?

Bu pikirler meniň aňymy şeýle bir eýeläpdiler welin, köçede, edil yzymdan biri kowalap gelýän ýaly tiz ýöreýärdim. Men nirä gitmelidigini bilmeýärdim. Bu örän agyr wagt bolupdy. Ahyrsoňy men ýygnaga gitme kararyna geldim. Men Hudaý özümi nähili adam hökmünde görmek isleýän bolsa, şonuň ýaly adam hem bolmak isleýärdim. Içimdäki ses maňa: „Indi sen sesi eşitdiň, şonuň üçin oňa eýermelisiň. Sen bar ömrüňi yslamda ýaşap geçirdiň, ýöne sen entek mesihilikde ýaşamadyň, şonuň üçin munuň nämediginem bilmeýärsiň. Sen mesihilik ynamynda ýaşamadyň, şonuň üçin nämäniň gowudygyny: mesihiligiňmi ýa-da yslamyň gowudygyny we Hudaýa ýakyndygyny bilmeýärsiň" – diýdi.

Men köp ýygnaklara bardym. Muny etmek maňa aňsat bolmady. Men şeýtan bilen göreşmäge mejbur boldum. Ýygnak binasyna girme kararyna gelen badyma, şeýtan gulagyma: „Sen näme ýygnak binasyna girer ýaly derejede pese düşdüňmi? Utanaňokmy? Häzir pesgöwünlilikde ýygnak binasyna girişiň bilen Allany şöhratlandyrmak üçin girişiň arasynda nähili äpet tapawut bar! Geçmişde ýygnaklara eden zatlaryň ýadyňdan çykdymy? Eger sen ýatdan çykaran bolsaň, onda men ýadyňa salaryn. Sen şol wagtlar adatça: „Indi hakykat geldi, ýalan bolsa, ýitdi; ýalan öz tebigaty boýunça ýitmelidir" – diýýärdiň. Ugrunda öz janyňy howp astyna salan şol hakykatyň nirede? Seniň ýygnakdan – kapyrlaryň, politeizmiň we Hudaýa dil ýetirijileriň süreninden başga barara ýeriň ýok. Sen näme, köp ýyllaryň dowamynda bir Hudaýa wepaly bolanyňdan soň, bir Hudaýdan köpräk hudaýlara ynanmakçy bolýarsyňmy? Oýan-da, Hudaýyň öňünde toba gel, Ondan ötünç sora we: „Men Alladan başga Hudaýyň ýokdugyna we Muhammediň Onuň pygamberidigine şaýatlyk edýärin" – diýen iki yglan etmäni gaýtala. Tur-da, bu günäli pikirlerden arassalan we ýigrenji şeýtana garşy Allada gaçybatalga gözle" – diýip pyşyrdaýardy.

Mundan soň, men näme edýänime düşünmesemem, ýygnaga gitdim. Bu entegem kyndy, men entegem ol ýere girmegime päsgel bermek üçin, edil özümi kimdir biri yza çekýän ýaly bolýandygyny duýýardym. Men hatda: „Men ýygnaga gitjek, her zat bolýan bolsa-da, men ýygnaga gitjek, näme bolsa bolsun, men-ä, ýygnaga

gitjek“ – diýip gaty gygyrdym. Indi meniň dostumam, maşgalamam ýokdy. Men bütin ömrüme rehimdarlyk görmedim. Men öldürdim we taladym, indi bolsa men garyndaşsyz, dostsuz, ýoldaşsyz ýa-da Hudaýyň ýaradanlaryndan hiç kimsiz galdym. Şonuň ýaly şertlerde Hudaý menden razy bolup bilermi? Hudaý biziň bellän zatlarymyzy kabul etmekden boýun towlan adamlary öldürmäni, ýigrenmäni, olara bolan duşmançylygy we wagşyçylygy makullap bilermi?

Men: „Eý, Hudaý, maňa rehim et! Men bagtyýatan, ýalňyz adam. Men gowuja durmuşda ýaşamak – watanymy, maşgalamy, dostlarymy söýmek isleýärin, ýöne muny nädip etmeli? Men iki ýoluň haýsynda şeýle edip bilerin?

Şeýlelikde, men janymdan geçmeli hem bolsa geçip, ýygnaga barma kararyna geldim. Men ýygnak binasyna tarap ylgadym. Ruhy çopanyň garaýşy meniň garaşyşym ýaly bolmady. Ol meni diňlemekden boýun towlady. Bu bolsa, oduň üstüne ýag guýdy-da, şeýtanyň meniň üstüme edýän hüjümini güýçlendirdi. Şol gün ruhy çopany özümi diňlemelidigine ynandyryp bilmedik hem bolsam, ýygnakdan gidenimde, nähilidir bir içki ýeňilligi duýdum. Bu meni ýene bir synanyşyk etme islegimde ruhlandyrdy. Ýöne, gynansam-da, ruhy çopany özümi diňlemäge yryp we gutulyşa mynasyp bolmak üçin özümiň näme etmelidigimi bilip bilmedim. Mukaddes Kitapda: „Iman edip suwda çokundyrylanlar halas bolýar“ – diýlip ýazylypdyr. Meni, ine, näme biynjalyk edýärdi: Men nädip iman etmeli? Men näme edip bilerin? Men nädip Hudaýa doga etmeli, oraza tutmaly ýa-da hajy bolmaly, ýa-da zekat bermeli?

Soňky gezek ýygnak binasyndan çykanymda, men özümi gaty erbet duýdum. Men il içinde aýdylyşy ýaly, „utanç reňkine örtüldim“. Şeýtan meniň gulagyma: „Seni-de inkär etdiler. Saňa geregem şoldy. Sen has uly zada mynasyp, şonuň üçin Hudaý saňa has agyr sapaklary berýär“ – diýip pyşyrdaýar. Ýöne şeýtanyň bu yzarlamalary uzak dowam etmedi. Men asuda, mylaýym içki sesi eşitdim: „Sen adamlara tagzym edeňok, olaryň saňa bolan gatnaşyklaryndaky hereketleri üçin gynanma. Hudaýa sygynýandygyň üçin seni diňe Ol gynandyrmaz. Ol seni hiç haçan lapykeç etmez we seniň ýoldan azaşmagyňa ýol bermez. Eger, hakykatdan hem, Hudaýy gözleýän bolsaň, sabyrly bol-da, Ondan

berk ýapyş. Seniň ejirli günleriň tizara tamamlanar. Hudaý Özüni gözleýänleri hiç haçan hem inkär edýän däldir. Eýsem, sen: „Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin“ (Matta 11:28) diýen sözleri okamanmydyň?

Men Oňa: „Okadym, Rebbim. Ony häzir okamanymda-da, ozal az bolanda, birnäçe gezek okapdym. Ol her gün deňinden uniwersitete gatnaýan ýolumyň ugrundaky ýygnak binasynyň diwaryna ýazylgydy“ – diýdim. Men bu aýady ýatdan bilýärdim, bu aýadyň nirede ýazylanyny şeýle gowy bilýärdim welin, ony görmejek bolup, gözlerimi ýumýardym.

Ses: „Durmuşyňy Hudaýa ber, Ol ony kabul eder“ – diýdi.

Menem: „Hudaýym, men durmuşymy Saňa berýärin. Ýalbarýaryn, meni bu ýagdaýdan halas et. Maňa öwret. Men kelebiň ujuny ýitirdim. Men hiç zada düşünemok. Mende şeýle ýagdaý ýygy-ýygydan bolýar, Rebbim!“ – diýdim.

Kynçylyga duş gelen badyma, men Mukaddes Kitaby okaýardym-da, täsin galdyryjy rahatlyk we içki asudalygy berýän üýtgeşik duýgy tapýardym.

Soň men özümiň birwagtlar bile işleşen bir mesihilerimiň biri bilen duşuşmak hakda pikirlendim, ýöne olaryň hiç haýsysam meni kabul etmedi. Olar menden gorkýardylar, şonuň üçin öňler edişim ýaly edip, özlerini duzaga düşürerin öýdýärdiler. Mesihileriň käbirleri meniň bilen gepleşmekden boýun towladylar, olar meniň özlerini yslama getirmek isleýändigime ynanýardylar. Ýöne Hudaý bir zat islese, onda Oňa hiç kim garşy durup bilmez.

Bir gezek men özümiň inžener dostum bilen onuň dostlarynyň birini görmäge gitdim. Yzymyza gaýdyp gelýärkäk, ol kinaýaly ýylgyryş bilen menden özüniň mesihi dostuny görmäge gitmegi haýyş etdi. Ol meniň mesihileri nähili ýigrenýändigimi bilýärdi. Ol meniň üstümden gülerin öýtdi, şonuň üçin meniň derrew razy bolaryma garaşmady. Ol menden ýene-de: „Sen özüň şol adamyň ýanyna barmak isleýändigiňe ynanýarsyňmy? Onuň mesihidigini sen bilýärsiňmi?“ – diýip sorady.

Men ony ynandyryp: „Hawa, bilýärin, men seniň bilen gitmäge razy“ – diýdim.

Ol menden ol adam bilen gowy gürleşmelidigimi haýyş etdi. Men özümi gowy alyp barmaga söz berdim.

Men özümi gaty gowy tanaýan şol mesihi dosty görmäge gitdik. Men köçede oňa azar berýärdim, beýleki musulmanlary onuň üstüne küşgürýärdim, ony musulman bolmaga mejbur etmäge çalyşýardym. Ol öz gapysynyň öňünde meni görende, gaty haýran galdy. Ol derrew gapyny ýapdy-da, gapydan yza çekildi. Dostum gapyny kakmagyny dowam etdirdi, ol hem, ahyrsoňy, gapyny açyp, dostumy ýazgarmaga başlady. Ol: „Sen nädip meniň öýüme bu adamy getirip bilýärsiň? Eýsem, onuň maňa eden zatlaryny sen unutdyňmy? Maňa rehim et, men parahatçylykly adam, meniň onsuzam derdim ýetik“ – diýdi.

Uzaga çeken ýalbaryşlardan soň, ol bizi öýüne saldy. Men onuň öýünde ullakan Mukaddes Kitaba üns berdim. Ol otagyň ortasynda duran kiçijik stoluň üstünde durdy. Men Mukaddes Kitaby alyp, birnäçe sahypasyny agdaryşdyrdym. Men birdenkä ondan: „Bu seniň Mukaddes Kitabyňmy?“ – diýip soradym.

Ol sakawlap, sandyraýan sesi bilen: „Hawa, meniňki, Gurhanam Mukaddes Kitap. Kitaplaryň hemmesem Hudaýdandyr. Gowy kitaplaryň hemmesi – Gurhanam, Mukaddes Kitabam – Muhammet bilen Mesihem hemmesem gowy“ – diýdi.

Onuň gorkandygy düşnüklidi. Ol menden şeýle güýçli gorkýardy welin, men oňa ýakynlaşjak bolanymda, ol yza çekilýärdi. Biz biri-birimiziň daşymyzdan aýlandyk durduk, edil gizlenpeçek oýnaýan ýaly, otagyň içinde eýläk-beýläk ýöredik. Ahyrsoňy ol burça gysyldy, menem edil onuň öňünde durdum, şol sebäpden hem, ol hiç ýere gymyldap bilmedi. Men ondan: „Sen näme üçin beýle edýärsiň? Men seniň bilen ýöne bir gürleşjek bolýaryn“ – diýdim.

Dostumyň beýleki otaga dynç almak üçin geçenini bilenim üçin men bu mümkinçilikden peýdalanyp, öýüň eýesi bilen gürleşjek boldum. Men mesihileriň Hudaýa tarap barýan ýoluny bilmek isledim, ýöne ol gürrüňdeşligimiziň ýola düşmegine ýardam etmedi. Men ondan başga bir gezek gelsem bolýanmydygyny soradym. Ol ikimiziň ýeke bolan şertimizde duşuşmaga razy boldy. Ol şol wagtda özüniň birnäçe dostlarynyň bolmagyny isleýärdi. Men

başgalaryň bolmagyna garşy çykmaýandygymy aýtdym. Ol maňa öz salgysyny ýazyp berdi, menem bellenilen wagtda onuň öýüne bardym. Onuň öýünde ýene bäş dosty bardy.

Ol menden gaty gorkýardy. Men onuň bilen birazrak wagtlap onuň bilen gürleşip oturdym-da, özümi parahatçylykly gepleşikleri alyp barýan ýeňlen harby komandir ýaly alyp barandygyma garşy bolup durmadym. Men kellämi aşak salladym. Kellämi galdyryp bilmeýänim üçin men gaty utandym. Men özümiň boluşlarymy ýada saldym. Häzir bolsa men özümiň garşysyna göreşen ýerime alyp barmagy üçin birnäçe söz aýtmagyny mesihiden haýyş edip otyryn. Ýöne bu özümiň ýadawsyzlyk bilen gözlän zadymy, ýagny Hudaýyň Patyşalygyna girme artykmaçlygyna eýe bolmak üçin bar zadymy pida etmäge özümi mejbur eden zadym bolan Hudaýyň rahatlygydy we halas bolma islegidi. Men özümiň uzak garaşdyran maksadyma ýetmek üçin her bir burçy dörüşdirdim. Indi men öz mesihi dostumyň Kitabynyň sahypalaryndan başga hiç ýerde tapyp bolmajak nyşandan uzaga atylan daş ýalydym.

Men güýjümde baryny edip, Rebbiň ýoluny tanamaga jan etdim. Meniň dostum Mukaddes Kitaby az bilýärdi, şonuň üçin maňa köp maglumat berip bilmedi. Onuň maşgalasynda kynçylyklary bardy. Men dostlarymdan onuň başga birine öýlenjek bolup, maşgalasyndaky meseleleri yslamy kabul etme bilen çözmegiň pikirini edip ýörendigini eşitdim. Munuň ýaly pikir meni gaty gaharlandyrdy. Men ony ýigrendim we maňa gerek zady bermäge ukyply däldigini duýdum.

Birazrak wagt geçenden soň, meniň onuň bilen gatnaşyklarym gowulaşdy, şonuň üçin men onuň öýüne ýygy-ýygydan baryp bilýärdim. Ol maňa ümsümlikde oturyp, kitap okamaga mümkinçilik berýärdi. Ol meni haýsydyr bir takyk pikiri kabul etmäge mejbur etjek bolmaýardy. Meniň çözgüde bolan garaýşym üýtgeşikdi – yslamda çeken ejirlerimden gaça durmak üçin hiç hili sektasyz we ynam wagzyny diňlemesiz Reb Isa Mesihi tanamakdy.

Hemme zat bolmalysy ýaly gitmedi. Biziň dostlugymyz uzaga çekmedi, ýöne men Mukaddes Kitaby diýseň gowy bilýän başga bir mesihi bilen tanyşdym. Ýöne sypaýyçylyk bilen aýtsam, biziň pikirlerimiz gabat gelmedi. Geçmişde ol menden özi üçin bir zat

etmegimi haýyş edende, men oňa nädogry maglumat berýärdim, üstesine-de, başgalary onuň üstüne küşgürýärdim. Men hatda oňa zelel ýetirip bilenlere sowgat hem berýärdim. Men onuň özüm bilen duşuşmaga razy bolaryna garaşmandym. Şeýle-de bolsa, ol bir aýdan soň meniň bilen tanyşmaga razy boldy. Ol menden bir hepde öňünden jaň edip geljegimi aýtmagymy sorady.

Men öz töweregimdäki halkanyň gysylyp barýanyny duýdum. Ruhy çopanlar meni diňlemek islemediler, adamlaryň meniň bilen duşuşasy gelmedi. Mesihileriň hemmesine meniň ýagdaýym şübheli ýaly bolup göründi. Olara hatda meniň adymy tutmagam kyn bolýardy. Başgalara haýbat atmak islän adam ýüzugruna: „Men pylana şeýle diýjek“ – diýip bilýärdi. Men meýdandaky guşlary gorkuzýan garantga boldum. Üç hepde geçenden soň, men ol adama jaň edip, özümiň barjakdygymy aýtdym. Biziň öýümizde telefon bolmandygy üçin maňa gidip, awtomat telefondan jaň etmek gerekdi.

Men öýden çykanymda, başga hiç kimiň eline düşmejekdigine ynamly bolar ýaly, kagyzlarymyň we ýazgylarymyň hemmesini öz ýanym bilen alyp çykdym. Eger kimdir biri bu ýazgylary göräýse, gaty howply boljakdy, sebäbi Mesihiň Hudaýlygy, Gurhanyň ýalňyşlygy, Muhammediň pygamberligi we ş.m. barada ýazylan köp sahypalar bardy. Men öýden çykanymda, bu kagyzlaryň hemmesini Mukaddes Kitap bilen bilelikde plastik bukja salyp çykdym.

Ol adama demir ýol stansiýasynyň öňündäki awtomat telefondan jaň edip çykanymdan soň, plastik bukjanyň içindäki kagyzlar bilen bilelikde ýitirim bolandygyna haýran galdym. Hemme zat gapjygym, şahsy şahadatnamam, Mukaddes Kitap we derňewlerimiň hemmesi ýitdi. Şeýle-de bolsa, howpsuzlyk we gizlin polisiýanyň ofiserleri bilen iş salyşanymda, öwrenen täsin asudalygym meni gurşap aldy. Şol wagt men hemme zatdan beter bukjany ogurlan adamyň meniň kagyzlarymyň hemmesini okap, olary derňew bölümine ibererinden howatyr etdim. Şeýle bolsa, men olar üçin aňsat olja bolýaryn. Meniň şahsy şahadatnamam kagyzlar bilen bilelikde bukjanyň içindedi, şonuň üçin meni tapmak aňsat bolýardy. Gurhany şübhe astyna salýandygym, tankytlaýandygym üçin maňa ölüm jezasyny

bermekleri mümkindi. Şunuň ýaly ýagdaýda ölüm jezasy ýeke-täk höküm bolýar. Şeýle-de bolsa, munuň ýaly pikir meni o diýen bir biynjalyk edip durmady, sebäbi, eger özümiň Ýaradan bilen duşuşmaly wagtym gelen bolsa, ony ýekeje sekuntlyk hem yza süýşürip bilmejekdigime doly ynanýardym. Her bir ýaşap ýören adamyň ölümi datjagy gümansyzdyr.

Ikinjiden, bir syrly ses Hudaýyň meni şeýle söýýändigini, şol sebäpden hem, özümiň mesihilige barýan ýolumyň ýalandygynyň aýdyň subutnamasyny görkezmek isleýändigini gulagyma pyşyrdap aýdýardy. Men mesihiligiň şeýtanyň ýoludygyny bulaşyklyk bilen duýdum, ine, näme üçin Hudaý Özüniň Mukaddes Gurhanyna we Özüniň Mukaddes Pygamberine edilen hüjümleriň hemmesini bes eden eken we Mukaddes Kitabyň zäherini ýok eden eken.

Ses pyşyrdysyny dowam etdirdi: „Indi sende mesihiligiň aýlawly ýollaryndan gidip, Hakykatdan daşlaşandygyňa inkär edip bolmajak subutnama bar. Oýan-da, toba gel. Haýal etmän, Hudaýdan ötünç sora. Ol hemme zady bagyşlaýandyr we toba gelip, dogry iş edýänleriň hemmesine rehim edýändir. Tur-da, şeýtandan gelýän, seni haram edip, politeizme, hudaýsyzlyga we kapyrlyga alyp barýan hapa pikirleriň hemmesinden arassalan“.

Men hatda şeýtanyň aldawyna-da tas tabyn bolupdym.

Meniň mesihi dostum kagyzlarymyň hemmesini ýitirenimi bilende, ony süňkündäki ýilige çenli gorky gurşap aldy. Ol menden dokumentleriň bu ýitgisinden soň nämäniň boljakdygyny bilýänçäk, öz öýüne gelmezligi, birazrak wagtlap jaň etmezligi sorady. Men ýene bir gezek özüme: „Belki, Hudaý meniň bu dinden el çekmegimi isleýändir?“ – diýip sorag berdim.

Men Mukaddes Kitabyň her bir sözünden päk ýürekden kalbymyň jümmüşine çenli lezzet alýan bolsam-da, güýjümde baryny edip, Hudaýa doga etmäge dyrjaşýan bolsam-da, häsiýetimde hiç zat üýtgemedi. Men entegem, mesihileri ýigrenýärdim we olara göripçilik edýärdim, ýöne hiç kimi bagyşlap bilmeýärdim. Men ejeme, hatda: „Ertiriň haýyrly bolsun!“ hem diýip bilmeýärdim. Men öýden gaharly gidýärdim, ýüzümde ýigrenç bilen duşmançylyk ýazylgy durýardy. Ejem bilen kakama, doganlaryma öz gaharymy ýörite bildirýärdim, muny olaryň kapyr bolandyklary sebäpli, özlerini ýigrenýändigimi

bilmekleri üçin edýärdim. Şol wagt duşmançylyk bilen gozgalaňçylyk meni şeýle bir püre-pür edýärdi welin, hatda, Mukaddes Kitapda okan zatlarymyň dogrulygyna-da şübhelenýärdim.

Kagyzlaryň ýitmegi bilen bu zatlaryň hemmesi has agyrlaşdy. Bu Hudaýyň meniň durmuşyma edýän täsirini kesmek, meniň ymtylyşlarymy hem-de Mukaddes Kitaba bolan söýgimiň ulalmasyny saklamak üçin edilen gazaply hüjüm bolupdy. Men ýene-de aglap, durmuşymda bolup geçýän zatlaryň hemmesinde Hudaýy günäkärledim. Bu synag wagtynda, men Özüne tarap ädim äden badyma, maňa haýsydyr bir erbet zadyň bolmagynda Hudaýyň günäkär bolmagynyň mümkindigi ýa däldigi hakda pikirlendim. „Rebbim, näme üçin bu zatlaryň hemmesi mende bolup geçýär? Näme üçin maňa bolýar? Bu zatlara mynasyp bolar ýaly, men näme etdim? Eger mesihilere eden haýsydyr bir erbet zadym üçin meni jezalandyrýan bolsaň, ýalbarýaryn, meni bagyşla, men Seniň öňüňde toba edýärin. Ýalbarýaryn, haçdaky Öz ölümiň hatyrasyna maňa rehim et, ýogsam, Seniň haçyň hiç zadam däldir, biziň ol hakda eden zatlarymyz hakykatdyr. Men ýaly adamyň Özüňe ýakynlaşmagyna ýol berer ýaly, Sen Kim? Sen göwnühoş bolar ýaly, men näme etmeli? Meniň durmuşym şeýle betbagt boldy. Eger şeýle bolmagyny dowam etdirse, häzirki ýaly ýaşanymdan ölenim gowudyr. Hudaýym, Saňa ýalbarýaryn, meniň janymy al. Eger Sen maňa rehim etmeseň, onda men özüme kast ederin. Meniň munuň üçin dowzaha gidenim gowudyr, sebäbi Sen maňa rehim etmeseň, men barybir dowzaha düşýärin“.

Men agyra hem çykgynsyzlyga ten berip möňňürip agladym. Men durýardym, ýüzümden bolsa, ýaş çeşme bolup akýardy. Ejem meni görüp, egnimden sypalady-da, meniň bilen bile aglady. Ol menden özüme näme bolýandygyny sorady. Men oňa:

„Meni günüme goý. Meniň hiç kim bilen gürleşesim gelenok. Men seniň bilen bir gezek gepleşmäge synanyşypdym, şonda sen meni dälilikde aýyplapdyň. Goý, seni Hudaý bagyşlasyn.“ – diýdim.

Men derrew öz otagyma gidip, mesihilik baradaky hapa pikirlerimden arassalanmak üçin suwa düşdüm (musulman däbi şeýle). Maňa ozalky eden zatlarymyň hemmesinden ýuwnup arassalanmak gerekdi.

Men Öz pygamberi Muhammet we Onuň Mukaddes Gurhany hakda aýdan zatlarymyň hemmesi üçin Hudaýyň meni bagyşlajakdygy ýa däldigi hakda pikirlenmegi dowam etdirdim. Men özümi edil biri meniň bilen gürleşýän ýaly duýdum, şonda men: „Sen hiç kimiň üstüne hüjüm etmediň we ýalan gürlemediň. Seniň gelen netijeleriň hemmesini sen etmediň, olar göze dürtülip durlar“ – diýlenini eşitdim.

Men ýerimden turup, namazlygymy ýazdym-da, yslama gaýdyp gelmek üçin iki sany yslam şaýatlygyny gaýtaladym. Men namaz okamaga çalyşdym, emma şowsuz boldy. Men Gurhandan ýekeje sözem aýdyp bilmedim. Men dyza hem çöküp bilmedim. Şeýdip, men kellämi ellerim bilen tutdum.

Soň men: „Ýa Reb, eger Sen maňa gaharlanmaýan bolsaň, onda hiç kimem ýamanlyk edip bilmez. Eger häzir Sen haýsydyr bir erbet hereketim üçin meni jezalandyrýan bolsaň, meniň jezamy ýumşatmagyňy Senden soraýaryn. Eger Sen meni gönükdirmek islemeýän bolsaň, bu Seniň tebigatyňa garşy bolýar. Ýa Reb, bu ýagdaýyň hötdesinden gelmäge mende mundan artyk güýç galmady. Eger Sen maňa Özüňi açmasaň, onda men ýolumdan azaşaryn. Men Seni söýýärin, ýa Reb! Men özüme buýrulan zatlary etdim. Men başgalaryň edip bilmedik zatlarynyň hemmesini, pikir edişime görä, Seniň göwnüňden turmak üçin etdim. Sen maňa Öz nuruňy görkezip, meni çagyranyňda, ikirjiňlenip durmadym. Sen meni tüm garaňkylykda haçana çenli goýjak? Meniň durmuşymda bolýan zatlaryň hemmesi meni Öz yzyň bilen alyp gitjek bolup, meniň üçin taýýarlan söýgi synagydyr. Sen gowy Çopan. Ýalbarýaryn, maňa söýgiňden köpräk ber, meni Seniň bilen duşuşyk ýoluna ugrukdyr“ – diýip gitdim.

Şol agşam men ömrümde ýatyp görmedik berk ukuda uklapdyryn. Daňyň öň ýnynda men düýş gördüm. Men gür sakally giň eginli, ýüzi güne ýanan, uzyn saçly örän owadan bir adamy gördüm. Ol meniň egnimden tutdy-da, meni çalaja yralap: „Sen entegem, Maňa şübhelenýärsiňmi?“ – diýdi.

Men: „Saňa şübhelener ýaly, sen kim? Men seni tanamok“ – diýdim.

„Sen kimi gözleýän bolsaň, Men Şolduryn“.

Men: „Haýyş edýärin, meniň ejizlän hakydamy täzele“ – diýdim.
„Kitapdan oka. Näme üçin sen Kitaby okaňok?“
„Eýsem, Sen meniň Kitaby we kagyzlarymyň hemmesini ýitirenimi bileňokmy, men ony şu wagt nädip okaýyn?“
„Kitaby ýitirmek bolanok. Tur-da, şkafyňy aç, sen ony şol ýerden taparsyň, beýleki kagyzlaryň hemmesi saňa bir hepdeden soň gaýdyp geler“ – diýip, Ol aýtdy.
Men ýerimden böküp turdum-da, göni öz otagymyň burçunda duran şkafa tarap okduryldym. Öz ýitiren Mukaddes Kitabymy şol ýerden tapanyma örän geň galdym. Men duran ýerimde, bu waka edil sowuk gyş gijesinde bolan ýaly sandyradym. Men Mukaddes Kitaby elimde berk tutdum, ony edil ejesine uzak wagtlap görüşmänden soň gaýdyp gelen çaga ýaly saklap durdum.
Men derrew ejemiň ýanyna ylgap baryp, ony oýardym-da, berk gysyp ogşadym. Men oňa bolan zatlary uly şatlyk bilen gürrüň berdim. Men oňa: „Men mundan beýläk hiç haçan özüme „däli“ diýilmegine ýol bermerin“ – diýdim. Aglap, men ony gujakladym-da: „Eje, seniň bilen gödek gürleşenim üçin meni bagyşla. Hakyky din şeýle edilmegini talap edýändir öýdýärdim. Ýöne indi men haýsy diniň hakykydygyny bilýärin. Seniň aýaklaryňy ogşamaga maňa rugsat et, haýyş edýärin, ondan az zada men razy däldirin“ – diýdim.
Ejem: „Oglum, maňa aýtsana, saňa näme boldy?“ – diýdi.
„Men saňa gürrüň berjek, ýöne sen özüňe gymmat bolan zatlaryň hemmesinden meni dälirän hasap etmejekdigiňe söz ber. Eje, Hudaý maňa dogry ýoly görkezdi“.
Ol menden: „Sen ozal niredediň?“ – diýip sorady.
„Maňa ýol görkezen Hudaý meniň öňki ynananym däl“.
„Eýsem, başga Hudaýam barmy?“
„Hawa, seni söýmelidigini we saňa gulak asmalydygyny görkezýän başga Hudaý bar“ – diýip, men jogap berdim.
„Ol Hudaý Kim?“
„Gurhanyň Ony atlandyryşy ýaly, Mesih, Isa“.
Ol tutanýerlilik bilen meni ynandyryp: „Ýalbarýaryn oglum, inileriňe muny aýtma. Olar sen, dogrudanam, aklyňdan azaşansyň öýderler“ – diýdi.

„Bolýar, men seniň aýdyşyň ýaly ederin, ýöne sen maňa ynanýarsyňmy?“

„Men näme üçin saňa ynanmaýyn? Men subutnamasyny eýýäm gördüm. Sen ýigrimi ýylyň dowamynda meniň bilen beýle gürleşmediň. Bar, Hudaý seni hiç haçanam saklamaz. Ýöne muny gizlin sakla“.

Men: „Özüňi meniň ýerime goýsaň, hakyky duýgularyma düşünersiň. Men meýdançanyň ortasynda durup, bogazyma sygdygyndan gygyryp, Mesihiň Hudaýdygyny, Onuň meni üýtgedendigini aýdasym gelýär. Ol maňa Muhammediň Hudaýynyň edip bilmedik zadyny etdi“ – diýip jogap berdim.

Ejem men gürläp bilmez ýaly, agzymy eli bilen ýapdy. Men edil durmuşy birinji gezek görýän bäbek ýaly, adamlaryň ýanyna gitjek bolup, daňyň atyp, Günüň çykaryna garaşdym.

Men ir ertirden öýden çykyp, töweregimdäki zatlaryň hemmesine garadym. Men hemme zadyň nähili owadan ekendigini gördüm. Meniň gözlerimde hemme adamlar gowudy. Men tanaýan tanamaýandygyma garamazdan, duş gelen adamlarymyň hemmesi bilen elleşip salamlaşdym.

Men mesihi bakaleýaçynyň ýanyna gitdim. Men oňa şeýle köp ýamanlyk edipdim welin, ol meni gören badyna, dükany dyr-pytrak etmäge gelýändirin öýtdi. Ol derrew öz dükanjygyny ýapmaga başlady. Men oňa: „Gorkma“ – diýdim. Ol haýran galdy-da, hiç zat diýmedi. Men ony gujaklap, ondan ötünç soradym. Ol aglady. Ol birnäçe söz aýtdy, ýöne şol wagt men bu sözleriň manysyna düşünmedim. Diňe birazrak wagt geçenden soň, olaryň manysyna düşündim. Ol: „Haleluýa, Saňa, ýa Reb“ – diýipdir.

Men: „Şu wagt sen näme diýdiň?“ – diýip soradym.

Ol: „Onuň wagty gelende, sen munuň nämäni aňladýanyny bilersiň“ – diýdi.

Mundan soň ol gitdi. Men adamlara başgaça seretdim. Adamlar maňa seretdiler-de, geň galdylar, maňa näme bolduka? Hatda işdeşlerimem häsiýetimiň birden üýtgändigine haýran galdylar. Olaryň haýran galyjy nazary: „Bu adam düýnem, bize tüýkürýärdi. Indi serediň, ol edil näzik guzujyk ýaly! Näme bolýarka? Bu näme,

bize garşy täze taktikamyka ýa-da nähilidir bir täze planmyka?“ – diýýärdi.

Olaryň açylan agyzlary, ýokary galdyrylan gaşlary we giňden açylan gözleri haýran galma we aljyraňňylyk görkezýärdi. Olar meniň häsiýetimiň 180 gradus üýtgäp bilendigine haýran galdylar. Ýöne men olaryň boluşlaryna üns bermedim. Meni biynjalyk edýän zatlaryň bary – bu olaryň üstlerine eden hüjümlerimi, kemsitmelerimi we göwünlerine degmelerimi nädip tekizlemelidigi. Men öz ýüregimi dolduryan şatlykdan ýaňa özümde däldim. Ömrümde birinji gezek pesgöwünlilik bilen asudalyk ýüregimi doldurypdy.

Käwagt göwnüme özüm owadan düýş görýän ýaly bolýardym. Men bu ukudan oýanmak islemeýärdim. Ýöne bu Hudaýyň islegidi. Men ýöne bir wagtlaýyn däl-de, dogrudanam, mydamalyk üýtgändigimi tassyklamaga howlugýardym.

Men öz gören adamymyň kagyzlary bir hepdeden soň tapjakdygymy aýdandygy hakda pikirlenmegimi dowam etdirdim. Günler biri-biriniň yzyna tirkeşip geçip barýardy, şonuň üçin men gören görnüşime şübhelenip başladym. Men öz kagyzlarymy tapmaryn öýdüp gorkýardym. Men günleri sanagmagy dowam etdirdim. Özüme görnüşde görkezilen soňky möhlete çenli bir gün galdy. Şol gün men demir ýol stansiýasynyň ýanyna baryp, jaň etmekçi boldum, şonuň üçin mundan bir hepde ozal dokumentlerimi ýitiren ýerimdäki awtomat telefona barmaly boldum. Birazrak wagtlap men ikirjiňlenip durdum, öýe ýöredim, soň yza gaýtdym. Telefonyň eýesi muny bildi-de: „Siziň näme etjegiňizi bilmän duranyňyzy görýärin. Näme, bir meseläňiz barmy?“ – diýdi.

„Ýok. Bu telefon meniň üçin erbet alamat. Öten hepde men ondan jaň edenimde, bukjamy ýitirdim. Men ýene ondan jaň etmek islämok, sebäbi bu gezek nämämi ýitirmegimiň mümkindigini bilemok“ – diýip, men jogap berdim.

Ol: „Şol siziň bukjaňyzmydy?“ – diýdi.

„Hawa, siz onuň nirededigini bilýärsiňizmi?“

„Onuň, dogrudanam, özüňiziňkidigini tassyklamak üçin ony suratlandyryň, soň men onuň nirededigini aýdaryn“.

Men oňa içinde kagyzlar, Gurhana meňzeş kitap, şahsy şahadatnamam we öz pasportym bolan plastik bukjadygyny gürrüň

berdim. Bukjada pul ýokdy. Ol kellesini atdy-da: „Hemmesi dogry“ – diýdi. Ol maňa ertir gelmelidigimi, meni bukjamy tapan adamyň ýanyna alyp barjakdygyny aýtdy.

Ertesi gün görnüş görenime ýedi gün bolýardy. Biz ol adam bilen Kairiň çetindäki oba gitdik-de, meniň zatlarymy tapan adam bilen duşuşdyk. Men bukjamy derrew açyp seredenimde, Mukaddes Kitaby tapmadym. Men oňa: „Bu ýerde bir Kitap ýetenok“ – diýdim.

„Men Hudaýyň adyndan ant içýärin, bukjanyň içinden hiç zadam alamok. Ol ýerde kagyzlar, pasport, şahsy şahadatnama we Gurhan (Mukaddes Kitap) bar“ – diýip, ol jogap berdi.

Men muny eşidenimde begendim-de, oňa ynanýandygymy aýtdym. Bu Hudaýyň maňa beren wadasyny ýerine ýetirendigini we öz ýitiren Mukaddes Kitabymy gaýtaryp berjekdigini aňladýardy.

Yslamy wagyz eden döwrümiň dowamynda, Hudaýdan bir zat soran we jogap alan gezegim hiç haçan hem bolmandy. Bu waka meniň üçin beýik gudrat bolupdy. Men özümi Hudaýyň rehiminiň öňünde göze ilmezek we sadaja duýdum. Tizara maňa jogap geldi: „Men muny etdim we Hudaýy söýýänler üçin etmegi dowam etdirerin“. Özümiň üýtgänime doly ynamly bolarym ýaly, Hudaýyň özüme şeýle tejribäni bermegini isleýänimi içimden pikir etdim. Men örän bagtyýardym.

Tizara Hudaý meniň dileglerime jogap berdi. Men Mesih bilen öz gatnaşyklarymda birinji tejribäni aldym. Işde gullukçylar biri-biriniň yzyndan käwagt pul baýragyny alýardylar. Men baýrak puluny töleýänleriň ýüreklerine düşüp, öz familiýamy sanawyň başynda goýmaga mejbur edýärdim. Şeýle hem, men baýrak puly alanlardan göterim alýardym, sebäbi pul mesihileriňkidi, şol sebäpden hem, ol deň paýlanmaly däldi.

Bir gezek firmanyň kassirinden pul alma wagty geldi. Işdeşlerimiň ýiriniň öýünde örän agyr ýagdaý bardy. Ol menejeriň ýanyna baryp, agyr maliýe ýagdaýyndan çykmak üçin bu gezek puly özüne bermeklerini sorady. Menejer oňa sanawyň eýýäm düzülendigini, her kimiň öz nobatynyň bardygyny aýtdy. Menejer: „Jenap sanawyň başynda dur, siz bolsa onuň erbet adamdygyny

bilýärsiňiz, biz ony garaşmaga mejbur edip bilmeris. Bize onuň göwnünden turmak gerek, biz bu ýamanlygy nädip yzyna serpikdireli?" – diýipdir.

Şol wagt men menejeriň iş otagyna girenimde, onuň işdeşim bilen pyşyrdaşyp oturanyny gördüm. Men olardan: „Siz baýrak pul hakda gürrüň edýärsiňizmi?" – diýip, derrew soradym.

Menejer oňaýsyzlyga düşüp, sakawlabrak: „Hawa, ýöne alada galmaň, siziň familiýaňyz sanawda birinji dur" – diýip jogap berdi.

Men ondan: „Meniň işdeşim näme isleýär?" – diýip soradym.

„Ol maliýe meselelerini düzetmek üçin bu aýda baýrak puly almak isleýär, ýöne men onuň haýyşyna „ýok" diýdim".

„Näme üçin? Siz meniň deregime onuň adyny birinji ýerde goýup bilersiňiz".

Menejer men öz üstünden gülýändirin öýtdi. Ol: „Siziň adyňyz birinji dur, şonuň üçin ony hiç kim öçürip bilmez" – diýdi.

„Ýöne men öz nobatymy bu aýda oňa bermek isleýärin"

„Bu bolup bilmez. Siz... şeýle edip bilýärsiňizmi?"

„Hawa" – diýip, men ony ynandyrdym.

„Nädip?"

„Men size aýdýaryn, – haýyş edýärin, meniň familiýamy öçüriňde, onuň deregine bu adamyň adyny goýuň. Eger işdeşlerimiziň hemmesi oňa özleriniň nobatyny berse, gowy bolardy".

Men onuň: „Ýagdaýlary üýtgedip bilýän Hudaýa şükür. Nämeler bolýar? Näme boldy? Belki, bu gün Kyýamat Günüdir? Bu adam şeýle iş edip bilýär! Men muňa ynanyp bilemok" – diýenini eşitdim.

„Hudaý gudratygüýçlüdir, Ol iýýäniň elinden iýmitini, güýçliniň elinden gowy bir zadyny alyp bilmez" – diýip, men düşündirdim. Meniň gözlerime ýaş aýlandy, bu meniň durmuşymdaky birinji şeýle ýagdaýdy. Men kanuny bolsun, bikanun bolsun, hemme zatdan iň ýokary paýymy alýardym. Ýöne indi Mesih maňa bermekligi öwretdi. Men tolgundym we täze duýgudan lezzet aldym.

Maşgalam mendäki üýtgeşmäni duýup ugrady. Olar, aýratynam, uýalarym adatça meni gören batlaryna telewizory öçürip gaçyp gidýärdiler. Şol günden soň, men öýe girip, olara telewizor görmäge rugsat berdim. Men diňe olardan gelşiksiz

programmalara seretmezligi haýyş etdim. Olar: „Bu mümkin däl. Sen bize telewizora seretmäge rugsat berýärsiňmi? Ynanamyzok“ – diýdiler.

Men: „Näme üçin? Eger size bolan nähili duýgymyň bardygyny bilseňiz, meniň sizi nähili gowy görýändigime ynanmarsyňyz. Size şeýle erbet daranym üçin siziň meni bagyşlamagyňyzy isleýärin“ – diýip jogap berdim. Olaryň hemmesi agladylar.

Men öýe gelenimde, ejemi ogşaýardym, käwagt bolsa, oňa sowgadam getirýärdim. Men şeýle edenimde, ol aglaýardy. Ejem dünýäden ötende, onuň bilen eýýäm gowy gatnaşyklarda bolanymyz we eden erbet zatlarymyň hemmesiniň üstüni tekizläp bilenim üçin Hudaýa minnetdar. Hudaýyň biziň maşgalamyza, maşgalamyň ähli agzalaryna, imanlylaryna we imansyzlaryna ýylgyrşy gaýtaryp bereni üçin Hudaýa örän minnetdar.

Meniň mesihi dostlarymyň hemmesi bolup geçýän zatlaryň ählisini synlaýardylar we meniň obamdaky adamlaryň meniň ýagdaýym baradaky zady bilerinden, şonda boljak zatlaryň özlerine-de täsir ederinden gorkýardylar, sebäbi olar meniň dostlarymdy. Şonuň üçin olar menden Müsürden başga ýurda gitmegimi soradylar, emma men boýun towladym. Men özümiň Mesihe we mesihilere garşy eden zatlaryma akyl ýetirdim. Şonuň üçin durmuşymyň üýtgän ilkinji gününden başlap, özümiň edil Mesihiň garşysyna hereket edişim ýaly, Hudaýyň Oňa gulluk etmegi üçin dileg edýändigimi aýtdym. Men Müsürdäki adamlara azar berdim, şonuň üçin Müsürden gitmeýärin. Men olara özümi tussag edenlerinde hem özleriniň atlaryny aýtmajakdygyma söz berdim.

Bir gezek olar menden ozal hiç haçan hem baryp görmedik ýygnagyma barmagymy haýyş etdiler, menem ikirjiňlenip durman muňa razy boldum. Men liderleriň birnäçeleri bilen duşuşdym we olara Hudaýyň öz durmuşymda eden zatlary hakda gürrüň berdim. Olaryň ýüzleri ýagtylyp ýylgyrdylar we Hudaýyň meniň durmuşymda görkezen gudratlaryna begendiler. Men suwda çokundyrylmany almak isledim, olaram razy boldular. Men 1993-nji ýylyň 9-njy maýynda suwda çokundyryldym. Ol gün entegem, meniň ýadymda, sebäbi ony özümiň hakyky doglan günüm hasaplaýaryn. Ol meniň täzeden doglan wagtym bilen berk baglanyşykly.

## *Imanyň miweleri*

Men mesihilik ynamyny kabul etmezimden öňki öz durmuşym barada jikme-jik gürrüň berdim. Indi Hudaýy tananymdan soň, Onuň öz durmuşymda eden işleri hakda gürrüň bermeklik has dogry bolar. Meniň garyndaşlarym, dostlarym we tanyşlarym beýle güýçli üýtgäp bilendigime ynanyp bilmediler. Täzeden doglanymdan soň bolan zatlara hiç kim ynanyp bilmedi. Bir gezek men Hudaýdan, dogrudanam, başga ynamy kabul edendigimi subut etmegim üçin birazrak tejribe bermegini soradym. Hudaý maňa diňe bir özümiň üýtgändigimi subut etmek üçin uly tejribe bermän, eýsem, meni geljekki agyr synaglara taýýarlamak üçin hem tejribe berdi. Ilkibaşda men, hatda özümiň Mesih bilen başlan durmuşymda-da, täze ýoly saýlamadym. Gaýtam, men gören zadyma garşy çykmaga çalyşdym. Meni hut Mesih saýlady. Ol meni tötänden saýlamadyda, elbetde, Özüniň meniň üçin eýýäm taýýarlan aýratyn maksady hem missiýasy bilen saýlady. Onuň meni şunuň ýaly missiýa üçin hem taýýarlandygyna ynanýaryn. Şunuň bilen baglanyşyklykda men özümiň duş gelen howply ýagdaýlarymyň birnäçesini we Hudaýyň maňa eden zatlaryny ýatlap geçmek isleýärin.

Men edarada beýleki işdeşlerimiň üçüsi bilen işleýärdim. Biz çalşyk boýunça işleýärdik, şonuň üçin bilelikde örän seýrek duşuşýardyk. Biziň her haýsymyzyň öz şahsy zatlarymyzy goýýan kiçijik şkafymyz bardy. Bir gün men öz zatlarymyň käbiriniň ýitendigini görenimde, muňa haýran galdym. Men öz işdeşlerimiň hiç haýsyndan güman etmedim. Ertesi gün ýene şonuň ýaly boldy-da, ýene käbir zatlarym ýitdi. Men bu işde öz aýalymy günäkärledim, ýöne üçünji gezek şeýle bolup, tutuş aýlygymy ogurlanlarynda, men ahyrsoňy gulpuň döwükdigine düşündim. Men munuň öz işdeşlerimiň biriniň işidigini anyk bilýärdim.

Men halas bolmazymdan öňki bolşum ýaly bolup, gaharly sögünip we gargynyp başladym. Men: „Eger men Mesihi kabul edenim üçin meniň guzy ýaly pespäl bolanymy görendigiňiz, bu siziň meniň üstümden gülmegiňizi we meni aňsat olja etmegiňizi aňlatmaýar“ diýdim. Men ar almak we iki essesi bilen gaýtargy bermek üçin olar bilen sögüşdim. Men olaryň şkaflarynyň gulplaryny döwüp,

zatlarynyň hemmesini alyp, Ybraýymyň butlaryň hemmesini edişi ýaly, olary ýakmak, şkaflaryny hem açyk goýmak isledim. Özüňi talanlarynda nähili bolýandygyny olaryň duýmaklaryny isledim.

Men öz planymy ýerine ýetirmek üçin gidip, ullakan çekiç getirdim. Özümi hiç kimiň görmeýändigine ynamly bolup, edarany ýapdym. Men ar almak isläp, çekiji göterip aýladym. Şkafa urjak bolan wagtymda, men: „Ýamanlyga ýamanlyk bilen, kemsitmä kemsitme bilen jogap berme-de, ýagşy işler bilen jogap ber, parahatlyk getiriji bol“ – diýen ýumşak sesi eşitdim.

Men muny kimiň aýdýandygyny görmek üçin töweregime seretdim, emma ol ýerde hiç kim ýokdy. Men öz-özümden: „Ýa Reb, Sen maňa edilen zat bilen ylalaşýarsyňmy? Saňa ýalbarýaryn, mendäki gazaby öçür, gazabymyň oduny söndür. Men özüme kynlyk bilen erk edýärin. Ýalbarýaryn, maňa rahatlyk ber“ – diýdim.

Birden men edil hiç zat bolmadyk ýaly, özümi täsin asudalygyň gurşanyny duýdum. Maňa Reb ýolbaşçylyk etdi, şonuň üçin men şeýle hat ýazdym:

> „Meniň şkafymy açýan gadyrly dogan! Seniň talaplaryňy özümiň kanagatlandyryp bilmeýändigime gynanýaryn. Gaýrat et-de, özüňe gerek zatlaryň hemmesini ýaz, menem Hudaýyň merhemeti bilen güýjümde baryny edip, saňa kömek bererin. Özümiň ýagşy niýetlerimi we dogruçyllygymy subut etmek üçin men döwlen gulpy çalyşmaýaryn. Men Hudaýyň ähli adamlary söýýänini bilýärin.
> Bize Hudaýyň beren parahatçylygy mydama seni goldar diýip umyt edýärin.
>
> *Seniň doganyň“*

Bu haty ýazanymdan soň, men ony öz şkafymda goýup, gapysynam açyk galdyrdym. Özümi eýmenç pikirlerimden halas edeni üçin dileg edip, Hudaýa minnetdarlyk bildirdim. Men öýe baranymda, aýalym gapyny açan wagty, men ony gujakladym. Ol: „Gorkma, eger Hudaý biziň bilen bolsa, onda kim bize garşy bolup biler? Ogurlanan pullar hakda aýtsak, Mukaddes Kitap: „Men ýaş ýigitdim, indi garradym we dogry adamyň terk edilenligini

ýa onuň zürýadynyň çörek dilenenini görmedim" (Zebur 38:25). Hudaý biziň kemçiliklerimiziň hemmesini doldurar, Ol biziň Ekleýjimizdir.

Iki gün geçenden soň, bize garaşylmadyk sowgat garaşýardy. Işdeşlerimiň biri meniň çalşygym wagtynda edara geldi. Bu adaty zat däldi, şonuň üçin men ondan: „Sen bu wagt gelipsiň-le?" – diýip soradym.

Ol: „Men seniň bilen gürleşmek isleýärin" – diýdi.

„Sen näme aýtjak bolýarsyň?"

Ol maňa asudarak ýerde gürleşsek gowy boljakdygyny aýtdy. Biz biri-birimiziň garşymyzda oturdyk. Ol kellesini aşak goýberip: „Men saňa näme diýjegimem bilemok. Men näme etjegimi bilemok" – diýdi.

Men: „Gowusy näme bolanyny aýt" – diýdim.

Ol kiçiräk sumkasyny açdy-da, meniň şkafymdan alan zatlarynyň hemmesini görkezdi. Men öz gözlerime ynanmadym. Bu zatlary haçan hem bolsa bir wagt yzyna gaýtaryp berjekdikleri meniň kelläme-de gelmeýärdi. Men bu adam ýaly adamyň ogrydygy hakda asla pikir etmändim. Ol dindar adamdy, yzygiderli namaz okaýardy.

Ol: „Bular meniň seniň şkafyňdan alan zatlarym. Haýyş edýärin, olary al-da, hiç kime aýtma. Puly men häzir saňa gaýtaryp berip bilmeýärin, sebäbi çagalarym gaty syrkaw, olary lukmana görkezmeli boldum. Men ol puly saňa bölekleýin her aýda gaýtaryp bererin" – diýip düşündirdi.

„Bu zatlary sen özüňe alyp bilersiň, olar indi seniňki. Men saňa hat ýazanymda, ýalan sözlemedim. Hudaý maňa hemmesini gaýtaryp berer, puly hem alyber, Hudaýyň maňa hemme zady berjekdigine ynanýaryn. Eger men dogruçyl adam bolmadyk bolsam, onda gulpy döwlen şkafy açyk goýmazdym" – diýip, men oňa aýtdym.

Ol: „Mende bary-ýogy bir soragym bar. Men seniň aç-açan jogap bemegiňi isleýärin" – diýdi.

„Eýsem, men ozal seni aldapdymmy?"

„Ýok".

„Sen näme soramak isleýärsiň?"

„Sen edil mesihi ýaly gürleýärsiň: „Reb, Reb". Sen meniň agaç

ussasy bolan goňşym Gefresden mydama eşidýän sözlerimi we jümlelerimi aýdýarsyň. Ol mesihi“.

Men: „Öz zatlarymy ogurlandyklaryny görenimde, mende iki ýol bardy. Biri „Pulsuz ölen adam görgülidir“ we „siziň hiç biriňiz mylaýym, ejem ogly bolmaň-da, kanun boýunça öz zadyňyz bolan zady alyň-da, hiç zada üns bermäň“ diýýän Hadysdaky ýaly, gahara gahar, dişe diş bilen jogap bermekdi. Ikinjisi: ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermezlik we ar almazlykdy. Eger kimdir biri maňa azar berip, sud üsti bilen meniň köýnegimi aljak bolsa, men oňa donumy-da bermeli. Seniň pikiriňçe, şu saýlawlaryň haýsy gowy?“

„Ikinji ýol, elbetde, has gowy“ – diýip, ol boýun aldy.

„Men şony hem etdim. Men munuň ýaly hereketleriň yslamdan, mesihilikden ýa-da iudaizmden gelip çykandygyna garamazdan, söýgini we ýürekdeş gatnaşyklary saklamak üçin özümi şeýle alyp bardym. Edilen hereketiň özi – bu wajyp zatdyr. Eger şunuň ýaly hereketleri men yslamda tapan bolsam, onda şoňa laýyklykda hem, ikirjiňlenmän şeýle ederdim“

Ol: „Sen muny nireden aldyň? Bu zatlary nireden öwrendiň?“ – diýip sorady.

„Muny saňa soňrak aýdaryn. Sen häzir tolgunýarsyň. Dynç alanyňdan soň, belki, bir-iki günden, belki-de, bir aýdan soň, men seniň bilen öz pikirlerimi paýlaşaryn. Eger bu barada ýene bir zatlar seni gyzyklandyrýan bolsa, ikirjiňlenip duramok, saňa gürrüň bererin“

Iki hepde geçenden soň, işdeşim öz çalşygyny tamamlap, meniň ýanyma geldi. „Indi men köşeşdim. Meni seniň bilimiň çeşmesi gyzyklandyrýar, sen maňa gürrüň bermäge söz berdiň“.

Men: „Ertir görşeris, şonda men saňa islän zatlaryň hemmesini gürrüň bererin“ – diýdim.

Ertesi gün ol maňa duş gelende, ýene şol bir soragy berdi. Men oňa: „Ýekeje minut“ – diýdim. Men Mukaddes Kitaby alyp: „Eger bu zatlary nireden bilendigimi, dogrudanam, bilmek isleseň, şu Kitaby oka“ – diýip düşündirdim.

„Bu Mukaddes Kitap-la, Hudaý saklawersin“.

„Hawa, bu Mukaddes Kitap. Eger senem meniň bilýän zatlarymy bilmek isleýän bolsaň, ony oka. Eger isleseň, ony alyp bilersiň, ýöne isleýän islemeýäniňi özüň çöz“.

Ol Mukaddes Kitaby eline aldy-da, elinde uzak wagtlap aýlap we oňa haýran galma bilen seredip durdy. Ahyrsoňy ony sumkasyna salyp, gitmek üçin ýokary galdy.

Men oňa: „Eger bir zat saňa agyr düşse, onda menden soraý“ – diýdim.

Ol iki hepdäniň dowamynda meniň ýanyma soraglar bilen geldi durdy we men onuň durmuşynda uly özgerişleri görýänçäm, Mukaddes Kitaby okamagy dowam etdirdi. Ol Mukaddes Kitaby has gowy gördi.

Bir gezek ol: „Bu Mukaddes Kitap – ullakan gowulykdyr. Ony okap başlalym bäri, aýalym bilen gatnaşyklarymyz gowulaşdy, aramyzdaky agzalalyk ýitdi“ – diýdi. Men oňa: „Özüň näme etmelidigiňi biler ýaly, okamagyňy dowam etdiriber“ – diýdim.

Ol tutuş Mukaddes Kitaby örän tiz okap boldy. Bir gezek ol meniň ýanyma gelip, menden özüne Hudaýa mesihilik doga edilişini öwretmegimi sorady. Ol onuň nähilidigini bilmek isleýärdi. Men oňa Hudaýa doga etmäniň belli bir görnüşiniň ýokdugyny aýtdym. „Islendik görnüşde doga edip bilersiň“.

Üç aý geçenden soň, ol gelip meni mylaýymlyk bilen gujaklanda, gaty haýran galdyrdy. Ol menden nädip suwda çokundyrylmalydygyny sorady. Meniň dostum Rebbi kabul etdi, şonuň üçin indi bütin maşgalasyna ak pata bolup ýör. Men begendim. Men Hudaýyň, dogrudanam, özümi Öz üzümçiliginde işlemeklige we Öz sürüsiniň goýunlarynyň biri üçin işlemeklige saýlanyny duýdum. Adamlary azaşmaklyga ýa-da aldawa däl-de, eýsem, gutulyşa hem ebedi ýaşaýşa alyp barýanlaryň biri bolmaklyk – bu artykmaçlykdyr. Geçmişde men adamlara azar berdim we olary ýok etdim. Reb, Halasgär Isa Mesih bilen işleşmek welin, nähili ajaýyp eken!

Men ömrümde birinji gezek öz ýurdumy we halkymy söýýändigimi duýdum. Bagyşlama we çydam etme maňa ýaraýar. Men, dogrudanam, başga adam boldum. Köp adamlary Mesihe getirmek, sürüden azaşan goýunlaryň ençesini gaýtaryp getirmek üçin Hudaý meni ulandy. Mundan başga-da, telim ýagdaýlarda men öz häsiýetimde geçmişdäki menden galan häsiýetleri gördüm.

Köneden galan zatlar bilen bilelikde men şeýtanyň öz tenime we ruhuma garşy eden ençe hüjümlerine duş geldim.

Bir gezek men kiçijik awtobusda öz maşgalamy görmäge gitmekçi boldum. Men sürüjiniň ýolagçylary çagyryp, öz ýerlerine geçmelidigini aýdýanyny eşitdim. Men awtobusa girdim welin, ol maňa üç adama niýetlenilen oturgyçda oturmagy teklip etdi. Ol ýerde men dördünji adamdym. Meniň ýanymda semiz, sakally, berk dindar adam oturdy, onuň ýanynda perenjeli aýaly oturdy. Bu adam maňa dostluksöýüjilik bilen garamaýardy. Ol maňa seretdide, hiç hili ýer goýmady diýen ýalydy. Men muny görenimde, awtobusdan düşdüm. Sürüji näme bolanyny sorady, menem maňa ýeriň ýokdugyny aýtdym. Ol ýeriň dört adamlykdygyny aýtdy-da, şyhdan süýşüp, maňa ýer bermegini sorady. Ýöne men aýalyny biynjalyk etmez ýaly, şyhyň öz ýanynda biriniň oturmagyny islemeýändigini duýdum. Men düşüp, olaryň ýanynda hiç kim oturmaz ýaly, düşüp dördünji ýeriň bahasynam töledim. Men sürüjiden onuň aýalyny hiç kim biynjalyk etmez ýaly, olara oturgyçlaryň hemmesini bermegini soradym Şyh muny bildi, şonuň üçin onda birden mylakatlylyk peýda boldy. Ol meniň özleriniň ýanynda oturmagymy talap etdi durdy. Men beýle zerurlygyň ýoklugyny, özümiň olary gysmagymyň mümkindigini aýtdym, emma ol meniň özleriniň ýanynda oturmagymy sorady durdy.

Awtobus birazajyk aralygy geçenden soň, ol adam maňa garaşylmadyk soragy berdi: „Siz musulmanmy ýa-da mesihi?“

„Muny bilmek size nämä gerek?“ – diýip, men jogap berdim.

„Men ýöne bir biljek bolýaryn“.

„Men mesihi“.

„Gynanýaryn, eger siz musulman bolan bolsaňyz, siziň hereketiňiz has uly zady aňladardy“.

„Siz meni tanaýarsyňyzmy?“ – diýip, men ondan soradym.

„Ýok“.

„Menem sizi tanamok“ – diýip, men belledim. „Ýöne siz, nähili pikir edýärsiňiz, men muny siziň üçin etdimmi?“

„Aý, bilemok“.

Men oňa biziň Mukaddes Kitabymyzda hemmeleri, hatda, göwnümize degenleri-de söýmelidigini duýdurýan tekstiň bardygyny

aýtdym. „Siziň özüme nähili gödek daranyňyzy men duýdum, şonuň üçin men biziň hemmeleri, özümizi ýigrenýänleri-de, nähili söýýändigimizi size görkezmek isledim. Men özümi başgaça alyp baryp bilemok“.

Ol: „Sizde Kitap barmy?“ – diýip sorady.

„Hawa“.

„Siz Hudaýa doga edýärsiňizmi?“

„Biz başga kime doga edeli?“ – diýip, men jogap berdim.

„Men siziň Gurhanyň aýdyşy ýaly, Mesihe, ruhanylara, monahlara doga edýändigiňizi bilýärin“.

„Siziň biz hakda bilýän zatlaryňyzyň hemmesi hakykat däl. Ýogsam, siz meniň hereketimi gowy görmezdiňiz. Mende teklip bar“.

„Nähili?“ – diýip, ol sorady.

Men oňa Mukaddes Kitap berip: „Şu kitabyň içinde Köne Äht bilen Täze Äht bar. Eger göwnüňize ýarasa, onda gowy, eger ýaramasa, onda siziň ýitirýän zadyňyz ýok“ – diýdim.

Men oňa Mukaddes Kitap berdim, şeýdip, biz soňrak duşuşmak hakda gürleşdik. Biz onuň soraglary hakda gürleşmek üçin her hepdede duşuşdyk. Mundan soň, onuň bilen ikimiz bile Hudaýa doga edip başladyk. Onuň aýaly bilen dawasy bar eken, şol sebäpdenem, olar aýrylyşjak bolup ýören ekenler. Men oňa aýrylyşmanyň Hudaýyň islegine garşydygyny aýtdym. Biz onuň aýaly üçin Hudaýa doga etdik. Şondan soň, olaryň öýüne parahatlyk geldi, olar biri- birine ýakyn boldular. Men mesihiligiň adamlary aýyrman, olary ýakynlaşdyrýandygyny düşündirdim-de: Injilden:

„Imansyz ärde özüniň imanly aýaly arkaly gutulyşa eýe bolma umydy bardyr“ – diýen aýady aýtdym.

Meniň dostum Mukaddes Kitabyň öwredýn zatlarynyň hemmesini şatlyk bilen kabul etdi. Reb onuň öýüne girdi-de, asudalyk hem ak pata getirdi. Men öz gürrüňimi tamamlamak islemeýärin. Bu tükeniksiz taryhdyr.

Gysgaça aýtsam, Hudaý maňa ýaşaýşy sowgat hökmünde berdi. Eger biz saýlawyň beýleki mümkinçiliklerine garasak, weýrançylykdan we günäden başga hiç zadam tapmarys. Hudaý biziň günälerimizi indi ýatlamaýar. Biz azatlykdan lezzet alýarys,

sebäbi bizi Ogul azatlyga çykardy, bizem, hakyky azat adamlar boldduk. Bu duýgy meni ömrümde birinji gezek doldurýar. Geçmişde ölüm ýigrenji gorkunç görnüş bolupdy. Men ölümiň we hökümiň gynamalaryndan gorkýardym. Indi bolsa, men size, meniň gadyrdan okyjym, „Özüne ynanylanlary aýamaga, goramaga ukyply bolan Hudaý bilen tükeniksiz, gymmatly, gudratly täze duşuşyklara çenli hoş gal“ – diýýärin.

Siziň
*Paweliňiz*

# Jemleme

Meniň gadyrdan doganlarym!

Siziň okan zatlaryňyz biziň hyýalymyz arkaly ýazylan roman däl. Bu hakykat. Biz bulary başdan geçirdik: bu biziň durmuşymyz. Biz tanamaýan Mesihimiz hakda ýazmaýarys, ýöne öz gözlerimiz bilen gören..., ellerimiz bilen tutan... aklymyz bilen düşünen... ýüreklerimiz bilen kabul eden zatlarymyzy gürrüň berdik.

Biz suratymyzy, salgymyzy, atlarymyzy görkezip bilmeýäris, sebäbi Reb hem Halasgär Isa Mesihe ynanmakda azatlyk bolmadyk ýurtda ýaşaýarys. Şeýle-de bolsa, goý, Mesihe dil ýetirilýän we Ony Reb hem Hudaý hökmünde ykrar etmekden ýüz öwrülýän ýurtlardaky adamlar müňlerçe adamlaryň Onuň öňünde dyz epýändiklerini we Isa Mesih üçin ýaşaýandyklaryny bilsinler.

Isa Mesihe Reb hem Halasgär hökmünde iman etmeklik siziň göz öňüne getirişiňiz ýaly, kyn zat däldir. Ýöne bir Isa Mesihiň Hudaý hem Halasgärdigine iman edäýmeli, sebäbi Ol ýeke-täk ýol, hakykat we ýaşaýyşdyr. Ondan başga hiç kim ýok we başga hudaýlaram ýok.

Öz günäleriňiziň hemmesine, tekepbirligiňize we özüňize päsgel beren zatlaryň hemmesine toba ediň.

Durkuňyz bilen Onuň üçin ýaşama kararyna özüňiz geliň, Onuň öz ýüregiňiziň niýetlerini we häsiýetiňizi üýtgetmegine ýol beriň. Ol sizi garaňkylykdaky nur eder, siz ýeriň duzy bolarsyňyz.

Meniň gymmatly doganlarym, Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihiň bizi Öz yzyna gullar kimin eýermeklige mejbur etmeýändigini bilmegiňizi isleýärin. Ol biziň meýdançalarda durup

ýa-da köçeleriň burçunda durup doga etmegimizi islemeýär. Ol biziň oraza tutýandygymyzy başgalaryň bilmegi üçin oraza tutmagymyzy islemeýär.

Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesih bar tekepbirlige, ýalana, galp hereketlere we ikiýüzlülige garşydyr. Ol biziň kalbymyzdaky gizlin islegleri we şahsyýetimiziň içki hakykatyny görýän Hudaýdyr. Ol siziň çyn ýürekden iman etmegiňizi, gizlinlikde oraza tutmagyňyzy we Hudaýa doga etmegiňizi isleýär.

Siziň Onuň bilen saklaýan gatnaşyklaryňyz – bu şahsy işdir, bu ýöne bir boş, ýasama çagyryş däldir.

*„Adam bütin dünýä eýe bolubam, janyna zelel ýetirse, oňa mundan näme peýda bar?“ (Matta 16:26)*

*„Diläň, size berler; agtaryň, taparsyňyz; gapyny kakyň, size açylar. Çünki dilän alar, agtaran tapar, gapy kakana açylar“ (Matta 7:7).*

# Mazmuny

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5
Metjidiň öňündäki toba geliş . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
Bereket tap, Müsüriň halky . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
Perenjäniň Aňyrsynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
Mesihiň Watanyndan Size Hat Ýazýaryn . . . . . . . . . . . . 38
Isanyň Saýlanlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 45
Mesihilikden Yslama, Soň Mesihe . . . . . . . . . . . . . . . 48
Men Ölüdim, Emma Indi Direldim . . . . . . . . . . . . . . . . 53
Meniň Hudaýy Tanaýşym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
Jemleme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 137

